ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ ÝOKARY WE ÝÖRITE ORTA

BILIM MINISTRLIGI

BERDAK ATYNDAKY GARAGALPAK DÖWLET UNIWERSITETI

FILOLOGIÝA FAKULTETI

FILOLOGIÝA (kazak tili, turkmen tili) KAFEDRASY

# DAŞARY YURT EDEBIÝATY

## PREDMETI BOÝUNÇA LEKSIÝA KURSY



DÜZEN AWEZKLYÇEWA S.

N Ö K Ü S - 2016

# Gadymy ýunan edebiýatynyň başlanyşy we ilkinżi nusgalary. Gomeriň «Iliada» we «Odisseýa» dessanlarynyň mazmuny we çeperçiligi.

## Işiň meýilnamasy:

1. Gadymy grek ýazma edebiýatynyň peýda bolmagy.
2. Gadymy grekleriň ilkinżi ýazyży we şaxyrlary.
3. Gadymy grek edebiýatynyň ilkinżi nusgalary.
4. Gadymy ýanan xudaýlary we olaryň wezipeleri.
5. Mifler xakynda maglumat.
6. Gomer dessanlary we olaryň çeperçiligi.
7. Edebiýat ylmynda Gomer meselesi.

**Daýanç düşünjesi:** Antik sözüniň manysy. Grek medenieti we edebiýaty. Gadymy grekleriň dünýä akyl etirişi. Ilkinżi ýazuwly edebiýat. Mifler xakynda düşünże. Mifologiýa we onuň xäzirki zamanda öwrenilişi. Mifleriň çeperçiligi.Ýananlaryň mifiki şaxyrlary. Ýanan edebiýatynyň beýik söz ussady Gomer xakynda maglumat. Edebiýatda Gomerler ýa-da Gomer meselesi. «Iliada» we «Odisseýa» dessanlarynyň çeperçiligi.

Gadym-gadym zamanlarda takmynan mundan 2700-2800 ýyllar öň Ewropa topragynyň kiçi döwletlerinden biri Ýananstanda ýagny Gretsiýada ýazma çeper dörediżiligiň ilkinżi nusgalary ýüze çykyp başlaýar. Gretsiýada dogulyp soňra ösüşiň esasy ýoluna düşen bu edebiýat biziň eramyzdan öňki III asyrda Rim medenietiniň emele gelmeginde we ösmeginde xem uly rol` oýnaýar. Er ýüzinde ine şu iki xalkyň döreden medenieti, sungaty we edebiýaty antik medeniet, antik edebiýat diýip atlandyrylýar. Latyn dilindäki "antik" (antigus) sözüniň manysy "gadymy" diýmekdir. Emma bu atlandyrlyşyň Grek we Rim edebiýatlaryna degişli edilişi xakykata ýaky däl, çunki medenetiň asyl sallançagy gündogar döwletleri bolan, Müsür, Eýran, Xytaý, Xindistan, Babyld ýaly döwletlerde döredilýär. Ýöne Grek -Rim żemgyetiniň sungatda we edebiýatda ullanyp gelýän "antik" sözüni diňe Ewropa degişli edip düşünmek mümkin, sebäbi Ewropa xalklary özüniň medeni ösüşiniň ýollarynda diňe Grek-Rim medenieti bilen baglanyşykly bolanlygy üçin şu xalklaryň döreden medeni we ruxy baýlyklaryny iň gadymy diýip bilipdirler. Xakykatdan xem Grek edebiýaty xiç bir xalkyň edebiýatyna daýanmazdan, özbaşdak emele gelen edebiýatdyr. Grek xalky ynsan aňynyň etişdirimegi mümkin bolan äxli ruxy azyklarynyň toxumyny öz elleri bilen ekip, ýokary xasyl alypdyrlar.

Xäzirki zaman edebiýat äleminde bar bolan çeper şekilleriň köpçüligi şol xalkyň dörediżiligidir.

Medeniet asmanynda indi ýaryşyp gelýän şol uzak geçmişde ýanan-rim xalklarynyň eli bilen gurulan beýik owadan we berk medeniet binalary asyrlardan- asyrlara geçip, döwürler synagyna döz gelip, xenizler xem baş göterip dur. Xäzirki zaman Ewropa edebiýatynyň ażaýyp nusgalary xaçanlardyr unudylyp, diňe kadrlaryň mülküne aýlanyp galan, emma Gomer dessanlary, Sofokl tregediýalary tezeden teze terżimeler edilip, bütin dünýä boýança söýlüp okalýar.

Ýanan ýazuwly edebiýatynyň bize çenli etip gelen iň gadymy we eke-täk nusgalary "Iliada" xem-de "Odisseýa" dessanlarydyr. Bu meşxur eseri okan wagtymyzda, olaryň awtory xasaplanylýan Gomerden öň xem ýanan ilinde şaxyrlar bolupmy ýa-da ýok dien sowal öz-özünden ýüze çykýar. Bu soragyň żogabyny ilki bilen şu dessanlaryň özünden gözlemeli. "Iliada" we «Odisseýa» ýaly kämil çeper eserler, diňe uzak wagtyň edebi xereketiniň dowamynda emele gelýär. Odisseýa poemasynda batyrlyk xakynda dessan aýdan Demodak ýaly bagşylara duş gelýäris. Belkide bularyň aýdymlarynda Gomerden öňki ýaşap geçen şaxyrlaryň eserleri taryp edilendir.

Bulardan başgada Platon, Geradot, ýaly ägirtler Gomerden öň Orfeý dien örän uly şaxyryň ýaşap geçendigini xabar berýärler. Ýöne bu şaxyrlaryň ażaýyp eserleri xakynda aýdylýan rowaýatlardyr, efsanalardan başga taryx saxypalarynda ekeże-de setir saklanyp galmandyr.

Şol rowaýatlarda aýdylyşyna görä Orfeýiň aýdymlary xatda wagşy xaýwanlary xem geň galdyrypdyr. Derýalaryň akyşyny duruzyp, dagy-daşlary lerzana getirýär eken, göýä şaxyr bir güni ol dünýä baryp şol erdäki bixesip xudaýlaryň xem dillerini weýran edenmişin.

Ýanan xalkynyň arasynda örän giňden ýaýran rowaýatlarda Orfeýden başgada birnäçe şaxyrlar, Muze, Ewmoly, Tamir, Olen we başgalar aýdyp geçilýär.

Äxli xalklaryň taryxynda bolşy ýaly Ýanan edebiýaty xem kämil xalk dörediżiligi esasynda emele gelýär.Ýöne xalk dörediżiliginden gaty az nusgalar saklanyp galan xem bolsa ilkidurmuş obshina gurluşy döwürlerinde Ýanan xalkynyň birnäçe dörediżiligi, ertekileri, nakyllary, matallary, tapmaçalary, aýdymlarynyň bolandygyny anyklamak mumkin. Bize mälim boluşy ýaly kollektiwleýin dörediżilik esasynda emele gelen ilkidurmuş obshina gurluşygynyň agzeki edebiýaty, şu żemgyetde ýaşan adamlaryň tebigat xakyndaky düşünżelerini beýan edýär. Tebigatyň ýyldyrym, gök gürlemesi, er titremesi, buran, tupan, ýangyn, aýyň we günüň tutulmagy ýaly gorkunçly xadysalarynda ýaşan ilkidurmuş adamsy şu xadysalar sebäbini bilmezden, tebigatdan näxilidir bir "Syrly" xadysalary agtarypdyrlar. Şoň ýaly xyýaly düşünżelerden emele gelen efsanalary **mifler**, olaryň ýygyndysyny bolsa

**mifologiýa** diýip atlandyrlypdyr. Ażaýyp poetik zexin bilen döredilen mifler Ýanan edebiýatynda örän köpdir. Ýanan mifologiýasynyň müňlerçe ýyllar taryxy bar. Şu uzak ýyllaryň dowamynda adamlaryň aňynyň ösmegi bilen mifler xem ösüşe sezewar boldy. Ýanan adamlary ilkidurmuş obshinasynda ýaşar ekenler, daş töwerekdäki tebigat xadysalarynyň xemmesini żanly diýip kabul edip şolara siňipdir, olardan medet diläpdir we ýowuz güýçleri eňmekde kömek sorap, gurbanlyk beripdirler. Umuman tebigat xadysalarynyň garşysynda ilkidurmuş adamsynyň güni uly gorky bilen geçipdir. Soňra bolsa ilki durmuş obshina gurluşynyň dargamagy bilen feodalçylyk gurluşyk ýüze çykypdyr we şol bilen birlikde gadymy adamlaryň dini düşünżeleri xem bütinleý dien ýaly özgeripdir. Indi olaryň teswiri bütinleý adam keşbinde bolan pelek xökmürowanlary we xudaýlary bolupdyr. Ýagny xudaýlar xem şalara meňzäp bütin tebigaty özleriniň mülküne öwrüp alypdyrlar. **Zews** - ýyldyrymyň we bulutlaryň soltany. **Poseýdon** – deňizleriň xöküмdary. **Aid**- axyrediň xany, **Gera**- Zewisiň aýaly xudaýlaryň melikesi asman xudaýy, göwreli aýallaryň, gelin giewleriň arkadagy. Zewisiň birinżi aýaly Geradan we başga xudaýlardan bolan çagalary ikinżi dereżeli xudaýlar xasaplanýar.

Olar aşakdakylardyr, Geradan doglan birinżi ogly **Gefest** odun xudaýy, demirçiler piri, ikinżi ogly **Arest** - ganly uruşlaryň xudaýy, Onuň dogany **Artemida**- baýyrlaryň tokaýlaryň, we onda ýaşaýan żandarlaryň xudaýy, ýadamany bilmeýän ażaýyp syýaxatçy.

Zewisiň beýnisinden dunýä gelen dana we akylly **Afina** - şäxerleriň xudaýy, Soltanyň gözel gyzy **Afrodita** we onuň ogly **Erot**- söýginiň, gözelligiň xudaýlary, perizat Maýýadan doglan ogly **Germes** xudaýlaryn żarçysy, ölenleriň ruxyny axyrede eltiżi söwdagärler we syýaxatçylaryň xudaýy bolupdyr. Xer güni eriň ýüzinden giżeligiň göterilmegi bilen dört sany uçýan at goşulan atly araba münip faza perwaz ediżi **Gelios**- güniň xudaýydyr.

Älemiň ine şu 12-sany xöküмdary we olar bilen birlikde ene-de birnäçe xudaýlar ebedilik, bagtyýarlyk bagyşlaýan nektarlar içip, altyn okaralarda amwroziýa tagamyny iýip, gözel perileriň tanyslaryny tomaşa edip, Olimp daglarynda ýaşapdyrlar. Ýöne ynsanlara maxsus käbir xäsetler olarada degişli bolupdyr. Säxelçe zadyn üstünde gox turuzyp uruş götermek olaryň durmuşynda çalt-çaltdan ýüze çykyp durupdyr. Mysal üçin Zewis öz aýaly Gerany er bilen asmanyň arasynda asyp goýup üç giże gündizläp ýyldyrym bilen urupdyr, eżesiniň arkasynda dużak bolan Gefesi Olimp dagyndan iterip goýberipdir we biçäre demiriň xudaýy bir ömür maýyp bolup galypdyr.

Umuman xudaýlar ynsanlara ekde seýrek kömek edip bilselerde köpinçä olaryň başyna düşen kynçylyklara biperwaý garapdyrlar. Xudaýlary adam keşbine ýakyn edip suratlandyrmak öz nobatynda mifologiýany xakyky durmuşa ýakynlaşdyrýar, we onuň obrazlaryna

xakykylyk bagyşlaýar. Ýanan mifololiýasy ýanan sungatynyň diňe bir xazynasy däl-de şeýle xem onuň zemini bolupdyr.

## Gomer dessanlary.

Öňde aýdyp geçişimiz ýaly, gadymy Ýanan ýazuwly edebiýatynyň bize çenli etip gelen eke-täk nusgalary. “Iliada” we “Odisseýa” dessanlarydyr. Gomer atly uly şaxyryň ady bilen bagly bolan xer iki poemanyň mazmuny Troýa efsanalaryndan, ýagny ýananlar bilen troýalylyryn arasynda bolup geçen uruş rowaýatlaryndan alnandyr.

Troýa şäxeri xakykatdan xem Kiçi Aziýada Dardanel bogazynda erleşen gadymy şäxerlerden biridir, Alymlaryň aýtmagyna görä Ýananlaryň Troýalylaryň üstine basybalyżylykly söweş etmekleri taryxy waka bolup, eramyzdan öňki XIII-XII asyrlarda bolup geçipdir.

Rowaýatlarda xekaýa edilişine görä Troýa şazadasy Parisi Sparta patyşasy Manelaý öýine myxmançylyga çagyrýar.Manelaý Parise xezzet - xormat edýär, onuň şanyna toý tutýar. Şol toýlaryň birinde Paris Maneleýiň aýaly Elenany görýär we onuň xusny żemalyna aşyk bolýar. Parisiň boýy-syraty üstündäki gündogar lybaslary Elenany xem özüne çekýär. Günleriň birinde Maneleý uzak ýarda syýaxata gidende Paris Elenany ýoldan urup bir topar mal-dünýä bilen öz ýardyna alyp gaçýar.

Syýaxatdan gaýdyp gelen Manelaý myxmanynyň bu eden işine gaxary gelip, aýalynyň xyýanatyna namys edýär. Manelaýyň xaýyşyna görä bütin Ýanan ülkesinden ýygnanan patyşalar, Manelaýyň agasy Miken patyşasy Agememnony serkerde goýap birnäçe gämilerde Troýa şäxerine basdyryp barýarlar. Ýanan leşgerleriniň arasynda şol döwriň uly pälwanlary we şolaryň arasynda Ýananstanyň beýik baxadyrlaryndan biri Axil (Axilelles) xem bardy. On ýyl dowamynda Ýanan leşgerleri Troýa şäxerini gamagda saklaýar. Soňra bolsa aldaw ýoly bilen onuň içine girýärler we şäxeri ýakyp iberýärler, bütin şäxer adamlaryny gylyçdan geçirýärler, Parisiň äxli baýlygyny talap Elenany alyp öz ýardyna gaýdýarlar. Ýöne yzlaryna gaýdanda olaryň başyna birnäçe agyr ýagdaýlar düşýär. Olaryň birnäçesi agyr ýol azabynda ölýär. Birnäçeleri bolsa deňiz tolkunlarynyň arasynda sergezdan bolup azap çekýärler. Ine şu uruş xakyndaky rowaýatlar toplumyndan Ýanan mifologiýasynyň “Troýa urşy efsanalary ” diýip atlandyrylýan görnüşi emele gelýär. “Iliada” we “Odisseýa” dessanlarynyň xem soýażeti şu rowaýatlardan alnandyr.

«**Iliada**» Gadymy Ýananlar Troýa şäxerini “Ilion” diýip atlandyrypdyrlar. Onda dessanyň «Iliada» diýlip atlandyrylmagyndan xem “Ilion kyssasy” “Ilionnama” diýilýän manylary aňlamak bolýar.

Emma bu at eseriň mazmunyna o dien bir täsir edip durmaýar, sebäbi dessanda esasan Ýanan Troýa urşundaky kiçiżek bir waka beýan

edilip we şol eke waka arkaly bu urşuň käbir xadysalaryna ýol-ugra durulyp geçilýär.

Iliada dessany 15700 setirden ybarat örän uly eserdir Gadymy alymlar Ýanan elipbiýiniň sanyna görä, poemany 24 sany baba, goşga bölüpdirler.

Eser ýazyp başlamazdan öň şaxyr ylxam perisine ýalbaryp, öz eseriniiň baş gaxrymany Axilliň gaxaryny beýan etmekde ondan medet dileýär. Poemanyň birinżi goşgysy şu gazabyň sebäbine bagyşlanýar.

## «Odisseýa»

Gomeriň ady bilen bagly bolan ikinżi eser “Odisseýa” dessanynda Troýa urşunyň baş gaxrymanlaryndan biri, Itaka patyşasy Odisseýin başyndan geçirenleri xakynda xekaýa edilýär. Troýa urşy gutarandan soňra Odisseý öz leşgerleri bilen gämilerine münip ýardyna gaýdýar. Emma ýolda Odisseýiň başyndan birnäçe wakalar geçýär.

Birnäçe kynçylyklardan soň Odisseý öz watanyna gowuşýar. “Iliada” dessanynda urşuň ganly wakalary xakda gürriň gitse “Odisseýada” gyzykly we żepaly başdan geçirmeler we maşgala xakynda söz ýöredilýär. Ýokarda aýdyp geçen iki eserimiz xem xalk agzeki dörediżiligi esasynda döredilen epopeýanyň ýagny batyrlyk xakynda xekaýa edýan gaxrymannamanyň klassik nusgasydyr. Emma bu eseriň çeperçilik dereżesi, sýażet gurlyşy, ilkidurmuş żemgyetiniň xalk dörediżiligine maxsus bolan ýönekeýlikden, sadalykdan örän ýokarydyr. Eserdäki gaxrymanlar köp bolmagyna garmazdan xiç biri biri-birine meňzemeýär xer xaýsysy öz xasieti bilen beýlekilerden tapawutlanýar.

Bu iki dessanyň arsynda örän uly tapawut bar “Iliadada” esasan uruş ganly wakalar “Odisseýada”bolsa ażaýyp başdan geçirmeler bilen maşgala durmuşy beýan edilýär. Xer iki poemada birnäçe aýallaryň obrazlary xem bardyr olaryň arasynda örän inçelik bilen suratlandyrylýan Andromaxa bilen Penelopadyr. Dessanlary okan wagtymyzda ilkidurmuş obşina döwrinde ýaryna wepaly ażaýyp zenanalaryň bolandygyny görüp guwanýarsyň. Bulardan başga Gomer öz zamanasynyň eňil xäsetli aýallaryny xem suratlandyrypdyr. Beýle obrazlary Elena, Kilitemnesrta ýaly aýallar obrazynda żemläpdir. Gomer dessanlarynyň esasy gaxrymanlary ine şulardan ybaratdyr.

Ewropa alymlarynyň aýdyşy ýaly “ilkidurmuş żemgyetiniň çagalyk döwri” üçin xas bolan sadalyk we ýönekeýlik eserdäki adamlaryň äxlisine degişlidir. Gomer żemgyeti, gul eeçiligi żemgyetidir we onuň eýýäm dargap başlan wagtydyr. Şol wagta maxsus zatlaryň xäsetleriň xemmesi poemada erleşdirilipdir. Gomerden soňky döredilen epik dessanlaryň xemmesi xaýsy efsanlar xakynda xekaýa edişlerine görä aýry-aýry tsikillere bölünýärler. Mysal üçin Troýa urşundan söz açýan dessanlar “Troýa tsikli” dessanlary, Fiwa şäxeri xakyndaky rowaýatlar- “Fiwa tsikli” dessanlary diýip atlandyrylýar. Şu printsip esasynda olaryň äxlisine “Tsikil dessanlary” diýip at berilipdir.

Tsikil dessanlaryndan kiçi bölekler saklanyp galypdyr. Alymlar bu eseriň birnäçesiniň biziň eramyzdan öňki VIII asyrlarda beýleki bir toparyny bolsa takmynan VI asyrlarda döräpdir diýip aýdýar. “Iliada” we “Odisseýa” dessanlary bolan tsikil dessanlarynyň bir topar ýakynlyklaryny göz öňünde tutup gadymy grekler uzak ýyllar dowamynda olary Gomeriň ady bilen baglapdyrlar. Soňra bu eserleriň Gomeriň ady bilen baglylygy ret edilipdir.

Ýokarda seredilip geçilen iki dessanyň ikisi xem xalk döredižiligi esasynda döredilen, batyrlyk xakynda xekaýa ediži gaxrymannamanyň klassyk nusgasydyr. «Iliada» xem-de «Odisseýa» dessanlarynyň çeperçilik derežesi, sýažet gurluşy ilkidurmuş žemgyetiniň xalk doredižiligine degişli ýönekeýlikden, sadalykdan ýokary durýar. Ilki bilen poemanyň mazmuny diňe bir gaxrymanyň töwereginde aýlanman, eýsem, ekeže bir wakanyň töwereginden aýlanýar.Meselem, «Iliada» poemasynda awtoryň bütin ünsi eseriň baş gaxrymany Axilliň gazabyna garadylyp, galan wakalar ana şol gazap bilen baglylykda teswirlenýär. Şunun bilen birlikde on ýylyň wakalary diňe elli güniň içine sygdyrylan.

Gomeriň döredižilik usuly realistik usuldyr.Eserleriň ikisinde xem gadymy ýanan durmuşy aýdyň suratlandyrylan. Dessanlarda şeýle wakalar, meselem, Gektoryň öz aýaly Andromaxa bilen xoşlaşyşy, Priamyň Axilliň ýanyna gelişi, Odisseý bilen Penelopanyň duşuşygy, ikinži dessanyň bäşinži babyndaky tupan teswiri we ene-de birnäçe görnüşler bar, olar ynsanyň ruxyý ýagdaýlaryny, tebigat xadysalaryny beýan etmekde dunýä edebiýatynyň uly sungat ýadygarlikleriniň xataryna girýär. Gomeriň gaxrymanlary näçe köp bolsalarda olaryň xiç biri biri-birine meňzemeýär, xer biri öz xäsieti bilen beýlekilerden tapawutlanýar.

Soraglar we ýamuşlar.

1. Ilkinži ýanan ýazuwly edebiýaty xaçan ýüze çykypdyr?
2. Ýananlar tebigata näxili düşinipdirler?
3. Mifler näxili emele gelipdir?
4. Mif näme, mifologiýa diýip nämä aýdylýar?
5. Ýananlar näme üçin xudaýlary ere düşiripdirler?
6. Gomerden öň ýananlarda ýazyžylar bolupmy ýada ýok?
7. Gomer dessanlarynyň sýažetleri nirelerden alynan?
8. «Iliada» dessanynyň temasy we ideýasy?
9. «Odisseýa» dessanynda obrazlar sistemasy?
10. Dessanlaryň çeperçiligi xakda nämeler bilýäňiz?
11. «Troýa tsikli» efsanalary diende nämä düşünýäňiz?
12. «Fiwa tsikli» efsanalary näxili döräpdir?
13. Gomer dessanlaryndan xaýsy sizde gowy täsir galdyran bolsa şol dessanyň çeperçiligi xakda ýazmaly.

# Mowzuk.Ýanan edebiýatynyň attika döwri.
# V-IV asyrlarda Ýanan żemgyeti we medenieti.

Işiň meýilnamasy.

1.V-IV asyrlarda ýanan żemgyeti we medenieti.
2.Dramanyň emele gelmegi.
3.Ýanan teatrlarynyň xäsietli aýratynlygy.

Daýanç düşünżeleri.Bu döwürde ýanan żemgyeti, attika xökümdary, ýanan edebiýatynyň altyn döwri, dramanyň peýda bolmagy, ýanan teatrlary we olaryň aýratynlyklary. Dionis baýramçylyklary. Gadymy ýananlaryň teatr sungadyna bolan garaýyşlary.

Biziň eramyzdan öňki V asyr ýanan żemgyetiniň iň ýokary dereżä göterilip, gülläp ösen döwrüdir.Bu ösüş Eýran-Ýanan urşundan soňky Afina döwletiniň güýçlenmegi bilen baglydyr. Bu döwre Ýananlaryň «altyn asyry» diýilip atlandyrylýar. Afina özüniň ykdysady we medeni ösüşini esasan V-asyryň 50-30 ýyllarynda, ýagny döwleti Perikl dolandyran wagtlarynda etişipdir, şol sebäpli xem bu döwri köpinçä «Perikl asyry» diýip xem atlandyrypdyrlar. Perikl aristokrat maşgalasynda dünýä inýär we öz zamanasyna görä gowy bilim alypdyr. Perikl ylym, edebiýat, sungat bilimi bilen içgin gyzyklanypdyr, şol sebäpli xem äxli ylym adamlaryny, sungat işgärlerini Afina ýygnapdyr. Perikle ýakyn durup, onuň döwlet işine kömek eden beýik adamlaryň arasynda filosflardan Anaksagar, Sokrat, taryx ylmynyň atasy Geradot, uly tragik şaxyr Sofokl, ażaýyp xeýkeltaraş Fidiý we şular ýaly adamlar bolupdyr. Şol döwürde drama emele gelipdir. Gomer dessanlary bilen bir xatarda dramatik edebiýat ýananlaryň dünýä medenietine goşan bibaxa goşandydyr. Drama sözüniň manysy «Xereket» diýmekdir. Dramanyň emele geliş taryxyny gadymky zaman alymlary xem xäzirki döwrüň alymlary xem diniý baýramçylyklar bilen baglanyşdyrypdyrlar. Ýanan dramaturgiýasynyň äxli görnüşleri- tragediýa, komediýa, xem-de setirler dramasy esasan xem Dionis baýramçylyklary esasynda emele gelipdir.Efsanalarda aýdylyşyna görä Dionis Zews bilen Semela dien gyzdan dünýä inipdir.Dionis dünýäni aýlanyp ýörkä adamlaryň gamgyn xalyny görýär we olara kömek etmek maksady bilen xudaýlaryň naxary amwroziýany Olimp dagyndan alyp gaçýar, muny duýan Olimp xökmirowanlary Dionisiň yzyndan çapar ýollaýar.Dionis naxary ere gömüp gaçýar we wagtyň geçmegi bilen ol erden agaç ösüp çykýar we onuň ýakut ýaly miweleri adamlara şatlyk paýlaýar. Oglundan göwni galan Zews ony bir ömre ere sürgün edýär.Dionis er ýüzünde köp kynçylyklary görüp axyr soňy dünýäden ötüpdir. Oglunyň ölüminden soň kakasy onuň günälerini geçipdir we Olimp xudaýlarynyň arasyna alypdyr.Pelege göterilmezden öň xer ýyl iki gezek öz şanyna baýramçylyk geçirmekligi Dionis adamlara wes`et edipdir, şol wagtlardan bäri bu gözel xudaý xasyldarlygyň, şerabyň we şatlygyň xudaýy bolupdyr.

Dionis baýramçylyklary gadym zamanlarda örän wagşyýana geçirilipdir. Xudaýa ynanýanlar ot ýakyp, fleýta çalyp, topar-topar bolup zikir aýdypdyrlar. Olar üstlerine xaýwanlaryň derisine ýapyp, kellelerine şax goýapdyrlar we baýramçylyk ýokary dereźä etende gurbanlyk źanlylaryny tilke- para edip çigleýin iýipdirler. Wagtyň geçmegi bilen ilki baxar günleri, soňra güýzde ýagny üzümleriň xasyly ýygnalynýan we ondan täze şerap edilýän wagtlarynda bu baýramçylyk indi örän uly şatlyk we oýan- gülki bilen geçirilipdir.

Tragediýa göniden –göni Dionis baýramçylyklary bilen bagly bolanlygy üçin we şatlygyň xudaýyna bagyşlanan difiramb kasydalardan gelip çykanlygyna Aristotel` xem şübxelenmändir we bu xakda «Poetika» eseriniň dördünźi babynda gowy pikirleri orta atypdyr. Beýik filosfyň aýtmagyna görä xatda «tragediýa» sözüniň özi xem Dionisiň şaxsyeti bilen mäkam baglydyr. Bu at trago we ode dien iki sözden ybarat bolup, «geçileriň aýdymy» dien manyny bildirýär. Örän gadym zamanlarda ýananlar Dionisi teke keşbinde göz öňüne getiripdirler. Şu nukdaýnazardan seredenimizde Aristoteliň pikiri gaty dogrydyr.Aristotel` komediýanyň emele geliş taryxyny xem Dionis bilen baglaýar. Dramanyň äxli görnüşleri dini baýramçylyklar esasynda emele gelendigi üçin gadymy ýananlar olara örän uly sarpa goýapdyrlar. Şeýle xem teatr tomaşalary döwlet äximietli möxüm syýasy we terbieçilikli çäreleriň biri bolupdyr.

Ýanan edebiýatynyň äxli źanrlary ýaly, targediýanyň mowzuklary xem esasan efsanalardan alynypdyr. Ilki bu mowzuklar diňe Dionis xakyndaky rowaýatlar bilen bagly bolup, şaxyrlar soňra beýleki efsanalardan xem peýdalanypdyrlar.

Ýanan teatrlary xäzirki zaman teatrlaryna düýbünden meňzemändir. Ilki bilen onuň göwrümi gaty uly bolupdyr we tomaşalar gündiz açyk xowada geçirilipdir. Arxeologlaryň berýän maglumatlaryna seredende Afina teatryna 17- müň adam sygypdyr. Soňra 40-50 müň adamlyk teatrlar xem gurulypdyr. «Teatr» sözüniň asyl manysy «görmek», «seretmek» diýmekdir. Ilki döwürlerde tomaşaçylaryň oturýan erlerini şu at bilen atlandyrypdyrlar.

Ýanan teatrlary özüniň iň beýik dereźä göterilen döwürlerinde xem, xäzirki zaman gözi blen seredende gaty ýönekeýźe bolupdyr. Aslynda dini baýramçylyklar esasynda emele gelen antik dünýä teatry köp tarapdan özüniň öňki däp-dessurlaryny saklap galypdyr. Sebäbi birnäçe asyrlaryň dowamynda ýanan we rim akterlary ýüzlerine nikab geýip oýnapdyrlar.

**Esxil.** Biziň eramyzdan öňki V asyryň ilkinźi ýyllaryndan başlanan syýasy we ykdysady wakalar- Ýanan xalkynyň ilkidurmuş düzüminden ýawaş-ýawaşdan synpy döwlete aýlanyp barmagy, ýartda demokratik xereketiň berkemegi, Eýran-Ýanan urşlaryndaky milli birlik we duşmanyň üstünden eňiş gazanmak, uruşdan soňky ykdysady we medeni gurluş öz beýanyny Esxiliň döredźiliginde tapýar.Esxile «tragediýanyň atasy» diýip at berýärler. Äxli ýanan edebiýatçylary ýaly Esxiliň xem ömrüne degişli maglumatlar taryx saxypalarynda gaty az saklanyp galypdyr. Şol sebäpli beýik dramaturgyň ömri xakynda doly maglumat bermek mümkin däl. Şaxyr takmynan 525-524 ýyllarda Eliwsin şäxerinde asylzada aristokradyň maşgalasynda dünýä inýär.

Ol etginżeklik wagtlaryndan uly-uly syýasy wakalaryň şaýady bolýar. Esxil eýranlylara garşy alynyp barylan söweşlerden xem çetde galmaýar. Ol Marafon we Plateýa şäxerlerinde, Salamin adasynda bolan urşlara gatnaşýar.Esxil demokratik düzüme żany-teni bilen ynanýar. Emma Afina döwletinde pul gatnaşyklarynyň gitdigi saýy güýçlenişi, puldar gatlaklaryň täsiriniň güýçlenmegi bilen, şaxyr demokratik gurluşyň adalatly düzümdigine şübxelenip başlaýar. Şol sebäpli xem şaxyr ömriniň soňky ýyllaryny watanyndan uzaklarda Sitsiliýada geçirýär we 456 ýylda Gela şäxerinde aradan çykýar.

**Esxiliň** döredižiligi gaty irte başlanýar. Rowaýatlarda aýdylyşyna görä şaxyryň etginżek wagtynda onuň düýşine Dionis girip, ony tragediýa ýazmaga ündeýär. Esxil ýigrimi ýaşynda birinżi gezek tragediýaçylaryň ýaryşyna gatnaşýar, emma eňiş gazanyp bilmeýär. Eňiżilik güldessesi oňa kyrk ýaşynda nesip edýär. Şondan soň onuň eserleri şaxyra ene-de on üç gezek eňiş getirýär.

Gadymy alymlaryň aýtmaklaryna Esxil örän köp eser ýazypdyr. Emma onuň 90 ýakyn tragediýadan ybarat baý edebi mirasyndan bize diňe edi sanagy gelip etipdir. Olar aşakdakylardyr. «Eýranlylar», «Fiwanyň edi duşmany», «Xaýyşgöýler», «Çüýlenen Prometeý», «Oresteýa», «Agamemnon», «Xoeforlar» xemde «Ewmenidalar» tragediýalary.

Bu tragediýalaryň «Eýranlylar»dan başga xemmesi mifologik mazmunda ýazylan bolup, şaxyr olary gadym zamanlarda Gomer eserleri diýilip aýdylýan tsikl dessanarynyň wakalaryndan alypdyr. Gadymkylaryň aýtmaklaryna görä, Esxiliň özi ýazan eserlerini «Gomeriň toýxanasynda dökülip galan owuntyklar» diýip atlandyrypdyr.

Bize etip gelen eserler az bolmagyna seretmezden, olarda beýan edilen pikir we ideýalar, şaxyryň ýanan edebiýatynyň taryxynda örän uly orun tutandygyndan derek berýär.

Esxiliň döredižiliginiň ilkinżi miwesi «**Xaýşgöýler**» tragediýasydyr. Eseriň wakasy patyşa Danaýyň elli sany gyzy xakyndaky «Danaidalar» efsanasyndan alnandyr.Danaidalaryň elli sany doganoglanlary, patyşa Egiptiň ogullary olary zorluk bilen gelin edinżek bolýarlar. Şazadalaryň bu boluşlaryny ýirgenen danaidalar atalary Danaý bilen birlikde pena gözläp Ýananstanyň Argos şäxrine, patyşa Pelagsyň ýardyna gelýärler.Pelags xorlananlara kömek bermäge taýýýar, emma pukaralaryndan maslaxatsyz iş etmäni dogy bilmäni olaryň xaýyşyny Argos iline mälim edýär. Xalk danaidalaryň xaýyşynya żany-teni bilen razy bolýarlar. Şol wagt Egiptiň ogullary xem etip gelýärler we gyzlara ilçi goýberýärler.Patyşa Pelags danaidalary goraakdygyny ilçä xabar berýär.Ilçi goşun çekip gelżekdiklerini aýdyp gidýär. Xowp yzda galan xem bolsa gyzlar nämedendir gaty gorkýarlar. Eseriň soňunda kenizekler xory Afroditanyň beýik gudratyny taryp edýärler.

«Xaýyşgöýler» tragediýasy aslynda üç bölümden ybarat bolup, onuň soňky bölümleri bize gelip etmändir.Emma danaidalar xakyndaky efsanalara seredende, ýigitler zorluk bilen daanidalary gelinlige alýarlar, emma namysżaň gyzlar toý giżesi ar alyp giewlerini öldürýärler. Diňe Gipermestra dien bir gyz

beýle agyr żenaýada el urmakdan gorkup adamsyny aman galdyrýar.Netiżede, mifiň axyrynda lewzinden gaýdyp, doganlaryna xyýanat eden Gipermestrany sud edýärler. Gipermestrany öz goragyna alan Afrodita söýgi, nika xakynda żoşgunly sözleýär we günäkäri aklaýar. Bu tragediýa dramatik gurluşy taýyndan örän ýöntemdir. Eserde esasy orun danaidalardan düzülen xora berilipdir.

**«Eýranlylar»** tragediýasy bize çenli etip gelen şu żanrdaky ýanan edebiýatynyň äxli ýadygärlikleriniň arasynda, döwrebap mazmunda ýazylan eke-täk eserdir. Eseriň esasy mazmuny ýakynda bolup geçen we Esxiliň göniden-göni gatnaşan Eýran-Ýanan urşunyň wakalaryndan alynandyr.

Waka Eýran şasynyň saraýynda bolup geçýär.Tagtyň wepadar garrylaryndan ybaratxor toplumy ýarduň beýikligi, patyşa Kserksiň ýolbaşçylygynda Ýanan urşuna giden san-sanaksyz eýran leşgeriniň gudraty xakynda aýdym aýdýar.Patyşanyň eżesi Atosso erbet düýş görýär.Xalk melikä xaýyş edip merxum äri patyşa Doriniň arwaxyny çagyryp ondan medet dilemegi xaýş edýär.Edil şu wagt Kserks leşgergäxinden bir çapar gelip. Salamin şäxerinde bolan gazaply söweşden xabar berýär.Bu söweşde Eýran floty derbi dagyn edilen bolýar.Eserdäki iň möxüm waka çaparyň xekaýasydyr.Bu xekaýada Afina demokratik düzümini we öz iliniň azatlygy ugrunda żan aýamadyk ýanan xalkyny taryp edilýär.Şundan soň melike Atossa Doronyň gabrynyň üstünde gurbanlyk öldirip, onuň ruxyny çagyrýar. Saraýyň adamlarynyň garşysynda peýda bolan Doro bu betbagytlygyň esasy sebäpkäriniň Kserksiň tekepbirligi we ata äxdini bozup xudaýlary xormat etmänligi üçin ýüz berendigini aýdýar.Doronyň ruxy Plateýa şäxerinde eýran leşgerleriniň mundan xem beter derbi dagyna ýolukżakdygyny aýdyp gözden gaýyp bolýar.Şol wagt saraýa Kserks girip gelýär. Onuň üstündäki şaxana lybaslary ýyrtylan, gynançdan diňkesi guran, agyr külpetden kaddy bükülen. Waka saraý äxliniň nalalary, axy-pyganlary bilen gutarýar.

«Eýranlylar» tragediýasy- Eýran-Ýanan urşuna bagyşlanyp ýazylan, emma bize çenli etip gelmedik trilogiýanyň ikinżi bölümidir.Dramatik gurluşy taýyndan bu eser oňki tragediýa ýaly mazmun tarapdan lirika bilen dramanyň arasyndaky bir eserdir.

«Eýranlylar» tragediýasy şeýle xem çuň watansöýüżilige ýagrulan eserdir.Şaxyr Afina döwletini Eýran döwletinden ýokary goýýar we duşmanlary eňmegiň birden-bir ýoly ýanan xalkynyň erkinliginde diýip gaýta-gaýta aýdýar.

**«Fiwanyň edi duşmany»** tragediýasy Edip xakyndaky mifden alynyp ýazylan trilogiýanyň üçinżi bölümi bolup, oňki iki kysmy- «Laý», «Edip» tragediýalary bize çenli etip gelmändir.

**Esxil** –beýik ynsanperwer şaxyrdyr. Ol zamanasynyň soňy gelmez ganly wakalaryndan başlap, ýanan şäxerleriniň arasynda bolan agzalalyklary, döwlet başynda duran adamlaryň öz peýdalaryna xereket edişlerini, uzak illere eden basypalyżylykly ýörişlerini, şol ýörişler netiżesinde xalkyň çeken azaplary şaxyrda uly gaýgyny oýardy.

Ynsan balasynyň agyr kysmaty, er ýüzündäki zulum we adalatsyzlyklara garşy göteriliş «Çüýlenen Prometeý» tragediýasynda güýçli beýan edilipdir.Bu eser diňe bir Esxiliň däl, eýsem bütin dünýä edebiýatynyň azatlyk we ynsanperwerlik şanyna diklenen beýik ýadygärlikdir. «Çüýlenen Prometeý» tragediýasy, «Xalas edilen Prometeý» xem-de «Ot getiriżi Prometeý» tragediýalary bilen goşulyp uly bir trilogiýany emele getiripdir. Emma soňky iki bölüm bize çenli gelip etmändir.

Esxiliň bu üç tragediýasynda xekaýa edilýän wakalaryň mazmuny gadymy Ýananstanda giňden ýaýran Prometeý efsanalaryndan alynandyr.Esxil Prometeýi näxili mäxir bilen teswir eden bolsa, onuň duşmany Zewsi şeýle nežis edip görkezýär.

Esxil xakykatdan xem tragediýanyň atasydyr.Onuň dörediżiliginden ilkidurmuş basgançagynda bolan dramatik edebiýat gysga wagtyň içinde çeper kämillik dereżesine göterildi.Esxil tragediýa ikinżi gaxrymany girizdi.Aristotel` özüniň «Poetika» eseriniň 4- babynda şaxyryň xyzmatyny edil şu nukdaý nazardan ýokary baxalap : «Esxil ilkinżi bolup aktýoryň sanyny ikä getirdi, xoruň roluny gysgaltdy, şeýle xem dialogyň ösmegine zemin ýaratdy», diýip aýtýar. Emma şaxyr özüniň ýaradan bu täzeliginden dorediżiliginiň ilkinżi döwürlerinde öräň sust peýdalanýar.

Esxil öz eserlerinde köpinçä xudaýlary, ýa-da xaýsy bir maksad ugrunda xereket edýän gaxrymanlary öz eserlerinde teswirläpdir.

Ewropa ýazyżylaryndan Mil`ton, Wol`ter, Gýote, Şiller, Şelli, Baýron we başgada birnäçe ýazyżylaryň gözlerini gamaşdyran we olara ylxam beren eser «Çüýlenen Prometeý» tragediýasy bolupdyr.

Soraglar we ýamuşlar.

1.Attika zamanasynda döwrüň ýagdaý näxili bolupdyr.
2.Perikl kim we onuň erine etiren işleri.
3.Afina döwletiniň altyn asyry xaýsy asry öz içine alýar.
4.Drama näxili emele gelipdir.
5.Dionis kim we ol näme üçin ere sürgün edilýär.
6.Ýanan teatrlary näxili bolupdyr.
7.Esxiliň ýanan edebiýatyndaky orny.
8.Esxiliň dörediżiliginiň aýratynlygyny düşündirip beriň.
9.Esxil dünýä edebiýatynda xaýsy eseri bilen yz galdyrýar.
10. Esxile Aristotel` näxili baxa beripdir.

Peýdalanylan edebiýatlar.

1.Kakażan Ataew.Daşary ýart edebiýaty. Aşg.1983 ýyl.
2.A.Alimuxammedow. Antik adabiet tarixi.Toş. 1975.

## Mowzuk. Gadymy ýanan tragikleri Sofoklyň we Ewripidiň ömri we döredižilik dünýäsi.

Plan.

1.Sofoklyň ýanan edebiýatyndaky orny.
2.Sofoklyň döredižilik dünýäsi.
3. Sofoklyň döredižiliginde mifler.
4. «Edip şa» tagediýasy.
5. Ewripidiň ýanan dramaturgiýasyndaky orny.
6. «Medeýa» tragediýasynyň ideýasy we temasy.

Daýanç düşunželeri.Sofoklyň ömrine degişli maglumatlar, onuň döredižilige girip gelişi, eserleriniň temasy we ideýasy, Edip şa tragediýasynyň ideýasy we mazmuny. Ewripidiň döredižilik älemine girip gelmegi. Eserleriniň temasy. «Medeýa» söýgi temasynda ýazylan ažaýyp tragediýa. Tragediýanyň temasy we ideýasy.

Grek tragediýasynyň ikinži sütüni Sofokl 496 ýylda Afina şäxeriniň ýanyndaky Kolon dien erde dünýä inýär. Onuň atasy gural bežerilýän kärxananyň eesi, döwrüniň örän baý we abyraýly adamy bolupdyr.Sofokl ýaşlygyndan örän gowy bilim alypdyr.Edebi doredižiligede gaty ir başlapdyr, 28- ýaşynda dramatikleriň ýaryşynda grek tragediýasynyň atasy sxiliň üstünden eňiş gazanypdyr.Rowaýatlarda aýdylyşyna görä, Esxil göýä namysa çydaman Afinany taşlap gidenmişin.Bu rowaýadyň ýalan bolmagy xem mümkin, sebäbi taryxda ýazylan käbir maglumatlara görä, Esxil bilen ýaş ýazyžynyň arsynda örän gadyrly gatnaşyk bolupdyr.

Sofokl Afinanyň ykdysady we syýasy işlerinede aktiw gatnaşypdyr. Ol Perikle ýakyn durup, birnäçe ýyl köşk xyzmatçysy bolup işleýär. Sofokl bütin ömrini şan-şöxratly we abyraýly geçirip 406- ýylda öz ýardunda aradan çykýar.

Gadymkylaryň aýdyşyna görä, Sofokl özüniň 60- ýyllyk döredižiliginiň dowamynda 120-den artyk eser ýazyp, 24-gezek dramaçylaryň ýaryşynda eňiži bolýar. Emma onuň xemme eserlerinden 7-sanagy gelip etipdir. Dünýä edebiýatynyň taryxyna Sofokl, esasan, Edip xakyndaky rowaýatlar esasynda ýazylan eserleri «Edip şa», «Edip Kolonda», «Antigona» tragediýalary bilen girp gelýär.

Fiwa tsiklinde Edip efsanasynyň gysgaça mazmuny aşakdaky ýalydyr.
Fiwa patyşasy Laý goňşysy patyşa Pelobyň öýünde birnäçe gün myxmançylykda bolup, onuň ogly Xrisippi ogurlap gaýdýar. Myxmanynyň şu dereže pesliginden azar çeken Pelob, xudaýlara ýalbaryp, özüne zulum edeni näletleýär. Aradan birnäçe ýyllar geçýär. Emma Laýyň perzende ýüzi düşmeýär.Bu ýagdaýdan xowatyrlanan Laý Del`fadaky Apollon ybadatxanasyna baryp, başyna düşen bagytsyzlygyň syrlaryny soranda, ybadatxananyň müftisi Pelobyň nalalarynyň xudaýlaryň xuzurynda kabul

bolandygyny aýdýar. Laýyň elbetde perzendi bolýar, emma ol öz atasyny öldirip, enesine öýlenýär.

Xakykyatdan xem köp wagt geçmänkä Laýyň aýaly Iokasta ogul dogurýar. Müftileriň çaklamasyndan gorkan Laý, çaganyň dabanyna neşter urýar-da, gullarynyň biriniň eline berip, Kiferon dagyna eltip taşlamagy buýrýar. Patyşa çagany ol erde ýyrtyży xaýwanlar ier diýip pikir edýär. Emma gulyň çaga ýüregi awaýar we ony şol dagyň eteginde mal bakyp ýören Korinf patyşasy Polibiň çopanyna berýär. Çopan bolsa çagany öz şasyna berýär. Perzentsiz Polib örän guwanýar we çagany ogullyga alyp oňa Edip diýip at goýýar. Aradan ýyllar geçip, Edibiň özi xem Korinf tagtynyň eesine, patyşa Polibiň we onuň aýaly Meroponyň perzendi ekenligine xiç xili şübxe etmäni ulalýar. Bir oturlyşykda dostlarynyň biri mes bolup onuň alyp saklanan ogul ekenligini aýdýar. Garaşylmadyk bu täzelik Edibiň kalbynda şübxe oýarýar.Patyşa bilen melikäniň sözleri xem oňa teselli bermeýär. Başyna düşen bu agyr meseläni çözmek maksadynda Edip Del`fa müridine maslaxata barýar. Mürit Edibiň kysmatynyň gaty agyrdygyny, ýagny ol öz atasyny öldürip, eżesine öýlenýändigini we bu nika netiżesinde birnäçe perzentleriniň bolýandygyny, atsynyň kesapatynyň çagalaryna xem urýandygyny aýtýar.Emma mürit bu syry açanda onuň ene-atasynyň kimdigini aýtmaýar. Bu xakykaty eşidip Edip agyr ýagdaýýa düşýär we bu ýowuz görgülikden näxili gutalżagyny bilmeýär.Edip meni şeýle mäxribançylyk bilen ulaldan atamy öldirip, eżeme öýlenýän bolsam onda men bu ýartdan ömürlik gidenim bolsun diýip baş alyp gidýär. Emma bu agyr kysmat Edibi terk etmeýär.Edip dogry Fiwa şäxerine barýan ýola düşýär. Uzak ýol ýöränden soň iki dagyň arasyndan gelýän arba duş gelýär, arabada garryrak bir adam bolup ony alty sany atly gorap gelýärdi.Arbanyň öňünden gelýän żarçy, susxalda gelýän ýolagça gygyrýar we gamçy bilen urýar. Bu näxaklykdan gazaplanan Edip żarçyny bir ýamrukda agdaryp geçip barýarka arabanyň içinde oturan adam xasasy bilen onuň kellesine urýar.Edip öňkiden beter gazaplanyp çalyň başyna taýak bilen şeýle bir urýar welin ol demde ölýär.Soňra başgalary xem öldirýär. diňe ekeże adam gaçyp galýar. Şeýlelikde tagdyryň islegi bolýar.Edip bilmäni öz kakasy Laýy öldirýär.Şu wakadan soň Edip ene-de ýola düşýär. Şeýlelikde Edip Fiwa şäxerine etip gelýär we şäxer xalkynyň gaty gamgyn xaldadygyny görýär. Bu erde adam kelleli, arslan göwdeli we uly iki sany ganatly bir maxluk- Sfinks peýda bolupdyr.Ol deňiziň kenaryndaky ýolda ýatyp, geçegçilere tapmaça aýdypdyr we żogabyny bilmedikleri demir penżesinde ezip, öldiripdir we deňze taşlapdyr. Xäzire çenli ekeżede adam Sfinksiň tapmaçalaryna żogap tapyp bimäni ölip gidipdirler. Munuň üstine żarçy patyşany garakçylaryň öldirip gidendigini aýdyp gelýär. Şäxer xalkynyň bu ýagdaýyny gören Edip olary xalas etmek üçin maxlugyň ýanyna barýar. Sfinks tapmaçany aýdýar.:

-Xaýsy żandar irden dört aýaklap, gündiz iki aýaklap we giże üç aýaklap ýörýär?.

-Edip derrew żogap berýär:

-Adam! Irden- ynsan perzendiniň çagalyk wagty, dört aýaklap emedekleýär, gündiz- güýże dolan ýaş wagty- iki aýaklap ýöreýär, giże-garryp, güýži giden ýyllary-xasa daýanyp galýar.

Şeýlelikde, Edip tapmaçany çözýär, Sfinks özüni deňize taşlap, gözden ýitýär.Xudaýlaryň xökümine görä, eger-de kimde- kim tapmaçanyň żogabyny tapsa Sfinks xeläk bolmalydy. Edip şäxere gaýdyp gelýär we muny gören xalk şatlanyp ony merxum şa Laýyň erine tagta oturdýarlar.Fiwa tagtyna oturan Edip köp wagt geçmänkä dul galan şanyň aýaly Iokasta ýagny öz eżesine öýlenýär. Ondan Iki gyz, Antigona we Ismena, xem-de iki ogul Eteokl we Polinnik dünýä inýär. Edip tagta birnäçe ýyl oturýar emma onuň bu durmuşy uzak dowam etmeýär.Fiwa şäxeriniň başyna yzly-yzyna betbagytçylyk gelýär. Açlyk we garaxassalyk ýartda gyrgyn döredýär. Adamlar xudaýa näçe nalyş etmesinler, olar göýä ynsanlaryň nalyşyny eşitmeýän ýalydy.

«Edip şa» tragediýasy edil şu erden başlanýar.

Şäxeriň abyraýly adamlary, aýal-erkek, garryu-ýaş xemmesi maslaxat sorap patyşany ýanyna gelýärler, sebäbi, dana patyşa bir wagtlar ýardy Sfink belasyndan xalas edipdi. Edip pukaralaryň öňüne çykyp özüniň xem giże-gündiz şu betbagytçylykdan gutylmagyň ýollaryny agtarýandgyny,xalkyň başyna düşen külpetleriň sebäbini bilip gelmek üçin gaýnagasy Kreonti Del`fa Apollon ybadatxanasyna iberendigini aýdýar.Şol wagt Kreontyň özi xem gaýdyp gelýär. Apollonyň adyndan gurra taşlan müridiň sözlerine sereden-de Fiwa xalkynyň başyna düşen bu külpetleriň sebäbi şu wagta çenli merxum şa Laýyň arynyň alynmalygynda eken, Fiwa pukaralary żenaýatçyny tapyp onuň żezasyny bermeseler xalkyň başyndan bu külpetler gitmeýär diýýär. Näxili agyr ýagdaý! Żenaýatçyny näxili tapmaly? Myşmyşlara sereden-de patyşany we onuň ökerlerini garakçylar öldürip gidipdirä. Edip şa näxili bolmasyn żenaýatçyny tapyp oňa żeza bermegi ýüregine düwýär. Şol pażygaly wakada ölmäni galan eke gul xäzir uzak dag eteginde mal bakyp ýördi .Edip onuň yzyndan çapar ýollaýar. Patyşa günäkäri nädip tapmaly diýip xalkdan maslaxat soraýar. Xalk bir agyzdan bu işde weli Teresiniň kömek berip bilżekdigini aýdýar. Garrap galan kör öwülýäni adamlaryň arasyna getirýärler.Edip ony näme üçin  çagyrdanyny aýdýar. Tiresiý Laýy kimiň öldirendigini bilýär welin aýtmaga gorkýar. Edip oňa agzyna gelenini aýdyp, weliniň aryna degýär. Bu geplere gaxary gelen Teresiý xemme xakykaty aýdýar. Laýyň żellady Edibiň özi. Beýle agyr günäniň öz üstine ýöňkelmegine gaxary gelen Edip ony kowýar we bu zatlary tagt üçin Kreont gurnap ýör diýip oňa żeza berilmelidigini aýýar.Kreont ýawaşżadan oňa äxli zady düşündirýär.Şol wagt Iokasta gelýär we ärini iki dagyň ortasynda garakçylaryň öldirip gidendigini,Laýyň kysmaty xakyndaky gurranyň ýalana çykandygyny aýdýar. Edip azyrak arkaýynlaşýar, emma bir wagtlar şeýle bir wakanyň bolandygy onuň ýadyna düşýär.Soňky barlaglar netiżesinde Laýyň belgileri xem-de ölen wagty ene-de aýdyňlaşyp, Edibiň şübxesi artyp başlaýar. Şol wagt Korinfden bir adam gelip, patyşa Polibiň ölendigini we xalkyň Edibi şa goýżakdyklaryny aýdýar. Edip köşeşýär, emma ol ikinżi żenaýatdan ýagny eżesi Meropa öýlenmekden gorkýar. Ilçi xem

käbir bilýän zatlaryny Edibe aýdyp berýär. Edip xakykatdan Polib we Meropanyň ogly däl, ilçiniň özi mundan birnäçe ýyllar öň Kiferon dagynyň eteginde mal bakyp ýörkä Laýyň bir çopanyndan dabanyna neşter urylan çagany alyp öz patyşasyna eltip berendigini aýdýar. Edip şol çaganyň özidir. Iokasta xemme zat aýdyň bolýar. Ol sessiz saraýyň içine girip gidýär.Edibi indi başga bir zat gynaýar axyr ol kimiň perzendi.

Şol wagt Laý öldirilende gaçan guly getirýärler.Bu adam bir wagtlar ýaňy dünýä inen Edibi Korinf patyşasynyň adamyna gowşyran adam bolup çykýar. Şeýlelikde Laýy garakçylaryň öldirenligi xakyndaky myş-myş ýalan bolup çykýar. Indi ne Edipde ne-de xalkda xiç bir şübxe galmaýar.Edip Laýyň ogly, öz atasynyň ganxory, enesiniň äri!.. Gör näxili aýlygançlyk.

Xor Edibiň gaýgy-xasratyny, şum tagdyryny beýan edýär. Şol wagt Iokasta öz ýatagynda xasrata çydamany özüni asýar. Görgüliklerden akyl-xuşyny ýitiren Edip, bütin günäleriň şaýady bolan bu otaga ylgaýar we aýalynyň ilgegini alyp öz gözlerini oýyp taşlaýar. Ol mundan artyk güni, öz çagalaryny, ene topragyny görmegi islemändi. Garamaňlaý Edibiň soňky pursatlary gyzlary bilen xoşlaşyşy- tragediýa sungadynyň döreden iň elxenç pażygalaryndan biridir.

Edip efsanasynyň soňky wakalary «Edip Kolonda» tragediýasynda teswirlenýär.Şol sebäpden bu eseri «Edip şa tragediýasynyň» dowamy diýip xasaplamak bolýar.

Antik dünýäsinde ýaşan dramaturglardan ekeżesiniň eseri dünýä edebiýatynda «Edip şa» tragediýasy ýaly yz galdyranok.Sofoklyň bu eseri XVIII asyryň axyrlarynda we_XIX asryň başlarynda Ewropa edebiýatynda “Tagdyr tragediýasy” diýilip atlandyrylýan akymyň döremegine säp bolýar. Bu akymyň wekilleri, Sofoklyň yzyndan baryp, tagdyr mowzugynda ýazan eserlerinde, dünýä biwepa, ynsan perzentleri durmuş girdabynda biygtyýar akyp ýören biçärelerdir diýip aýdypdyrlar. Xakykatdan xem “Edip şa” tragediýasy gadymy ýananlaryň durmuşynda gaty uly orun tutýan tagdyr meselesine bagyşlanandyr.

Umuman, gadymy ýanan adamsynyň, esasan Sofoklyň nazarynda tagdyr, bagt, ykbal, adalat xem-de zeruryet ýaly düşünżeleriň manysy biri-birine gaty ýakyn bolupdyr.

Ýazyży gaxrymanynyň obrazyny açyp berer eken, onuň başyna düşen kynçylyklaryň diňe tagdyryň xaýyşyna görä bolman, eýsem köpüräk Edibiň şaxsy xereketiniň netiżesinde ýüz beren pażyga sypatynda görkezýär.Ynsan perzentleri özüniň oňat işlerine magtanmany, özüne uly baxa bermekden saklanmalydyr.

Eser şaxyryň öz zamandaşlaryna garadyp aýdan ýüzlenmesi bilen gutarýar.

Eý Fiwa perzentleri! Görüň, ine Edip şa,
Sfinksdeý akyldar, şöxratly we beýik şa,
Bir wagtlar tagdyryň söwer ogly bolupdy,

Xemme xöwes ederdi şa Edibiň ömrüne.
Emma tagdyryň özi atdy ony girdaba,
Eý ynsanlar, serediň xar ömüriň soňuna,
Taňry gülüp sereden ömre xöwes etmäňiz,
Tä, bu ömür biazap soňuna etmeýänçä.
(S.Awezklyçewa terżimesi).

Sofoklyň döredižiliginde ýanan tragediýasy ösüşiň şasupasyna göterilýär.

**Ewripidiň ömri we döredižiligi.**

Gadymy ýanan tragediýasynyň üçinži wekili Ewripiddir. Rowaýatlarda aýdylyşyna görä, eramyzdan öňki 480 ýylda, edil ýananlar Eýranlylaryň üstünden eňiş gazanan güni Afinanyň ýanyndaky Salamin adasynda ortaxal maşgalada dünýä inýär. Ol ýaşlygyndan gowy bilim alýar.Şol döwrüň atly filosflary Sokrat, Anaksagar, Arxeleý, sofistlerden Protagor xem-de Prodik Ewripidiň ýakyn dostlary bolupdyr. Döwürdeşleriniň aýtmagyna garanda şaxyr öz zamanasyndaky bolup geçýän syýasy wakalara goşulman, ylym, sungat, edebiýat, filosofiýa bilen meşgullanyp dynç ömür geçirmäni makul görüpdir.Ewripidiň tragediýalaryndaky täzeliklerine, progressiw pikirlerine, dramaturgiýa girizen täzeliklerine Afina żemgyetiniň konserwatiw toparlary diş dyrnagy bilen garşy çykýar. V asyryň axyrlarynda esasanam komediýaçylar şaxyra gaty azar berýärler. Meselem, Aristafan, Ewripidiň atasy bakgal, eżesi günlikçi, aýaly bozuk bolan diýip, şaxyra köp azar beripdir.Belki şu azaplara çydamany, Afinada ýaşamagyň xiç xili gyzygy galmanlygy üçin Ewripid ölmezinden azyrak wagt öň Makedoniýa göçüp gidýär we 406 ýylda şu erde dünýäden ötýär. Soňra Ewripidiň terżime xalyny ýazan käbir adamlar, merxumy gabrynda xem arkaýyn ýatyrmany ol xakynda diriligindäkiden xem aýlyganç zatlary aýdypdyrlar. Şol lapçylaryň aýtmagyna görä şaxyry itler dalap öldirenmişin. Ikinži bir toparyň labyna görä şaxyr öz eserlerinde aýallary ýaman görkezeni üçin ony aýallar daşlap, tilke-para edip öldiripdirler. Döwürdeşleriniň oňa şeýle zalym darany üçin Ewripid ýanan xalkynyň öňünde şöxratdyr abyraý gazanyp bilmändir.Ol näçe gezek teatr ýaryşlaryna gatnaşan bolsada bary ýogy üç gezek eňiżi bolupdyr.Emma ýanan xalkynyň taryxynyň ellinizm döwründe Ewripid öz xalkynyň söýgüli tragediýaçysyna öwrülýär. Xatta Esxil we Sofokl xem onuň şöxratynyň saýasynda galyp gidýärler. Bu ýagdaý şaxyryň edebi mirasyna xem örän uly täsir edip, 92 sany eserinden biziň günlerimize 17 sany tragediýa we bir sany satira dramasy gelip etipdir. Olar aşakdakylardyr:

«Alkestida», «Medeýa», «Geraklidler», «Ipollit», «Gekuba», «Gerakl», «Xaýyşgöýler», «Troýaly aýallar», «Elektra», «Ion», «Ifigeniýa Tawridada», «Elena», «Andromaxa», «Finikiýaly gyzlar», «Orest», «Wakx gyzlary», «Ifigeniýa Awlidada» we «Kiklop» atly satira dramasy. Bu eserleriň äxlisi däp bolşy ýaly mifologik efsanalar esasynda ýazylandyr.

Şaxyryň döredižiliginiň birinži miwesi «Alkestida» tragediýasy xasaplanýar. Ewripid dünýä edebiýatynyň taryxyna «Medeýa» tragediýasy bilen girip geldi. Eseriň sýažetini Ewripid «Argonawtlar» efsanasyndan alýar. Rowaýatlarda aýdylyşyna görä bir näçe ýanan pälwanlary altyn goýnuň derisini almak üçin «Argo» atly gämä münip uzak Kolxida iline gidýärler. Agyr kynçylyklardan we san- sažaksyz xowp-xatarlardan geçip menzile etýärler. Bu erde patyşa Ediň gyzy, gün xudaýy Geliosyň agtygy žadygöý Medeýa Argonawtlaryň serdary Ýazony söýüp galýar. Melikäniň kömegi bilen Ýazon birnäçe tilsimleri açyp, näçe gezekler ölümden galyp derini ele salýar. Medeýa Ýazona bolan söýgüsi üçin öz ýardundan, ata-enesinden geçýär. Ýazan diýip özüniň agasyny öldürýär. Ýananstandan gaýdyp gelenlerinden soň adamsyny tagta oturtmak üçin žady ýoly bilen Iolk patyşasy Ýazonyň agasy Peleýiň žanyna kast edýär.Bu ženaýatdan soň Ýazon bilen Medeýa iki sany ogluny alyp Korinf şäxerine gaçýarlar.Əxli abyraýyndan aýrylan Ýazon, öz ýagdaýyny gowylandyrmak üçin Medeýadan aýrylyp Korinf patyşasy Kreontyň gyzy Glawka öýlenžek bolýar. «Medeýa» tragediýasy Argonawtlar efsanasynyň edil şu erinden başlanýar. Ýazonyň biwepalygyndan, bet nietinden žany ýanan Medeýa ondan ar almagyň ýoluna düşýär. Kreont Medeýanyň žadysyndan gorkup onyň tiz çagalary bilen şäxeri terk etmegini talap edýär Medeýa göýä tagdyra ten berýän, bir biazar ýaly bolup, baş pena tapýança bir gün şäxerde galmagyny Kreontdan soraýar. Kreont razy bolýar. Edil şol wagytdan ol kasasyň planyny düzüp başlaýar Ol Ýazona çagalaryny gündeşiniň elinde galdyryp gitžekdigini we şol sebäpli oňa toý sowgadyny beržekdigini aýdýar. Ýazondan rugsat alýar we çagalaryndan Glawka zäxerlenen geýim we ýakutdyr göwxerler bilen bezelen täç berip iberýär. Gelin geýimleri geýen badyna täç kellesini gysýar we geýimleri ot alyp gidýär. Gyzyny xalas etmäge gelen patyşa xem ot alyp ölýär. Medeýanyň öç almak keseli bu bilen xem gutarmaýar.Əriniň köpüräk xasrat çekmegi üçin çagalaryny xem öldürmegi üregine düwýär. Patyşanyň ölenini eşiden Ýazon çagalaryny xalas etmäge ylgaýar,emma giç bolan eken. Şol wagt asmandan aždarxa goşulan araba gelýär. Babasy Geliosyň iberen bu arabasynda Medeýa otyrdy, onuň aýaklkrynyň astynda iki oglunyň žesedi ýatyrdy. Başyna düşen bu ýagdaýlardan ezilen Ýazon çagalarynyň ölüsini taşlap gitmegini ýalbaryplar soraýar. Emma onuň ýalbaryşlary Medeýa täsir etmeýär.Araba gözden gaýp bolýar.

«Medeýa» xarlanan söýgi we gabanžaňlyk tragediýasydyr.Şaxyr bu duýgularyň bütin güýžini Medeýanyň gaýgy xasratlarynda, ýigrençdir gazaplarynda görkezýär.Şol döwrüň adamlarynyň gözleri bilen sereden-de Medeýa gaty zexinli, demir erkli, garadangaýtmaz şaxsdyr.Bu aýal nexä xudaýlaryň ne-de tagdyryň öňünde baş egýär. Ol özüniň ynsany bagty üçin xiç zatdan gorkmany bagtyrgaý göreşýär, wepalylykda ikilenmäni bilmeýär, namys meselesinde xiç-xili sulxa girmeýär. Şunuň bilen birlikde ol ýanan zenanlary ýaly tutgynlykda ýaşap, xožalyk işlerinden başga zady bilmeýän aýal-gyzlardan däl. Onuň ýaşlygy uzak ýartda, erkin xalklaryň arasynda

geçýär. Ýazony birinżi gezek görenden oňa aşyk bolýar. Adamsyndan biwepalyga garaşmadyk Medeýa gazap we namys odynda ýanýar.

Ewripid Medeýanyň xasrata doly monologynda aýal zadynyň agyr kysmatyny xekaýa edýär. Gaxrymanyň aýtmagyna görä erde ýaşaýan żanly-żemendäniň içinde aýaldan özge bagtsyz zat ýok. Aýallar özlerini gul ornunda ýoldaşyna tabşyrýarlar.Əriň biwepalyk etse ony taşlap gidip bilmeýäň, kowyp bolmaýar, sebäbi nikany bozmak masgaraçylyk xasaplanýar.

Medeýa söýgini, nikany näxili mukaddes we beýik xasaplan bolsa, oňa dag düşürenleri xem edil şoň ýaly ýirgenýär.Onuň pikiriçe söýgini bulamak uly we agyr żenaýatdyr. Xarlanan söýginiň dagyny diňe gan bilen ýawmak derkar.

Soraglar we ýamuşlar.

1. Sofokl nirede we xaçan dünýä inipdir.
2. Sofoklyň alan bilimi.
3. Sofokl näçe ýaşynda dramatikleriň ýaryşyna gatnaşýar we eňiżi bolýar?
4. «Edip şa» tragediýasynyň sýażedi nireden alynan?
5. Edip şa tragediýasynyň mazmuny we ideýasy?
6. Tagdyr, kysmat diende nämä düşünýäňiz?
7. Edibiň iň ýakyn perzendi Kim?
8. Edibiň tagdyry näxili tamamlanýar?
9. Eser sende näxili täsir galdyrdy?
10. Ewripidiň maşgala ýagdaýy xakynda maglumat?
11. Ewripid näçe gezek tragik şaxyrlaryň ýaryşynda eňiżi bolýar?
12. «Medeýa» tragediýasynyň sýażedi nireden alynan?
13. «Medeýa» tragediýasynyň mazmuny we ideýasy?
14. Ewripidiň söýgi xakyndaky beýik eseri xaýsy.?

Peýdalanylan edebiýatlar sanawy.


1. K.Ataew. Daşary ýart edebiýatynyň taryxy. Aşg.1983.
2. A.Alimuxammedow. Antik adabiýoti torixiý. Toş. 1975.
3. N. Kun. Mifi i legendy drewniý Gretsii. Mos. 1965.

**Mowzuk.Ellinizm döwründäki ýunan edebiýaty.**

**Plan.**

1.Döwrüň sotsial syýasy we medeni ýagdaýy.
2.Täze attika komediýasy.
3.Aleksandriýa poeziýasy.

Daýanç düşünżeleri. Aleksandryň dünýäni zabt edişi, Epikuryň taglymatlary, täze attika kamediýasynyň döreýşi.Kallimaxyň döredižiligi.Aleksandriýa poeziýasy.

Biziň eramyzdan öňki 336 ýylda Makedoniýa patyşasy Aleksandr Ýanan topragyny zabt edip, ellin topragyndan toplanan agyr goşun bilen Gündogar ýartlaryna garşy urş başlaýar we köp wagt geçmänkä Xindistan serxetlerine çenli ýaýylyp giden uly ülkäniň eke-täk xökümdaryna öwrülýär. Emma Aleksandryň ölüminden soň onuň döreden uly döwledi serkerdeleri tarapyndan alynyp barylan ganly uruşlardan soň Müsir, Siriýa, Makedoniýa, Pergam ýaly iri-iri patyşalyklara we ene-de birnäçe kiçi patyşalyklara bölünýär. Bu döwletleri Aleksandryň serkerdeleri dolandyrýanlygy üçin olara didoxlar, ýagny miraslar diýip at beripdirler. Şeýlelikde, Müsüri Ptolomeý Langu, Siriýany Selewk, Pergamy Attal we ownuk patyşalyklary beýleki serkerdeler dolandyrypdyr.Ýokarda atlary agzalan patyşalar ölenden soň, olaryň tagtlary nesillerine geçip, xer bir ýart asyrlaryň dowamynda şularyň xususy mülklerine öwrülip galypdyr. Meselem Ptolomeýleriň öwlady Müsürde 300 ýyl xöкümdarlyk edipdir. Makedoniýa tagtynyň töweregindäki çekeleşikler uzak dowam edipdir. Tagt kä Aleksandryň nesline kä-te onuň serkerdeleriniň eline geçipdir.

Ýananstan indi öňki gudratyndan, garaşsyzlygyndan aýrylan xem bolsa, er ýüzüniň medenietiniň merkezi sypatynda xeniz xem baş göterip, gymmatyny ýitirmäni durdy. Ellin xalkynyň ylmy, medenieti, sungaty we edebiýaty xem-de dili ýawaş-ýawaşdan öz gerimini giňeldip, tä Müsür. Xindistan erlerine çenli uzalyp gidýän uzak döwletlere xem ýaýrady we netiżede ýanan medenietiniň esasynda guryla eke-täk dünýä medenieti emele geldi. Şol sebäpli xem, ýanan medenietiniň täsirinde bolan döwletleriň xemmesini ellin döwletleri tä Rim xöкümdarlygynyň döwrüne çenli bolan döwri- **Ellinizm** asyry diýip atlandyrypdyrlar.Geçen asyryň 30- ýyllarynda nemis taryxçysy Droýzen tarapyndan ylma girizilen bu atlandyrylyş, ylymda çuň ornaşany bilen döwrüniň mazmunyny doly beýan edip bilmedi. Sebäbi bu atlandyrylyş ýananlaryň gündogara täsiri xakynda gürrüň edip, emma gündogar medenietiniň ýananlara etiren täsirini çetläp geçdi.

Ellinizm döwrüniň dünýä edebiýatyna goşan iň möxüm goşandy- «täze» komediýadyr. «Täze » komediýa sözi edebiýada gaty irki zamanlara girizilen bolup, ellinizm döwründe peýda bolan komediýanyň täze görnüşini attika döwründäki «gadymy» komediýadan xemde IV asyrdaky «orta» komediýadan tapawutlandyrmak maksadynda ulanypdyrlar. Ýananstanda Makedoniýa

xökümdarlygy ornaşandan soň, ellin xalkynyň garaşsyzlygynyň berbat edilmegi, geçmişdäki żoşgunly syýasy ideýalaryň barxa sönmegi we olaryň netiżesinde şaxsy peýdanyň güýçlenmegi- «täze » komediýanyň peýda bolmagynyň esasy çeşmesidir. Ewripid tarapyndan dramaturgiýa girizilen bir topar täzelikler we «Orta» komediýanyň döredižilik usullary täze akymyň emele gelmeginde we şekillenmeginde mekdep bolup xyzmat etdi. Ellinizm edebiýatynyň äxli ugurlarynda bolşy ýaly, «täze» komediýada xem, esasan, gündelik durmuşda duş gelýän wakalar, yşk-söýgi, maşgala meseleleri xakynda gürrüň gidýär. «Täze» komediýa umumynsany meseleler xakynda gürrüň edýär. Bu meseleler tomaşaçylar köpçüliginiň düşnżesine ýakyn bolup, täze komediýa eserleri saxna durmuşynyň uzaga gitmegine kömek etdi.

Aristafanyň eserlerinde möxüm orny eelän xor aýdymlary «täze» komediýa üçin ýaramsyz bolup galdy. Şeýle bolsada gadymy däbe görä xory galdyrypdyrlar, emma onuň wezipesi örän az.

«Täze» komediýanyň esasy temasy söýgidir. Ellinizm döwründe ýaşap döredižilik bilen meşgullanan täze komediýanyň wekilleri örän köp bolupdyr, emma şuňa seretmezden, olaryň eserlerinde mazmun taýyndan bir-birine ýakynlyk, gaxrymanlarynyň arasynda umumy meňzeşlik bar. Bu eserleriň xemmesinde dien ýaly baş gaxryman yşk derdine duçar bolan eňňilkelle, şaxandaz ýa-da edepli, giň pikirli ýaş ýigit bolýar. Emma aşyk ýigit öz magşugyna gowuşmak ýolunda birnäçe kynçylyklary başyndan geçirýär. Käbir eserlerde gyz öwünżeň xarby adamyň esiri, ene-de bir xilleri- açgöz we edepsiz goşmaçynyň çorusy bolupdyr. Olar gyz üçin gaty uly pul sorapdyrlar. Ýigidiň atasy gaty baý adam bolsada, oglunyň şübxeli gyz bilen gatnaşyk saklamagyny islemändir we şol sebäpli oňa pul bermändir. Beýle ýagdaýdan aşyk ýigidi bu azaplardan olaryň gullary gutarypdyr.Çakgan, xilegär bu gullar dürli xileleri oýlap tapyp ýigidiň kakasyndan pul önderip alypdyrlar, goşmaçylary aldapdyrlar, äxli böwetleri ýykyp aşyk-magşugy biri-birine gowuşdyrypdyrlar.

Ellinizm zamanynyň beýik şaxyrynyň biri Menandyrdyr. Menandyr takmynan 343-292 ýyllar aralygynda Afina şäxerinde baý maşgalalaryň birinde dünýä inipdir. Menandyryň ustazy orta komediýanyň meşxur wekili Aleksid bolupdyr.Şaxyr ýaşlygyndan örän gowy filosofiki we ritoriki bilim alypdyr.

Menandyr xemmesi bolup ýüzden gowyrak komediýa ýazypdyr.Şaxyryň «Emin sudy» atly komediýasy biziň günlerimize doly gelip etipdir.Komediýanyň gysgaça mazmuny aşakdaky ýalydyr.-Xarisi dien baý bir ýigit şäxeriň abyraýly adamlarynyň biri garry Smikriniň Pamfila atly gyzyna öýlenýär we aradan öp wagt geçmänka ýaş gelnini goýup uzak bir ere syýaxata ugraýar. Toýdan soň aradan bäş aý geçip-geçmänka Pamfila dogýar we şermendeçilikden gutulmak üçin çagasyny enekä berip tokaýa taşlap gelmegi buýrýar. Xarisi syýaxatdan gaýdyp gelenden soň onuň wepaly guly Onisim maşgalada bolup geçen bu ýagdaýlary xożaýynyna aýdyp berýär. Bu xabardan gaty azar çeken Xarisi aýaly bilen bir öýde ýaşamaga namys edip, gadyrdan bir dostunyň öýüne göçüp geçýär. Bu erde ol Gabrotonon dien gözel gul gyzy uly

pul bilen alyp, gaxaryna günlerini şady-xorramlykda geçirýär. Emma bu şatlyklaryň xiç biri onyň kalbyndaky derdini aýryp bilmeýär. Ol Pamfilany ekeże minut xem ýadyndan çykaryp bilmeýär. Giewisiniň bu bolup ýörüşini oňlamadyk gaýynatasy ony näçe gezekler bu ýoldan gaýtarżak bolsada bolmaýar Ol bir güni köçeden gelýärkä urşup duran iki sany gula duş gelýär. Mälim bolşyna görä, bulardan biri ýagny Daw ýakynda tokaýdan taşlanyp gidilen çagażygy tapýar we ony ikinżi gul Siriskkä berýär. Soňra Siriskk çaga bilen bile tapylyp alynan gymmatbaxa zatlary Dawdan talap edýär. Sebäbi şol zatlar arkaly çagażygyň ata-enesini tapmak mümkin. Gullaryň ikisi xem Smikrinden şu meseläni çözüp bermegini soraýar. Siriskk bilen aýaly Dawdan alan zatlaryny görüp otyrkalar köçeden geçip barýan Onisim şol zatlaryň içinden xożaýynynyň gymmatbaxa ýüzigini görüp galýar. Soňra ol bu ýüzügiň bulara nädip düşenigi xakynda oýlanyp başlaýar.Onisim tötänleýin Gabrotona duş gelip ýüzigi oňa görkezýä. Gabrotona çagażygyň Xrisiniň ogly ekenini bilýär. Gabratonanyň kömegi arkaly bu bulaşyklar çözülýär we är-aýal ene-de bile ýaşap başlaýarlar. Gabratonon bu ýagşylygy üçin azatlyga çykarylýar.

Menandr komediýa ýazmakda öz kärdeşlerinden düýbünden tapawutlanypdyr. Şaxyr komediýa diňe tomaşaçyny güldürip wagtyny xoşlaýan ýönekeý masxarabazlyk diýip däl-de, belki ynsany axlaky tarapdan terbieleýän möxüm bir zat sypatynda seredipdir.Täze komediýanyň birnäçe wekilleriniň arasynda harakterler komediýasyny ýaratmak diňe Menandyra miesser edipdir.Şahyr käbir ýagdaýlarda gahrymanynyň ruhy ahwalyny, söýgüsini we gabanżaňlygyny şeýle bir pażygaly ýagdaýda suratlandyryp berýär welin eser komediýa galybyny ýitirip, hatta tragediýa hem meňzäp gidýär.

Täze komediýanyň ähli wekiller ýaly Menandr hem öz eserlerinde zamanasynyň syýasy wakalaryny çetläp geçýär. Onuň eserleri Plawt we Terentsiý tarapyndan dowam etdirilýär.

Ellinizim pozziýasynyň iň uly we ażaýyp wekili **Kallimahdyr.**

Ol takmynan 310-240 ýyllar aralygynda ýaşap geçipdir. Kallimahyň ömrüne degişli bar bolan maglumatlara görä şahyr Afrikanyň demirgazyk tarapyndaky Kirena şäherinde dogulýar.Her taraplama bilimliligini göz öňünde tutup Müsür patyşasy Ptolomeý Kallimahy çagyryp. Aleksandriýa muzeýiniň ýanyndaky kitpahana başlyk edip goýýar.Bu ýagdaý onuň saraý durmuşyna ýakynlaşmagyna we mertebesiniň aşmagyna kömek edýär. Onuň özi hem bir ömre Müsür soltanlarynyň saraý şahyry bolýar.

Kallimahyň döredişiligi örän baý bolupdyr.Gadymy alymlar bu şahyryň sekiz ýüzden artyk ylmy we çeper eserler ýazandygy hakynda maglumat berýärler. Şu eserleriň arasynda «Żedweller» diýilip atlandyrylýan uly bibliografik gollanma Kallimahyň ylmy işlerinde möhüm orny eyeleýär. 120 sahypadan ybarat bolan bu tezkirede ýazyży özünden öňki ýaşap geçen alymlar we ýazyżylar hakynda maglumat berýär we eserleriniň gysgaça mazmuny bilen tanyşdyrýar. Kallimahyň bu eseri edebiýatşynaslyk ylmynda möhüm ähimiete eye bolupdyr.

Kallimahyň dörediżiliginde hudaýlaryň şanyna ýazylan şygyrlar, giminler hem möüm orun eyeläpdir.Şahyryň alty sany ażaýyp şygry biziň günlerimize doly gelip etipdir. Olar hudaýlardan Zewse, Apollona, Artemida, Demetra hem-de Afina we bir şygry Delos adasyna bagyşlanandyr.Bu şygyrlar mazmun we şygyr ölçegi taýyndan Gomer giminlerine meňzeselerde, wakalary beýan etmekde beýik şahyryň eserlerinden düýpli tapawutlanýar.

Bu döwürde Gomer poemalary ýaly uly epik dessanlar hem ýazylypdyr. Bu żanyrda dörediżilik eden birnäçe şahyrlaryň arasynda iň meşhury Rodoslik Apolloniýdir. Ol takmynan 295-215 ýyllar aralygynda ýaşap geçipdir. Apolloniý Aleksandriýa şäherinde dogulyp, Kallimahyň zehinli şägirdi sypatynda şu erde terbielenýär, birnäçe wagt Aleksandriýa kutubhonasiga ýolbaşçylyk edýär. Şazada Ptolomeý Ewergetiň terbieçisi bolýar. Apolloni hem öz ustazy ýaly ylmy işler bilen bir hatarda poeziýa bilen meşgullanýar.Şahyra uly şöhrat getiren uly eseri «Argonawtika» poemasydyr.Eserde gozgalan gyzgyn meseleler we bu meselelere Kallimahyň awtora garşy çykmagy netiżesinde Apolloni Aleksandriýany taşlap, Rodos adasyna göçüp gidýär we ömrüniň ahyryna çenli şu erde uly hormat bilen ýaşaýar.Rodos adasynyň halkyna bolan uly hormaty üçin şahyr adanyň adyny özüne lakam edmp alýar.

Poema Ýanan pälwany Ýazonyň Kolhida baryp altyn derini alyşy we ol erde melike Medeýa Ýazonyň aşyk boluşy hakyndaky efsana esasynda ýazylan.

Gera bilen Afina Afroditanyň ýanyna baryp, Medeýanyň kalbynda Ýazona bolan söýgini oýatmagy öz ogly Erotdan haýyş etmegini soraýarlar. Afrodita ýaly eňilkelle hudaýa haýyş bilen ýüz tutmak, hudaýlara esasanam Afina gaty agyr degýär. Söýgi hudaýy bolma oglunyň tentekliginden we öz dienini eteýändiginden zeýrenýär. Şol wagt Erot öz dosty Ganimed bilen aşyk oýnap karam ýol bilen ony utup durdy. Oýna kellesi gyzan erot enesiniň dienini ynżyklyk edip etmeýär Afrodita oňa Zewisiň çagalygynda oýnan pökgisini alyp berżekigini aýdýar. Şondan soň Erot aşyklaryny enesiniň öňüne sanap atýarda bu işi beżermek üçin uçup gidýär.

Poemda ażaýyp çeperçilik bilen çuň ruxy teswirlerde berilen waka bu Medeýanyň Ýazona bolan söýgisidir. Biz Apollonä çenli ýanan epik dessanlarynda söýgi duýgylaryny teswirleýän ekeżede esere duş gelemizok. «Argonawtikanyň» awtory bolsa ynsan balasynyň şu duýgysyny eseriniň baş temasy edip alýar. Emma söýgini teswir etmekde ol Aleksandriýanyň ähli şahyrlaryndan tapawutlanýar. Dogry Apolloniý hem söýginiň essy sbäpkäri edip Eroty görkezýär, emma bu ýagdaý onuň eserinde diňe gadymy däp sypatynda hereket edýär.

Ellinizm döwründäki ýanan edebiýatynda şygryň epigramma diýilip atlandyrylýan żanry giňden ýaýraýar. Bu sözüň manysy «ýazylan hat» bolup, gadym zamanlarda bir zada, meselem, surada, heýkele, gabyr daşyna we şulara meňzeşlere ýazylan sözlere aýdylypdyr.

Ellinizm döwründäki ýanan poeziýasynyň ösen wagty, esasan, eramyzdan öňki III asyryň ortalaryna dogry gelipdir. Ýokarda seredip geçen şahyrlarymyz antik dünýä edebiýatyna öz goşantlaryny goşupdyrlar.

Soraglar we ýumuşlar.

1. Ellinizm diende nämä düşünýäňiz?
2. Elin medenieti we edebiýaty xaýsy ýartlary öz içine alýar.
3. Ellin ýardyny kimler dolandyrypdyr we olara näxili at berilipdir?
4. «Täze» komediýa diende nämä düşünýäňiz?
5. Täze komediýanyň wekilleri kimler?
6. Aleksandriýa poeziýasy xaýsy döwürleri öz içine alýar?
7. Menandryň ömri we dörediżiligi xakynda nämeler bilýäňiz?
8. Kallimax edebiýada näxili täzelik girizdi?
9. Apolloniý Rodostyň ömri we dörediżiligi?
10. «Argonawtika» eseriniň mazmunyny aýdyp beriň ?

## Mowzuk. Rim hökümdarlygy döwründäki ýanan edebiýaty.

**Plan.**

1. Döwrüň sotsial we syýasy ýagdaýy.
2. Plutarxyň ömri we dörediżiligi.
3. Lukianyň ömri we dörediżiligi.
4. Ýanan romançylygy.

Daýanç düşünżeleri. Rim imperiýasynyň ýananlary basyp almagy. Rimlileriň ýanan medenietine sarpa goýmagy. Plutarxyň dörediżilik älemi. Lukianyň dörediżiliginde ýanan xalky. Ilkinżi ýanan romanlary.

Biziň eramyzdan öňki II asyryň başlaryndan başlap, ilki Ýananstanyň Sitsiliýadaky erleri, soňra ýanan topragynyň özi, Makedoniýa döwleti we Gündogardaky äxli ellinizm döwletleri yzly-yzyna rim imperiýasyna oýan egýärler. Ýananstany zabt eden Rim imperiýasy täze basyp alan erleriniň diňe bir maddy baýlyklaryndan däl, eýsem, olaryň medeni baýlyklaryndan xem xuzur alýarlar. Xarby ugurdan eňlişe sezewr edilen ýanan xalky özleriniň ażaýyp ylmy, filisofiki taglymatlary, sungady we edebiýady bilen eňiżileri xaýran galdyrýarlar. Watan garaşsyzlygy elden gidenden soň ýanan xalkynyň birnäçe beýik adamlary weýran bolan ýardyny taşlap Rime göçýärler we ol erde latyn xalkynyň ruxy dünýäsiniň ösmegine uly goşant goşýarlar. Meselem, uzak ýyllar dowamynda Rimdäki ritorika, grammatika, filosofiýa taglymatlaryna diňe ýananlar ýolbaşçylyk edipdirler. Rim taryxynyň örän köp ugurluryny aýdyňlaşdyran adamlar xem meşxur ýanan alymlary Polibiý, Appian, Dion, Kassiý, Plutarx we başgalar bolupdyr.Rim medenietiniň alymlary xem zor berip ýanan filosofiýasyny we edebiýadyny yzarlapdyrlar. Ýananstanyň ylmy ożagy Afina baryp bilim almak xer bir okymyşly Rim

adamy üçin arzuwa aýlanypdyr. Emma Rim döwletine garaşly bolan ýanan xalkynyň ýagdaýy gitdigiçe agyrlaşypdyr. Rim xalky äxli koloniýalaryny edişi ýaly ýanan xalkyna xem, esasan, girdeżi çeşmesi diýip garapdyr. Kolonial zulumdan gutulmak üçin ýanan xalky birnäçe gezek Rim imperiýasyna garşy göreş alyp barýar. Emma bu gozgalaňlar xer gezek örän reximsizlik bilen basylyp ýatyrylýar.

Uzak geçmişiň ażaýyp ynsany, Rim imperiýasy döwründäki ýanan edebiýatynyň iň iri wekilleriniň biri Plutarxdyr. Ýazyży takmynan eramyzdan öňki 46-ýylda Beotiýa welaýatyndaky Xeroneý şäxerinde eneden dogulýar. Onuň ata-babalary şu eriň asylzada maşgalalaryna degişi bolupdyr. Plutarx medeniet ożagy bolan Afina we Aleksanriýa şäxerlerinde ylym alyp, medenietiň dürli taraplaryndan baş çykaryp bilipdir. Ol birnäçe gezek Rime syýaxat edipdir we ol erde birnäçe medenie adamlary bilen ýakyn gatnaşykda bolýar. Emma ýazyży öz ömrüniň esasy bölegini edebiýada bagyşlaýar.Ol 120-130 ýyllar aralygynda dünýäden geçipdir.

Gadymy alymlar Plutarxyň dörediżiliginiň örän köpdürli bolandygyny xabar berýärler.Ýazyży 225 den artyk eser ýazypdyrIne şol ażaýp eserlerden bize çenli 150 sanysy etip gelipdir. Alymlar ol eserleri esasan iki topara bölüp öwrenýärler. Olardan birinżisi axlaky eserler, ikinżisi ömürnamalardyr. Birinżi topara girýän eserleri «axlaky» diýip atlandyrmak onuň mazmunyna dogry gelmeýär, sebäbi olaryň köpçiligi filosofiki mowzuklarda, taryx xem-de edebiýat xakynda ýazylan kiçike makalalardan ybaratdyr. Biz bu makalalaryň arasynda din, syýasat, tälim-terbie, sazşynaslyga degişilerini xem görýäris.

Plutarx täze döwürde özüniň axlaky eserleri bilen däl-de, «Goşa ömürnamalar» diýip atlandyrylýan taryxy eserleri bilen uly şöxrat gazanýar. «Goşa ömürnamalar» Ýanan we Rim xalkynyň taryxynda bolan taryxy şaxslaryň arasyndaky meňzeş taraplaryna laýyklykda olary goşa-goşadan suratlandyrypdyr.Ýazyży xer bir żübüt ömürnamanyň birinde Rim, ikinżisinde Ýanan adamy xakynda xekaýa edipdir. Meselem. Tezeý bilen Ramul, Demosfen bilen Tsitseron, Aleksandr bilen Ýaliý Tsezar we başgalar. Ine şeýle ömürnamalardan 23 sanagy eger-de eke-ekeden alanda 46 sanysy biziň günlerimize gelip etipdir.

«Goşa ömürnamalar» taryxy nukdaýnazardan seredende örän äximietli eserdir.

II asyr ýanan edebiýaty taryxynda Lukianyň dörediżiligi aýratyn orun tutýar. Sebäbi antik dünýäsiniň guldarlyk żemgyetiniň gün gnldikçe ýamrulyp barmagy bu ýazyżynyň dörediżiliginde aýdyň we aýawsyz satirik beýanyny tapýar.

Ne-xä gadymy dünýäden, ne-de orta asyrlardan Lukianyň ömrüne degişli ekeżede setir saklanyp galmandyr.Emma ýazyży öz eserlerinde özi xakynda käbir maglumatlar berip gidipdir.Ine şu maglumatlara seredende Lukian Siriýanyň Samosat şäxerinde xünärmendiň maşgalasynda dünýä inýär.Lukianyň ene-atasy ogullaryna xünär öwretmek üçin ony nakgaş daýysynyň eline şägirtlige berýärler. Aradan azyrak wagt geçenden soň

Lukian bilmezlikden gymmatbaxa bir daşy döwýär we ol erden kowulýar. Lukian ýanan efsanawyý rowaýatlaryna garşy birnäçe eser ýazypdyr. Olaryň arasynda «Xudaýlaryň söxbeti», «Deňiz söxbetleri», «Axyret söxbetleri»,diýip atlandyrylýan dialoglar beýik satirigiň döredižiliginiň ažaýyp önümi xasaplanýar.Onuň Olimp xökümdarlaryna garşy ýazan «Prometeý ýada Kawkaz», «Xudaýlar geňeşi», «Paş edilen Zews», «Pažygaly Zews» dien dialoglary xem şulara degişlidir.

Ýokarda ady agzalan eserleriň mazmuny gadym zaman ýanan mifologiýasynyň wakalaryndan alynandyr. Ýazyžy ine şu wakalary üýtgetmän, olara özünden xiç zat goşman, xudaýlaryň arasyndaky gatnaşyklary edil adamlaryň arasynda bolýan ýönekeý söxbetler görnüşinde teswirläp, ýanan adamsynyň göz öňünde beýik we reximdil xasaplanýan xudaýlaryň masgarasyny çykarýar.

Lukian dünýä edebiýatynyň taryxyna «Aleksanda ýada ýasama pygamber» eseri bilen girip gelýär.

Ýanan xalkynyň dünýä edebiýatynyň xazynasyna goşan ene-de bir baýlygy bu romandyr. Bir näçe ýüzýyllyklyryň dowamynda edebiýatda poeziýa žanry agalyk eden bolsa, Rim xökümdarlygynyň döwrüne gelip çeper proza, esasanam onuň roman žanry edebiýada girip gelýär. «Roman» sözi ýanan sözi bolman, ol orta asyrlarda ulanylyşa giren frantsuz sözidir. Ýananlaryň özi edebiýadyň täze şekilini dürliçe- kä xekaýa, käte-de beýanat diýip atlandyrypdyrlar.

Eramyzyň II-III asyrlaryndan biziň günlerimize çenli birnäçe ulyly-kiçili romanlar etip gelipdir. Bu romanlaryň äxlisi dien ýaly yşky temada ýazylan bolup, mazmun babatda olaryň arasynda meňzeşlik gaty kändir. Ýanan yşky romanlarynda xemişe saxypžemal gyz bilen ýigidiň söýgisi xekaýa edilýär.

Ýanan yşky romanlarynyň arasynda örän uly şöxrat gazanan eser bu «Dafnis we Xloýa» romanydyr.Eseriň awtory xasaplanylýan Long xakynda taryx saxypalarynda xiç xili maglumat saklanyp galmandyr. Alymlar romanyň stiline garap ony II-III asyrlarda ýaşap geçipdir diýip takmyn edýärler.

Lonag öz eserinde Dafnis we Xloýa atly iki sany ýaş žuwanyň gyzgyn söýgileri xakynda gürrüň edýär. Ýaňy dogulan wagtynda ata-eneleri taşlap giden bu çagalar, gul çopanlaryň elinde terbie alýarlar. Özlerini bilen wagtlaryndan başlap olar xem çopançylyk edip başlaýarlar. Olaryň günleri şadyýan, oýun-gülki bilen ýam-ýaşyl otlak meýdanlarda, çeşme boýlarynda, saýaly agaçlaryň aşagynda geçerdi. Xeniz beýnisi bekemediň çagalaryň kalbynda näxilidir bir duýgy emele gelip başlaýar. Baxaryň gelmegi bilen başlanan ine şu nätanyş duýgy ýawaş-ýawaşdan güýçlenip, netižede möwç urýan söýgä tarap ulalyp baryşy- eseriň esasy mazmunydyr.

Əxli yşky romanlara xas bolan efsanawyý wakalar «Dafnis we Xloýa» romanynda gaty az duş gelýär. Dogry gaxrymanlaryň ogurlanyşy,gäminiň xeläkçilige uçramagy, garakçylaryň eline esir düşmekleri bu romanda xem ýok däl. Eseriň soňunda aşyk-magşuklar özlerinň baý ata-enesini tapyp bir-birleri bilen gowuşýarlar. Emma olar gowuşanlaryndan soň xem baý ata-

eneleri bilen şäxerde ýaşaman, ýönekeý we sada çopan durmuşyny makul görüp, obada galýarlar we perzentli bolup, bütin ömürlerini erkinlikde, agzybirlikde, tebigat goýnunda geçirýärler.

«Dafnis we Xloýa» eserinde ýazyży çopanlar poeziýasy we şaxsan Feokrit idilliýalaryndan peýdalanyp çopanlar ýaly ýönekeý we sada durmuşda ýaşamaga çagyrýar.

Ýanan xalky edebiýat bagyna soňky, iň xoşboý, iň owadan gül- roman naxalyny oturdyp, bu bagy owadan bir gülşene öwürdi. Ynsanyet ine şol bagy aýlanyp desse-desse güller ýygýar we beýik xalkyň eli bilen döredilen şol bagyny giňeldip we abat edip gelýär.

Soraglar we ýamuşlar.

1.Rim xökümdarlygy döwründe ýananlaryň ýagdaýy näxili bolupdyr.

2. Rim xalkynyň medeni aňynyň ösmegine ýanan xalkynyň xaýsy beýikleri goşant goşupdyr.

3.Plutarx xaçan we nirede ýaşap geçipdir.

5. «Goşa ömürnamalar» eseri kimler xakynda.
6. Lukian nirede we xaçan ýaşap geçipdir?
7. Lukianyň eserleriniň mazmuny näxili bolupdyr?
8. Ýanan edebiýatynda roman żanry xaçan emele gelýär?
9. «Roman» sözi kimlerden alynan?
10. «Dafnis we Xloýa» romanynyň gysgaça mazmunyny aýdyp beriň?
11. Ýanan romanlarynyň esasy temasy näme bolupdyr?

## Mowzuk. Rim edebiýatyna umumy syn. Ilkinżi Rim edebiýatçylary.

**Plan.**

**1.**Eramyzdan öňki III we II asyryň birinżi ýarymynda Rim żemgyeti.
2. Ilkinżi Rim şaxyrlary.
3.Plawtyň ömri we dörediżiligi.
4. Terentsiniň ömri we dörediżiligi.

Daýanç düşünżeleri. Bu döwürde Rim döwletiniň eelik edýän erleri. Rim żemgyetiniň medenieti.Ilkinżi Rim şaxyrlary we olaryň eserleri. Plawtyň we Terentsiniň dörediżilik älemi.

Ýanan xalky özüniň garaşsyzlygyndan aýrylyp, ylym, sungat we edebiýat ulgamlarynda togtawsyz krizise düşýän wagtynda, Italiýa topragynyň günbatar tarapynda antk dünýä edebiýatynyň ikinżi bir tarapy- Rim edebiýaty peýda bolup başlady. Täze edebiýat Italiýa erlerini birleşdirmekde köp xyzmat eden latyn taýpasynyň dilinde ýaradyldy. Rim edebiýatynyň sallançagyny üwrän, ony ýörżen-ýörżen etdiren we netiżede ulaltmaga kömek

eden adamlar xakykatdan xem Gomer, Ewripid, Sofokl, Demosfen, Pindar we ýanan edebiýatynyň başgada uly wekilleri bolupdyr.
Eramyzdan öňki IV asyryň axyrlary- III asyryň başlarynda Rim döwleti Italiýa erleriniň essy bölegini eeläp, edil Ýananstanda bolşy ýaly, gulçulyk esasynda gurulan demokratik düzümi žar etdi. Rime göçüp gelen ýananlar özleri bilen birlikde asyrlar dowamynda etişdiren uly medeniet önümlerini xem alyp geldiler. Ýananlaryň däp-dessurlary, egin-eşikleri gaty tiz wagtyň içinde Rim žemgyetine ornaşyp başlady.

Ilkinži Rim şaxyrlary ýananstanly Liwi Andronik bolupdyr. Ol 284-204 ýyllari aralygynda ýaşap geçipdir. Rimliler Tarent şäxerini basyp alanlarynda ony esir edip Rime getirýärler. Soňra azat edilen andronik şu erde galyp, Rim mekdeplerinde ýanan we latyn dillerinden mugallym bolup işleýär. Mälim bolşy ýaly ýanan mekdeplerinde gollanylýan esasy gollanma Gomer poemalary bolupdyr.Latyn dilinde bu eseriň ýok bolanlygy üçin Andronik “Odisseýany” latyn diline teržime edipdir. “Latyn Odisseýasy” iki asyr dowamynda Rim mekdeplerinde okuw kitaby xökmünde gollanylypdyr.

Liwi Andronik teržimeçilikden başgada latyn dilinde saxna eserlerini- tragediýalar we komediýalar ýazypdyr.

Liwi Andronik Rim edebiýatynyň baxaryny başlap gelіži ilkinži garlawaçdyr. Ondan soňra köp wagt geçmänkä çeper dörediżilie bagynda täze guşlaryň sesi eşdilip başlaýar. Olardan ilkinžisi Gneý Newidir.Ol takmynan 270-200 ýyllar aralygynda ýaşap geçipdir. Bu şaxyr ilki bilen Andronik ýaly gelgindi dälde, öz xalkynyň ýaşaýşyny gowy bilýän, şu xalkyň derdi we arzuwlary bilen ýaşaýan xakyky Rim adamydyr. Biz onuň durmuşynda Rim adamynyň keşbini, edebi dörediżiliginde özbaýdak dörediżiligiň ilkinži maýsalaryny görýäris. Newiniň dörediżiliginde drmatik eserler- tragediýalar we komediýalar esasy orny tutýar.

Newiniň zexininiň iň ýokary merkezi- “Pun urşy” dessanydyr. Rim milli dessançylygyna esas salmak tarapyndan bu eser latyn edebiýatynyň taryxynda aýratyn orun tutýar. Emma eserde edil Gomer dessanlarynda bolşy ýaly real wakalar mifologik efsanalar bilen goşulyp gidýär. Biz žeňnamanyň başynda ot içinde galan Troýa şäxerini görýäris. Beýik gaxryman Eneý xudaýlaryň emri bilen öz ýardyny taşlap gimäge mežbur bolýar. Newiniň bu eerinden gaty az saklanyp galypdyr. Şol sebäpli ol xakynda anyk bir pikir aýtmak gaty kyn.

Beýik Rim komediýaçysy **Tit Makk Plawt** Italiýanyň Umbriýa welaýatynda dogulýar. Onuň ömrüne degişli maglumatlar žuda az. Barlary xem beýle bir xakykata ýakyn däl. Alymlaryň pikiriçe Plawt teatra ýakyn adam bolupdyr.Gadym zamanlarda ýüzden artyk komediýany Plawtyň ady bilen baglanyşdyryp gelipdirler. Beýleki Rim şaxyrlary ýaly Plawt xem öz eserleriniň sýažetini ýanan edebiýatyndan alypdyr.

Plawtyň iň ažaýp eserleriniň biri «Öwünžeň söweşiži» komediýasydyr.Eser başlanandan biz baş gaxryman Pirgopolnik bilen tanyşýarys. Bu xarby emeldar egnine elwan kemzol, kellesine dubulga geýip,

ullakan şemşir, ýalpyllawuk galkan göterip, żiňňelek saçlaryny selkilledip, nökerelri bilen köçelerde aýlanyp ýörýär ekeni. Ol xer gezek söweş meýdanynda görkezen edermenlikleri, owadan zenanlar bilen eden işleri xakynda dessan aýdar eken.Emma bu adamyň äxli diýýän zatlary gury öwünmeklik bolupdyr. Xakykatdan bolsa ol xiç wagt söweş meýdanyna girip görmändir,özi xem gaty gorkak, aýallar bilen guran oturşyklary bolsa düýbünden ýalan eken. Ol esasanam öz gözelligi xakynda gürrüň edende «Owadan bolmak näxili apat» diýip gerilipdir.

Şaxyr öz gaxrymanynyň beýle xäsietiniň üstünden gülmek bilen oňa Pirgopolnik (şäxerleriň we minaralaryň zowaly) diýip at beripdir. Eseriň äxli wakalary ine şol aýalbazyň başdangeçirmelerinden ybarat.

Plawtyň «Xumżagaz» komediýasy xem özüniň çeperçiligi taýyndan «Öwünżeň söweşiżiden» kem däldir. Bu komediýanyň esasy temasy baýlygyň ynsanyň xäsietini bozýan ýaramaz täsirini görkezmekden ybarat.Şol wagtlarda Rim żemgyeti üçin bu mesele örän möxüm bolupdyr.

Gadym zamanlardan etip gelen käbir maglumatlara sereden-de Publiý Terentsiý Afrikanyň Korfogen şäxerinde dogulýar. Çagażykka ony Rime getirip satýarlar. Täze eesi senato Terentsiý Lukan onuň zexinli we gaty düşbiże oglanlygyny bilip oňa zamanasynyň gowy bilimini berýär we soňra öz maşgalasyna alyp oňa Terentsiý adyny berýär we gullykdan azat edýär. Ýanan medenietine uly xormat goýýan Terentsiý Afina syýaxata gidýär we ol erden gaýdyp gelýärkä ýolda aradan çykýar.

Terentsi xem Edil Plawt ýaly diňe komediýa ýazmak bilen çäklenipdir. Şaxyr dörediżilingi dowamynda diňe alty sany komediýa ýazypdyr. Onuň dörediżiligi xem bary ýogy alty ýyl dowam edipdir. Onuň bu eserleriniň äxlisi bize gelip etipdir. Medenietlt aristokrat maşgalasynda terbie alan we olaryň durmuşy bilen ýaşan terentsiý, özüniň eserlerinde şol toparyň ideýasyny beýan edipdir. Onuň eserlerinde köpräk aristokrat toparlaryň meselelerine ýandaşylypdyr.

Terentsiniň eserleriniň içinde iň ażaýyplaryndan biri «Gaýnene» komediýasydyr. Bu komediýa mazmun tarapdan Menandryň «Emin sudy» pe`sasyna meňzeýär. Şaxyryň ażaýyp eserleriniň ene-de bir onuň «Aga-iniler» komediýasydyr.

Soraglar we ýamuşlar.

1. Rim edebiýaty xaýsy asyrlardan başlanýar.
2. Rim edebiýatynyň ilkinżi şaxyrlary kimler.
3. Liwi Andronigiň xaýsy eserlerini bilýäňiz.
4. Gneý Niwi Rim edebiýatynda näxili orun eeleýär.
5. Plawt xaýsy eseri bilen dünýä meşxur.
6. Terentsiniň «Gaýnene» eseriniň gysgaça mazmunyny aýdyp beriň.
7. Terentsiniň eserleri Plawtyň eserlerinden nämesi bilen tapawutlanypdyr.
8. Terentsiý xaýsy ýartdan Rime getirilip gul edilip satylypdyr.

9. «Aga- iniler» eseriniň awtory kim?.

## Mowzuk. Içki uruşlar döwründäki Rim edebiýaty. Tsitseronyň, Lukretsiniň we Katulyň ömri we döredižiligi.

### Meýilnama.

1.Döwrüň sotsial, syýasy we medeni ýagdaýy.
2.Tsitseronyň ömri we döredižiligi.
3. Taryxşynaslyk.
4.Lukretsiniň ömri we döredižiligi.
5. Katulyň ömri we döredižiligi.

Daýanç düşünželeri. Rim žemgyetinde dörän içki näsazlyklar. Tsitseronyň ömri we döredižiligi.Tsitseron döwlet işgäri. Taryxşynaslygyň emele gelmegi. Katulyň söýgi temasyndan ýazan eserleri.

Biziň eramyzdan öňki II asyryň ortalaryndan başlap, Rim žemgyetinde şu günlere çenli görülip eşidilmedik örän kesgin ýagdaýlar ýüze çykyp başlaýar. Üznüsiz uruşlar netižesinde ele girizilen bixasap gullary ekspluatatsiýa etmek netižesinde, žemgyetiň ýokary gatlagynyň wekilleri öz mülklerini giňeldip, dura-bara iri er eelerine öwrülip barýardylar Bu ýagdaý gullar bilen gul eeleriniň arasynda gapma-garşylyk döredip, axyryn, Rim imperiýasynyň dürli erlerinde gullar gozgalaňynyň gelip çykmagyna getirýär.

Rim imperiýasynyň uly er eeleri bilen daýxanlaryasynda xem garama-garşylyklar gaty güýçli bolupdyr.

Žemgyetdäki ine şu ykdysady we sotsial deňsizlikler demokratik ideýalaryň ösmegine we II asyryň ortalaryna gelip, Rim şäxerinde optimatlar we populýarlar diýilip atlandyrylýan iki syýasy partiýanyň emele gelmegine güýçli täsir görkezýär. Optimatlar senatlary we iri er eelerini goldapyrlar. Populýarlar bolsa şäxer we obalardaky demokratik düzümiň wekillerini goldapdyrlar. Demokratik xereketiň ýolbaşçylary aga-ini Tiberiý we Gaý Graxtlar iri mülkdarlaryň erlerini alyp daýxanlara bermek üçin uly göreşler alyp barypdyrlar. Emma bularyň göreşleri pažygaly gutarypdyr. Olar optimatlaryň pitnesiniň gurbany bolupdyrlar.

Rim žemgyetinde bolup geçen bu synpy göreş şübxesiz onuň edebiýatynda öz tarypyny tapýar.

Özüniň gyzgyn nepesliligi bilen Demosfeniň derežesinde durýan we antik dünýäsiniň ikinži uly söz ussady sypatynda tanylan aklawçy Mark Tulliý Tsitserondyr.

Tsitseron biziň eramyzdan öňki 106 ýylda Rimden beýle daş bolmadyk Arpina şäxerinde dogulýar. Onuň ene-atasy şäxer pukarasynyň baý taýpasyna degişli adamlary bolupdyr. Olar öz çagalaryna gowy bilim bermek maksadynda Rime göçip gelipdirler. Ilkinži bilimi ýanan mugallymlaryndan alan Tsitseron ýanan dilini doly öwrenýär, olaryň edebiýaty bilen içgin tanyşýar we oňa söýgi bilen baglanýar. Söz sungatyny eelemek babatynda

zamanasynyň atly oratorlary Tsitserona ustazlyk edýärler. Rim şäxerinde ýaşaýan käbir ýanan pelsepeçileriniň kömegi bilen zamanasynyň täze pelsepewi akymy bilen tanyşmaga miesser bolýar.

Tsitseron öz döredižiligini Sulla xökümdarlygynyň aýlyganç ýyllarynda başlaýar. Ol birinži gezek Publiý Kwintsiý dien bir garyp daýxanyň gaýry kanuny ýol bilen tartylyp alynan eri xakyndaky işde aklowžy sypatynda söze çykyp, işiň gowy gutarmagyna xemaýat edýär. Birinži eňişden ruxlanan Tsitseron köp wagt geçmänka agyr ženaýatda garalanan aýpdary aklap çykyş edýär. Bu işden soň Rimde ýaşamaga gorkan Tsitseron, pelsepe we sudýalyk işini çukur öwrenmek baxanasy bilen Ýananstana syýaxata gidýär.

Tsitseron 63 ýylda iň uly döwlet işgäri- konsullyga saýlanýar we şol günden başlap demokratik toparlaryň duşmanyna öwrülýär. Tsitseron söz sungatyna bagyşlap üç sany eser ýazypdyr.Olar aşakdakylardyr «Orator xakynda», «Brut», «Orator xakynda» eserleridir.

Rim taryxşynaslygy žanry eramyzdan öňki II asyryň başlarynda peýda boldy. Şol döwürdäki taryxşynaslardan iň birinžisi Gaý Ýaliý Tsezardyr (100-44). Ol diňe iri serkerde bolman, şeýle xem öz zamanasynyň öňdebaryžy oratory, talantly ýazyžysy xem bolupdyr. Bu adam döwlediň agyr işleri, üzlüksiz urşlaryň kynçylyklarynyň arasynda xem wagt tapyp, edebi döredižilik bilen meşgullanypdyr.

Biziň günlerimize çenli Tsezaryň «Galliýa urşy ýatlamalary», xem-de «Graždanlyk urşunyň ýatlamalary» atly iki sany taryxy eseri gelip etipdir.

Ýokarda näçe gezek aýdyp geçişimiz ýaly, eramyzdan öňki II asyryň axyry we I asyryň girip gelmegi bilen başlanan içki uruşlar respublika düzüminiň doly ýamrulmagyna getirýär. Şol döwür edebiýatynda neoterikler ýagny, täze şaxyrlar emele gelip başlaýar. Bu akymyň iri wekilleriniň biri Gaý Waleriý Katulldyr (87-54).

Şaxyr Italiýanyň demirgazygyndaky Werona şäxerinde asylzadalaryň maşgalasynda dünýä inýär. Welaýadyň okumyşly ýaşlary ýaly Katull xem ýaşlygynda Rime gelýär. Emma ol Rimiň žoşgun syýasy durmuşyna goşulman, öz wagtyny köpräk edebiýat äleminiň wekilleri, zamanasynyň medenietlt ýaşlarynyň arasynda geçirýär. Ol tiz wagtdan neoterikler kružogyna ýakynlaşyp, täze akymyň iri şaxyry sypatynda at gazanyp başlaýar.

Katulyň eserlerinde neoterikleriň döredižiliginiň äxli xäsietlerini görmek bolýar. Ol Aleksandriýa şaxyrlaryna, esasan xem Kallimaxa eerýär.

Katullyň liriki şygyrlary esasan Klodiýa atly rimli gözel aýala bagyşlanandyr.Klodiýa 58 ýylda Tsitseronyň sürgün edilmegini talap eden atly xalk tribuny Klodynyň žigisi, senator Metelliň aýaly bolupdyr. Katull öz şygyrlarynda ol gyzyň adyny özgerdip oňa Lesbiýa diýip at beripdir. Şygyrlarda görnüşine görä, şaxyr bilen Lesbiýanyň arasynda söýgi gatnaşyklary bolupdyr.

Kwintiýa gözelmiş. Ýok. Ol diňe gelşikli.
Ak ýüzli we dik kamat. Bir-bir taryplaý, emma-

Gözel diemok ony. Kwintiýa xoş biçim,
Emma onda ataş ýok, ot ýok dili ýakyży.
Gözellik Lesbiýada. Ol xemmäni lal eden,
Əxli gözeller sexrin żem eýläpdir özünde.

Katull Lesbiýanyň durmuşyndaky xer bir zada biperwaý garamandyr. Şaxyr söýgülisiniň kiçike bir guşżagazyny xem apalaýar, xat-da onuň ölümine bagyşlap şygyr xem ýazýar. Emma Katulyň şatlygy uzak barmaýar. Söýgülisiniň biwepalygy, xyýanat we żenaýatlary şaxyryň dilinde öňkiden beter ýigrenç odyny ýakýar.

Meň seni söýşim ýaly xiç kimse ýar söýmändir,
Lesbiýa aýal zady seň ýaly söýülmändir.
Bir wagtlar bizi baglan söýginiň zynżyryndan,
Mäkämrak eke zynżyr bu dünýäde bolmandyr.
Bu gün kalb para-para, sen oýnap paraladyň.
Lesbiýa! Agyr derdim paralady ýüregim.
Näçe mylaýym bolma- men saňa dost bolmaryn.

Agyr ruxy azaplara seretmezden Katull axyry ýüregindäki żoşgunly duýgyny eňmäge, binamys magşugyny unutmaga miesser bolýar.

Katulyň döredižiligi dünýä edebiýatynda mynasyp orun tutýar.

Soraglar we ýamuşlar.
1.Rim iperiýasy näxili dargapdyr.
2.Tsitseron xaýsy sungat xakynda eser ýazypdyr.
3Taryxşynaslyk xaýsy asyrlarda döräpdir
4.Ýaliý Tsezar kim bolupdyr.
5.Katullyň döredižiligi xakynda näme bilýäňiz?
6.Lesbiýa bilen Katullyň arasynda näxili gatnaşyk bar?

Peýdalanylan edebiýatlar.
1. A.Alimuxamedow. Antik adabiýot tarixi. Toşkeni 1975.
2. K.Ataew. Daşary ýart edebiýaty. Aşg.1983.

## Mowzuk. Awgust asyry.

### Meýilnama.

1.Döwrüň sotsial, syýasy we medeni ýagdaýy.
2.Wergiliniň ömri we dörediżiligi.
3.Rim Elegiýasynyň döremegi.
4.Owidiniň ömri we dörediżiligi.
5. Goratsiniň ömri we dörediżiligi.

Daýanç düşünżeleri. Pompeý. Sulla, Tsezer dagylaryň ýardy dolandyryşy. Wergiliniň dörediżiligi. "Eneida" eseriniň mazmuny.Owidiniň dörediżiliginde metamarfozalar. Goratsiý we onuň edebiýatdaky orny.

Eramyzdan öňki 31 ýylda Ýananstanyň günorta- günbatar tarapynda Aktsium söweşinde Oktawianyň goşunlary Antoniniň goşunlaryny eňmeginiň netiżesinde öňki respublika düzümi doly ýamrulýar. Şeýlelikde Rim taryxynyň täze döwri- eke xökümdarlyga esaslanan imperatorlyk döwri başlanýar. Oktawian xem özünden öň ýaşap geçen Sulla, Pompeý, Tsezar` we başgalar ýaly xäkimeti ele alandan soňra, öňki wadalaryny unudyp, ýri gul eeleriniň we senat aristokratlarynyň tarapyna geçýär. Oktawian ýüz ýyllyk urşa nokat goýany üçin oňa senadyň karary bilen şu wagta çenli taryxda bolmadyk Awgust, ýagny mukaddes dien at berýärler. Oktawian Tsezaryň diktaturasyny dowam etdirse-de, ýüz ýyla golaý wagt dowam eden içki urşlary doly gutarany üçin we ýartda dynçlyk ornadany sabäpli xalk onuň diktatorlyk syýasatyna gönüpdir. Xatda onuň asyryna "Altyn asyr" diýip at beripdirler.

Zamanasynyň okumyşly adamsy we sungat işlerine ýakyn bolan Awgust, edebiýadyň uly mümkinçiliklerinden peýdalanypdyr. Awgusa ýakyn durup oňa uly kömek eden adamlaryň arasynda iň meşxurlary Korwin Massala, Asiniý Pollion, xem-de Gaý Tsil`niý Metsenatdyr.Bulardan imperatora ýakyn maslaxatçy we edebi kömekçi Metsenat bolupdyr.

Awgust döwründe Rim poeziýasy çeperçilik babatynda ýokary dereżä göterilen altyn döwri bolýar. Xakykatdanxem Awgust xökümdarlygy ýyllarynda dörediżilik bilen meşgullanan Wergiliý, Goratsiý, Owidiý ýaly uly şaxyrlar özleriniň eserleri bilen Rim poeziýasyny klassyk ýanan edebiýatyndan galyşmaýan, soňr bolsa dünýä edebiýatyna täsir edýän dereżä etiripdirler.

Imperotorlyk Döwrüniň baýdakçysy, Rimiň iň beýik şaxyry Publiý Wergiliý Maron eramyzdan öňki 70- ýylda Italiýanyň demirgazygyndky Mantuýa şäxeriniň ýakynynda dünýä inýär. Şaxyryň ota-enesi xakynda anyk maglumat ýok. Wergili ilki Keremonda, soňra Milan, Rim şäxerlerinde gowy bilim alýar. Zamanasynyň ýaşlary ýaly ritorika, pelsepe, esasanam, edebiýaty xer taraplama kämil öwrenýär. Emma ýamşak tebigatlygy, uýalżaňlygy, şäxer durmuşyny xalamaýanlygy üçin ol öz ýardyna gaýdýar we edebiýat bilen

meşgullanyp, atasyndan galan bir parça erde daýxançylyk edip güzeranyny dolandyrýar. Emma onuň dynç durmuşy uzaga barýar. Awgust goşunlaryny Italiýanyň demirgazygyna göçürende şaxyryň erini xem elinden tartyp alýarlar. Bu wagtlara geli ygryet äleminde meşxurlyk gazanyp etişen Wergilä Pollion bilen Metsenat kömek edýär. Şolaryň arkasyndan ol Awgust bilen tanyşýar we zamanynyň iň döwletli adamlarynyň birine öwrülýär.

Wergili xemmesi bolup üç sany eser ýazypdyr. Bulardan birinżisi “Bukolikalar”, ýagny çopan goşgulary, ikinżisi “Georgikalar”, ýagny daýxan şygyrlary, we üçinżisi “Eneida ” dessanydyr.

“Eneida” dessanynyň wakalarynyň bolup geçen erleri bilen tanyşmak maksadynda eramyzdan öňki 19 ýylda  Wergiliý Ýananstana xem-de Kiçi Aziýa syýaxata gidýär.Emma syrkawlap Afinadan yzyna gaýdýar we ýardyna gelip tiz wagtda aradan çykýar.

Wergiliniý Rim poeziýasynyň  ýokarsyna çykaran, onuň şöxratyny er ýüzüne dargadan beýik eseri “Eneida” dessanydyr. Gadymy çeşmeleriň aýdyşyna görä, “Eneida” dessanynyň üstünde Wergiliý on ýyl işleýär we eramyzdan öňki 19 ýylda ýazyp gutarýar. Poemany bütinleý işläp gutarmadyk Wergiliý agyr ýarawsyz bolup ýatyrka bu eseri ýakyp iberżek bolýar. Wergiliý diri wagtynda neşir edmäge rugsat bermedik eseriniň ölenden soň xem çykarmazlygy wes`et edýär. Merxumyň wes`etine garaman Awgustyň tabşyrmasyna görä bir-iki sany dostlary görün çykyp çap edýärler.

“Eneida” dessanynyň bütin wakasy Troýa şäxri derbi-dagyn edilenden soň baş gaxryman Eneýiň öz xemralary bilen Italiýa garşy ýola çykyşy. Onuň deňizde tartan agyr kynçylyklary, axyry menziline etip gelişi, Rim döwledini binýat  etmek ugrunda alyp baran göreşleri beýan edilýär. Eser xer bir alty bapdan ybarat iki kysyma bölünip ýazylan. Birinżi alty bap gaxrymanyň Troýadan çykyp Italiýa gelýän wagtynda başyndan geçiren wakalary, ikinżisi Italiýa topragynda geçiren söweşlerine bagyşlanýar.

“Eneidi” dessanynyň ideýasy başdan-axyr Rim döwletiniň beýikligini taryp etmekden ybaratdyr.

Awgust zamanynyň soňky uly şaxyry **Publiý Owidiý Nazondyr.** Onuň ömrüne degişli maglumatlary biz azmy-köpmi onuň eserlerinden alýarys. Şol çeşmelerden mälim bolşyna görä Owidiý, eramyzdan ö4ki 43 ýylda Sulman şäxrinde gadymy asylzadalaryň maşgalasynda dünýä inýär.Owidiý we onuň agasy çaga wagtlarynda Rime gelýär.

Şaxyryň aýdyşyna görä edebiýada bolan söýgi onuň ruxynda gaty irte oýanan bolmaly, xat-da ýönekeýże sözler xem ýaş oglanyň galamynyň astynda şygra öwrülipdir. Atasy onuy bu ýoldan gaýtarmaga näçe xereket etsede, Owidiý döwlet işlerinden bütinleý geçip, durmuşyny üzil-kesil poeziýa bilen baglaýar. Messala kružogyna ýakynlaşýar. Metsenadyň töweregindäki şaxyrlar bilen tanyşýar.

Owidiniň edebi dörediżiligi üç bölümden ybarat. Olar aşakdakylardyr. “Amores” Yşky elegiýalar toplumy bilen başlanýar. Bu topluma giryän şygyrlaryň köpüsi şaxyryň Korinna dien magşugyna bagyşlanýar. Korinna

kim, umuman bu aýal bolupmy ýa-da ýok muny anyklamak asla mümkin däl. Bu obrazy şaxyr öz xyýalynda döreden bolmagy xem mümkin.

«Gaxryman aýallar» ýa-da «Xatlar» diýip atlandyrylýan ikinži eser xem Owidiý dörediżiliginiň ilkinži önümlerinden biridir. Owidiniň ażaýyp eserleriniň biri «Söýgi sungaty» poemasydyr.

Awtoruň aýtmagyna görä, söýgi xudaýy Weneranyň özi göýä Owidini söýgi ussady saýlap, şu ýönelişde ýaşlara yşk sapaklaryny bermegi onuň gerdenine ýüklänmiş. Poema üç bölümden ybaratdyr. Başky iki bölüminde magşkulary nirelerden gözlemeli we olaryň göwünlerini nädip tapmak dogrusynda erkeklere maslaxat berýär. Edil şu mesele dogrusynda üçinži bölüminde aýallara maslaxat berilýär. Şaxyryň aýmtagyna görä, żemagatyň ýygnanýan eri tomaşagäxler, toý-tomaşalar, galyberse-de ybadatxanalar magşuklary duşyrýan iň golaý żaýlardyr. Owidiniň bu eseri söýgi mowzugynda ýazylan eserleriň içinde iň ażaýyplarynyň biridir.

Owidiniň dörediżiliginiň iň çürbaşy onuň metamarfozalarydyr. Metamarfozalar Rim adabiýotiniň beýik ýadygärliklerinden biridir. Iri-iri 15 bapdan ybarat bolan uly bu dessanda Ýanan we Rim mifologiýalarynda örän köp duş gelýän efsanawyý öwrülişler- xudaýlaryň, suw we tokaý perileriniň, esasan xem adamlaryň żandarlara, ösümlmklere, daşlara we daglara, xatda ýyllyzlara öwrülişi xakyndaky rowaýatlar beýan edilýär. Poemanyň içine ine şol rowaýatlardan 250 sanagy girizilipdir. Ýanan we Rim edebiýatynda xiç kim Owidiniň «Metamarfozalary» ýaly gözel weażaýyp epik dessan döredip bilmändir.

Şaxyr öz eserinde dünýäniň döredilişi, ýaşaýşyň peýda boluşy, ynsanyň binýat edilişi, ilkinži adamlaryň durmuşyndan başlap, soňra dört döwri ýagny, altyn, kümüş, mis, demir döwürleri teswirleýär.

Owidiniň dörediżiliginiň soňky önümleriniň biri «Gamgyn elegiýalardyr». Owidiniň dörediżiligi zamandaşlarynyň arasynda örän giňden ýaýrapdyr we olara uly täsir edipdir.Olar şaxyryň eserlerini uly xöwes bilen okapdyrlar.

Soraglar we ýamuşlar.

1. Oktawian kimiň goşunlaryny eňip tagta çykýar?
2. Oktawiana näme üçin Awgust diýip at berýärler?
3. Wergilä näme üçin Rim edebiýatnyň baýdakçysy diýip at beripdirler?
4. «Eneida» poemasynyň mamunyny aýdyp beriň.
5. Owidiniň ömri we dörediżiligi xakynda nämeler bilýäňiz?
6. «Metamarfozalar» diýip nämä aýdylýar?
7. «Söýgi sungady» eserinde näme xakynda gürrüň edilýär?
8. Nartsis xakyndaky metamarfozany aýdyp beriň?
9. «Söýgi dawasy» poemasynyň mazmunyny aýdyp beriň?
10. Owidini näme üçin sürgin edýärler.

Peýdalanylan edebiýatlar.

1.K.Ataew. Daşary ýart edebiýaty. Aşg.1983.

3. A.Alimuxamedow. Antik adabiýot tarixi. Toşkent 1975.

## ORTA ASYRLAR EDEBIÝaTYNA UMUMY SYN

### Gadymy Kel`t Eposy

Işiň meýilnamasy.

1.Ilkidurmuş düzüminiň dargamagy we feodalizm żemgyetiniň peýda bolmagy.
2. Orta asyrlar edebiýatynda xalk eposlary.
3. Kel`t eposy.

Daýanç düşünżeleri. Dünýäde täze żemgyetiň emele gelmegi. Orta asyrlar edebiýatynda gadymy dünýä. Xalk eposlary we olaryň çeperçiligi.

Orta asyrlar edebiýaty antik gul eeçiligi żemgyetiniň ornuna dikilen feodalizm gurluşy esasynda emele gelipdir. IV-V asyrlarda Rimde gul eeçiligi krizise duş gelýär. Şäxerler öz görnüşini ýitirýär, xünärmentçilik, söwda-satyk, medeniet yza gaýtýar.

Rim imperiýasynda gullar aýawsyz eksplotatsiýa edilýärdi. Iri gul eeleri gullaryň zäxmetine arzan işçi güýżi sypatynda seredýärdi. Gullaryň beýle eksplotirlenmegi olaryň gozgalaňyny emele getirýärdi. Bulardan başgada «warwarlar» Rim żemgyetine xowp salýardy. Şeýlelikde gullar bilen kolonlaryň gozgalaňy xem-de warwarlaryň Rime çozup girmekleri netiżesinde V asyrda Rim gul eeçiligi żemgyeti dargaýar. Gul eeçiligi żemgyetinde uly orun eelän gadymy dünýä- antik żemgyetiň xarabalarynyň ornuna täze formatsiýa- feodalizm emele gelýär. Feodalizm IV-V asyrlarda emele gelip, XI-XV asyrlarda ýokary dereżä göterilýär we XVI-XVII asyrlarda ýamrulyp başlaýar.

Bu döwürlerde tutuş Ewropa dien ýaly latyn dilini kabul edýärler. Soňra latyn dili şiweler bilen baýydylyp özbaşdak roman dilleri diýilip atlandyrylýar. Gadymy Kel`t taýpalarynyň köp bölegi romanlaşdyrylýar, oldara xiristianlyk, latyn dili we Rim medenietiniň täsiri siňdirilýär.

Orta asyrlar edebiýatynyň emele gelmegine üç sany çeşme- xalk dörediżiligi, antik sungaty we xiristian dini belli bir dereżede täsir edipdir. Munda esasan xalk poeziýasynyň orny örän ulydyr. Iň gadymy poeziýanyň nusgalary zäxmet aýdymlarydyr. Sebäbi bu aýdymlar zäxmet protsesinde emele gelendir.

Orta asyrlar edebiýaty on asyrdan artygyrak döwri öz içine alýar. Bu bolsa öz gezeginde iki basgyża bölünýär. A) urugçylyk żemgyetiniň ýamrulmagy

we feodalizmiň emele geliş döwrüniň edebiýaty, b) ösen feodalizm döwriniň edebiýaty.

Orta asyrlar edebiýatynyň başlangyç etaby X asyra çenli bolan döwri öz içine alýar.

Günbatar Rim imperiýasy ýamrulandan soňra onuň Erine bir topar özbaşdak döwletler emele gelýär. Britaniýada ýaşaýan kel`t taýpasy xem özbaşdaklyga ee bolýar. Emma az wagtyň içinde olary anglo-sakaslar basyp alýarlar.

Kel`t taýpalarynyň durmuşy we urp-adaty xakyndaky xalk poeziýasy esasynda ýawaş-ýawaşdan gaxrymanlyk eposy emele gelýär. Bu eposlar wagtyň geçmegi bilen käbir aýdymçylar tarapyndan Erine etirilýär. Aýdymçylar iki topara bardlara we filidlere bölünipdirler. Bardlar lirik poeziýa bilen, filidler bolsa kanunlar, uruglaryň däp-dessurlaryny beýan edýän epik poeziýa bilen meşgullanypdyrlar we olary aýdymçy-xekaýaçy diýip atlandyrypdyrlar.

Filidler epik xekaýalary sistemalaşdyrypdyrlar. Olar esasan, gyş giželeri knýazyň köşginde gaxrymanlaryň başdangeçirmeleri xakynda xekaýa edipdirler. Bu kyssalar «saga» diýilip atlandyrylypdyr.

Irlandiýa gadymy kel`t medenietiniň merkezi bolupdyr. Kel`t kyssalary sýažetiniň dürli-dürliligi, mazmunynyň giňligi, diliniň aýdyňlygy, gaxrymanlaryň ruxy ýagdaýynyň aýdyň teswiri bilen tapawutlanýar. Irland eposynyň iň gadymy görnüşi ulad tsikilindäki kyssalardyr. Bu kyssalar demirgazyk Irlandiýada ýaşaýan ulad taýpasynyň arasynda täze asyryň başlarynda gadymy formada ýüze çykypdyr.

Kyssalardaky wakalar ulod karoly Konxobar, onuň egeni pälwan Kuxulynyň durmuşy we başdangeçirmeleri bilen baglylykda ösüp barýar. Irland eposlarynda özara ganly uruşlar, tire-taýpa dessurlary, olaryň urugçylyk döwürlerindäki xudaýlaryna sygynyşy we şulara meňzeşler beýan edilýär. Bu eposyň ilkinži nusgalaryndan biri «Usnexiň ogullarynyň kowluşy»dyr.

«Ulardlaryň karoly Konxabaryň köşk bagşysy Fedel`miniň öýünde söxbet gidip durka içki žaýdan çagažygyň aglaýan sesi gelýär. Fedel`miniň aýalyny çagyryp bu sesiň sebäbini soranlarynda ol bu ses meniň içimden çykdy diýip aýdýar.Dana Katbad enäniň içinde ažaýyp gyz bäbegiň bardygyny, onuň adyna Deýrdre goýalžakdygyny we bu gyz dogulyp esse boýa galandan soňra örän köp adamlaryň ganynyň dökülžekdigini aýdýar. Uladlar bu sözlerden gorkup gyza ölüm diýip gygyrýarlar. Konxobar bolsa muňa garşy bolup, gyzy öz saraýynda terbieläp, ulalandan soňra özüne aýal edip alžagyny aýdýar. Gyzžagaz dünýä inenden soňra çyndan xem köşkde terbielenýär. Gyzyň at owazasyny eşiden Usnexiň batyr ogullary ony görmegiň kül-küline düşýärler. Köp kynçylyklardan soňra olardan biri- Naýsi gözel gyz Deýrdre bilen duşuşýar. Şondan soňra üç aga-ini maslaxatlaşyp gyzy alyp gaçýarlar. Emma xaýsy ýarda barmasynlar karol Konxobar olary yzarlaýar. Şondan soňra olar Şotlandiýa barýarlar, ýaşyryn erlerde agyr durmuş geçirýärler, öz ömürlerini

saklap galmak üçin Şotland karolyna xyzmaktär bolmaga mežbur bolýarlar.Gyzyň gözelligi xakyndaky gürrüň Şotland karolynyň xem gulagyna baryp etýär. Ol gyzy özi üçin soraýar.Gyz onuň xaýyşyny reet edenden soňra bular başga bir ada baryp ýaşap başlaýarlar.Bu wakalardan xabar tapan Konxobar olaryň günälerini geçendigini, arkaýyn gaýdyp gelip öz ýartlarynda ýaşap bilžeklerini mälim edýär.Karol şeýle aldaw bilen Usnexiň ogullaryny ele salýar we olary ölüme xöküm edýär.Ol Deýdräni alžak bolýar, Emma gyz xyýanatçy Konxobary we žellat Eogany länetläp, öz söýgüsine wepaly bolup galžagyny aýdýar we arabadan özüni gaýa oklar pažygaly ýagdaýda aradan çykýar».

«Usnexiň ogullarynyň kowluşy» örän giňden ýaýran gadymy irland kyssalarynyň biri bolup, kel`tler tarapyndan döredilen söýgi xakyndaky ažaýyp çeper ýadygärlikdir. Kyssanyň mazmuny «Tristan we Izol`da» xakyndaky esere örän ýakyndyr. Bu eseriň asyl nusgasy biziň döwürlerimize gelip etmändir. Onuň X asyrda göçürilen ýazma nusgasy we agzeki wariantlary bardyr. Gadymy kel`t eposlary örän köp kyssalara bölünýär. Kysalaryň köpüsi Kuxuliniň batyrlygy xakynda söz açýar. Ýaşaýyş we ölüm üçin üçin göreşen Kuxulin diňe bir gowy pälwan bolman, eýsem, xakyky ynsan xem bolupdyr. Antik eposlardaky Odisseý, Eneý ýaly nämälim ülkelere- «O dünýä» syýaxat eden Kuxulin ol erdäki ylaxy güýçlere tersin seretýär. Kuxulin ölende xem ýykylyp ölmegi özüne namys bilip, bir daşa özüni guşak bilen daňyp dik durup žan berýär.

Ulad tsikli kyssalaryndaky şaxslaryň xiç birini Kuxulin bilen deňemek mümkin däl. Ol efsanawyý gaxrymanlyk xäsietlerini özünde žemlän, Irlandiýany duşman xüžüminden goramak üçin žan eden bir gaxryman sypatynda suratlandyrylypdyr.

Kel`t kyssalaryndaky xer bir gaxrymanyň özbaşdak xäsieti teswirlenipdir. Fergus sadalygy, Ket gaxaržaň we reximsizligi, Naýsi edermen we ynsanperwerligi, Emer ärine wepalylygy bilen tapawutlanýar. Irland gaxrymançylyk eposlary bilen bir xatarda, fantastik gurluşly kyssalar xem orta asyr xalk poeziýasynyň gowy nusgalary sypatynda üns berilmäge mynasypdyr. Olaryň arasynda söýgi temasyndaky «Beýli xakynda kyssa», «Etaýyna söýgi», deňizçiler bilen bagly «Febeliň ogly Brannyň ýüzüşi» kyssalary meşxurdyr.

Gadymy Kel`t eposy Günbatar Ewropa edebiýatyna örän uly täsir etirdi. Köp ýazyžylar irland efsanalarynyň sýažetlerine ýüzlendiler. Meselem beýik iňlis dramaturgy Şekspir «Ýaz gižesindäki düş» eserinde «Etaýyna bolan söýgi» kyssasynda teswir edilen adam we sidiň (peri) arasyndaky söýgi gatnaşyklaryndan öndümli peýdalanypdyr.

.

Soraglar we ýamuşlar.

1. Feodalizm gurluşy näxili emele gelipdir?

2. Gadymy orta asyrlar edebiýady we medenieti xakynda nämeler bilýäňiz?
3. Orta asyrlar edebiýaty näxili döwürlere bölünipdir?
4. Orta asyrlar xalk poeziýasy barada nämeler bilýäňiz?
5. Kel`t kyssasy diende nämä düşünýäňiz?
6. Kuxulin xakynda kyssalar türkmen edebiýatynda xaýsy eposa ýakyn?

## Mowzuk. XII-XIII asyrlarda rytsar-kurtuaz edebiýaty.

Meýilnama.

1.Feodal-Rytsar gatnaşyklarynyň gelip çykyşy.
2. Prowans poeziýasy. Trubadurlar lirikasy.
3. Trubadurlar lirikasynyň esasy żanrlary.
4. Kurtuaz-Rytsar romany.
5. «Tristan we Izol`da» dünýä edebiýatynyň ażaýyp romany.

Daýanç düşünżeleri. Feodal-rytsar gatnaşyklarynyň gelip çykyşy. Rytsarlaryň erine-etiren işleri. Prowanslar xakynda düşünże. Trubadurlar kimler. Olaryň lirikasy, esasy żanrlary we esasy wekilleri. Kurtuaz- rytsar romanlary. Dünýä edebiýatynyň dürdänesi bolan «Tristan we Izol`da» romanynyň mazmuny.

X-XII asyrlaryň dowamynda Frantsiýa şeýle xem günbatar Ewropanyň köp döwletlerinde feodallaşmak tamamlanyp, feodal işläp çykaryş usuly ýola goýalypdy. Döwletiň depesinde karol oturýar we ol beýleki feodallar üçin sin`or-sýazern xasaplanýardy. Karolyň wessallary- uly er eeleri graf, gertsog, episkop we başgalar öz graflyklarynyň töwereginde garaşsyz xökümdarlyk edýärdiler. Olar köpinçä karola xem boýan egmändirler. Kiçiräk baronlar uly graf we gertsoglary sinor diýip atlandyrypdyr. Baronlara kiçiräk feodal we rytsarlar boýan egipdir.

Rytsar- öz xożaýynyna wepaly, onuň mal-mülki we abyraýyny goraýan we krepostnoý daýxanlara garşy göreşmäge xemme wagt taýýar duran urşuży.

Feodallaryň arasyndaky dowa xemişe urş bilen çözülipdir. Bu uruşlaryň agramy bolsa zäxmetkeş xalkyň gerdenine düşüpdir.

Orta asyrlarda rytsarlyk xarby-feodal işçileriniň özüne maxsus möxüm xäsietleri belgilenipdir. Ýawaş-ýawaşdan onda täze dessurlar peýda bolup başlapdyr. Indii rytsardan öz sinoryna wepaly, rastgöý bolmak bilen birlikde, dini goramak, eżizlere ýardam bermeklik wezipeleri xem talap edilip başlanýar. Dabaraly rytsar kada-kanunlaryny döretmekde XII-XIII asyrlarda ýüze çykan rytsar edebiýaty xem belli bir dereżede rol` oýnapdyr.

Rytsar edebiýaty orta asyrlarda «feodalizmiň merkezi bolan» Frantsiýada emele gelýär we günbatar Ewropanyň başga döwletlerinde şekillenýän rytsar edebiýaty üçin nusgalyk xyzmatyny Erine etirýär.

XII asyrda Frantsiýada sxolistik garaşlar bilen dünýewi predmet arasynda göreş üżeýär. Şol döwürlerde gurulan Pariż uniwersiteti bütin orta asyr Ewropasy üçin medeni ożak wezipesini erine-etiripdir.Butxana terkidünýäçilik ideologiýasyna garşy göreş, antik dünýäniň klassyk ýazyżylary we meşxur alymlarynyň eserlerini öwrenmäge bolan gyzyklanma bilen utgaşyp gidýär. Butxana ierarxiýasyny inkär edýän eraslyk-bid`atçylar xeerketi güżeýärdi. Demokratik xäsietdäki bid`atçylar ruxyň bakylygy xakyndaky dini garaşlary inkär edýärler.

Şäxerleriň ösmegi we şäxerara söwda we xünärmentçiligiň ýola goýalmagy butxana degişli bolmadyk xususy mekdepleriň açylmagyna getiripdir. Bu bolsa öz gezeginde dünýewi predmetleriň ösmegi üçin zemin döredipdir. Bu bolsa tälim işlerinde butxana monopoliýasyna berilen uly zarbady.

Bu döwürde Awerroesiň materialistik xäsietdäki garaýyşlary Ewropada giňden ýaýrapdyr. Awerroes ady bilen mälim bolan arap alymy Ibn Roşd grek alymy Aristoteliň materialistik taglymatyna daýanyp, erkin pikirini öňe sürüpdir, dünýäniň xudaý tarapyndan ýaradylmagy we ol dünýä xakdaky dini garaýyşlary inkär edipdir. Awerroes materiýa xemişe bardyr, tebigatdaky xemme xadysalar ylaxy güýże dälde belki tebigat kanunlaryna boýandyr diýip aýdýar. Şol sebäpli xem musulman dindarlary onuň yzyna düşüpdirler we ony Kordowadan çykaryp goýberipdirler. Onuň materialistik garaşlary goňşy ýartlara-da ýaýrap başlapdyr. Pariż uniwersitetiniň köp magistrleri onuň täsiri bilen katolik butxana taglymatyna garşy çykyp başlaýarlar. Ösüp baryan şäxer ilatynyň antifeodal ruxyetini beýan edýän sxolast-logikleri «eresler» diýip atlandyryp butxana tarapyndan gaty żezalapdyrlar.

Orta asyrlarda şäxerleriň peýda bolmagy we ösmegi, söwdanyň ösmegi, Gündogara edilen salb ýörişleri żemgyetiň medeni ösüşine xem täsir edýär. Basypalyżylykly uruşlary alyp baran rytsarlar özleriniň öňki däp-dessurlaryny saklan ýagdaýynda, täze şertlerde näxilidir bir ruxy-estetik ideal döredipdirler. Gündogar bilen bolan gatnaşyklar rytsarlaryň medenietini giňeltmäge ýardam edýär.

Saxylyk rytsarlaryň uruş we göreşinde goşmaça bir ýagdaý bolan bolsa, XII asyra gelip ol rytsar edebiýatynda beýan edilýän gaxrymanyň esasy xäsietine öwrüldi. Rytsar diňe mert bolmak bilen çäklenmän, eýsem kurtuazça näzik tebigatly, owadan, syzgyr we mylaýym bolmagy şert dien talap xem goýalýar.

Rytsar poeziýasynda xakyky manysyndaky söýgi dälde.ýa eýsem dar töwerekdäki adamlaryň oýanlary beýan edilýärdi. Şeýle bolsa-da onda näzik ynsanylyk duýgy, durmuş lezzeti, gözellige ymtylmak, durmuşy realistik aňlamak beýan edilýärdi.

Rytsar lirik poeziýasy xalk aýdymlary esasynda döredilenligi üçin ol saz bilen xor bolup aýdylýar. Rytsar roman we powestleri bolsa gaxrymançylyk eposlary ýaly aýdym görnüşinde aýdylman okalýar.

Rytsar edebiýatynyň täze ugry onuň özüne xas täze stilini ýüze çykarýar. Onuň dilindäki «gödek żümleler» sykyp çykarylyp, sözleri nepisleşip başlaýar. Fantastik wakalary suratlandyrmak güýçlenip başlaýar.Bu bolsa rytsar poeziýasynyň aristokratik xäsietdediginden derek berýär.

X asyryň başlarynda Günorta Frantsiýanyň Prowans welaýaty özbaşyna döwlet bolup bölünip çykýar. Prowansda daýxançylyk we ýüpekçilik giň ösüpdi. Günbatar we gündogar döwletleri bilen deňiz söwdasynyň güýçlenmegi Prowansyň ykdysady güýżiniň ene xem pugtalanmagyna täsir etdi. Bu ülke medeni tarapdan xem nusga bolup galýar.

Prowansda aristokratik toparlara däl-de şäxer söwdagärler toparlaryna ýakyn bolan maglumatly we täzelige maýyl bolan rytsarlar ýüze çykýar. Şol döwürlerde «prowans milleti» Ewropa ösüşiniň başynda durupdyr. Olar täze döwrüň beýleki milletlerinden ilkinżi bolup öz edebi dilini döredipdirler. Prowans poeziýasy äxli roman xalklary, xatda nemis we iňlisler üçin xem şol wagtda etip bolmaz dereżede nusxa bolup xyzmat edipdir.

Ilki bilen Prowans feodal sinorlary dünýewi rytsar` medenietini beýan edýän kurtuaz poeziýasy ýüze çykypdyr. Bu edebiýat köşge mas «Kurtuazça» owadanlygy, aýallara görä mylaýymlylygy, edepliligi talap edipdir. Aýallar kul`ty- aýallary xormatlamak Prowans şaxyrlary – trubadurlaryň dörediżiliginde esasy orun eeleýär. **Trubadur sözi- prowansça- trobar (frantsuzça-truwer)- tapmak, dörediżilik etmek** dien manylary bildiripdir. Çeper stil` üstinde işlemek xem şu manydan gelip çykypdyr.Prowans aýdymçylary – trubadurlaryň arasynda rytsar we feodal asylzadalarynyň wekilleri köp duş gelipdir. Şol sebäpli xem Prowans aýdymçylarynyň söýgi lirikasynda rytsaryň feodala wepaly xyzmat edişi, sýazern-wassal gatnaşyklary xakyndaky kada saklanyp galypdyr. Trubadur özüni baý aýalyň wassaly diýip xasap edýär. Onuň gözelligini wasp edýär we ony ideallaşdyrýar. Onuň söýgüsi «gaýgyly» bolsa-da «lezzetli»dir.

Trubadurlaryň lirikasyndaky söýgide şertli zatlar, zenana kurtuazça xyzmat etmek saraýyň urp-adatynyň bir görnüşi sypatynda beýan edilmegine seretmezden, onda rytsar kada-kanunlarynyň nikaby astynda ynsany duýgular xem öz beýanyny tapypdyr. Emma bu lirika xakyky maşgala söýgüsi xakyndaky poeziýa däl-di. Şeýle xem bolsa trubadur şaxyrlary olary ýazdylar. Trubadur şaxyrlarynyň şygyrlarynyň kafyýasy örän kyn we köpdürli bolupdyr. Olar şygyrlaryň mazmunyna we kapyýasyna uly üns beripdirler.

Esasy żanrlar:- Biziň günlerimize çenli etip gelen trubadur şaxyrlarynyň sany 500 artyk bolup, olaryň 40 ýakyny meşxur şaxyrlardyr. Trubadur aýdymçylarynyň döreden esasy edebi żanrlary: 1.**Kansona**- söýgi şygyrlary bolup, onda esasan söýgi we dini tema beýan edilipdir. Bu żanrdaky şygyrlar nepisligi we bentleriniň çylşyrymlylygy bilen tapawutlanypdyr. 2.**Sirwenta-** esasan syýasy xäsietdäki, şaxsy meselelere bagyşlanan şygyrlardyr. Şaxyr munda öz duşmanyna garşy xüżüm edýär. 3. **Tentsona-** söýgi, edebi-pelsepewi temalarda iki şaxyryň arasynda şygyr bilen aýdylýan dialogdan ybarat. 4. **Al`ba** – ýa-da säxer aýdymy bolup munda rytsar öz dostunyň

kömegi arkaly giże söýgülisi bilen duşumaga baryşy xakynda aýdylýar. Daň atyp başlamagy bilen dosty «Daň» aýdymyny aýdýar we rytsary xüşgär edýär.5. **Pastorela-** temasy boýança Al`ba ýaly aýratyn bir wakany beýan edýän liriki şygyr bolup, köpinçä dialogdan ybarat kiçike p`essa meňzeýär. Onda rytsar bilen çopan gyzynyň duşuşygy we olaryň arasyndaky gatnaşyklar teswirlenýär.6. **Matam goşgusy-** xaýsydyr bir abyraýly adamyň ölümine bagyşlanyp aýdylýan şygyr.

Trubadur lirikasynyň esasy aýratynlyklarynyň biri onda real ýaşaýyş, durmuş şatlyklarynyň beýan edilmegidir.

Rytsar lirikasynda beýan edilen söýgi, durmuş şatlyklary rytsar romanlarynyň xem esasy temasy bolypdyr. Rytsar romanlaryndaky söýgi feodal axlak printsiplerine boýan edilen, göterinki ruxda, fantastik reňklerde teswirlenilipdir. Şeýle xem gaxrymanlaryň psixologik ýagdaýlaryna xem aýratyn üns berilipdir.

Rytsarlyk lirikasy ýaly rytsar romanlary xem ilki frantsiýada döreýär we soňra beýleki ýartlara ýaýraýar. Ilki rytsar romanlaryny ýazmakda antik edebiýadyň materiallaryndan peýdalanypdyrlar, sebäbi gadymy edebiýatda söýgi xossalaryny we başdan geçirmelerini beýan edýän çeşmeler örän köp.

Rytsar romanlaryndan meşxurlarynyň bir Tristan we Izol`da romanydyr. «Breton» ýa-da Artur Ady bilen mälim bolan kel`t ertekileri okyżyny fantastik dünýä alyp girýär. Kel`t rowaýatlary esasynda döredilen Tristan we Izol`da xakyndaky sýażet XII asryň ortalarynda örän köp edebiýatçylar tarapyndan işlenipdir. Emma onuň asyl nusgasy saklanyp galmandyr. Ondan etip gelen bölekler we başga dilere edilen terżimeleri deňeşdirmek esasynda eseriň fabulasyny, umumy belgilerini we ideýa-mazmunyny diklemek mümkin bolupdyr.

Tristan we Izol`da xakyndaky dessanlary iki topara bölmek mümkin. Birinżisi frantsuz żonglýory (aýdymçy-bagşy) Berul we nemets şaxyry Eýl`kart fon Oberginň işlän köne primitiw şeklini saklan nusgalary, ikinżisi iňlis-norman şaxyry Gomas we nemis şaxyry Gotfrid we başgalar tarapyndan taýýarlanylan nepis kurtuaz nusgalarydyr.

«Enee-atadan ir etim galan Tristan köp kynçylyklary başyndan geçiripdir. Daýysy Kornuolyň karoly Mark ony terbielemek üçin rytsar` Guwernala tabşyrypdyr. Ażaýyp pälwan rytsar bolup etişen Tristan Markyň köşgünde xyzmat edip, uly gaxrymançylyklar görkezýär. Ýardy Irlandiýa paż tölemekden azat etmek ugrunda Irland rytsary Morol`t bilen uruşýar we ony eňýär, Emma duşmanyň zäxerlenen gylyżyndan ýaradar bolýar.Tristanyň ýarasy uzak wagtlap bitmeýär. Mundan gaty gören Tristan karoldan özüni gämä mündirip suw akymyna salyp goýbermeklerini soraýar.Deňizde iki xepdeläp ýüzen Tristan Irlandiýanyň kenaryna çykýar we arfasyny düzüp ażaýyp saz çalýar. Sazyň owazyny eşiden karol we aýaly kenara gelýärler.Tritan bu ýarduň Irlandiýa ekenligini bilenden soňra, öz eňen rytsary Moroldy ýatlap gaýga batýar we özüni ýaraly bir biçäre we bagtsyz rytsar` edip görkezýär. Karol dana we akylly gyzy Izol`da arkaly onuň ýarasyny

beżerip bolżakdygyny aýdyp ony köşge getirýär. Tristan tiz güçinde sagalýar we Irlandii topragyna xowp salyp duran aždarxany öldürýär we Kornuolyň karoly Markyň köşgüne gaýtýar. Markyň adamlary Tristanyň abyraýyndan we döwlediň eke-täk mirasxory bolżagyndan gorkup, karol öýlenmeli we xökman perzent görmeli diýip talap edýärler. Şundan soňra Mark Irland karoly Anżiniň akylly gyzy altyn saçly Izol`dany alyp gelmegi buýrýar.Bu agyr işi Tristan beżerýär. Xyzmatkärler Izol`da bilen karol Mark üçin taýýarlanylan «Söýgi şerbedini» bilmäni suwsyzlykdan xalys bolan Tristan bilen Izol`da içirýärler. Şol pursatdan bir birlerini söýüp galan bu iki ýaş żuwan özlerini dünýädäki iň bagytly adamlar xasap edýärler. Emma rytsarlyk burçy gyzy Marka bermäge meżbur edýär. Mark Izol`da öýlense-de.ýa olar gizlie duşuşyp durýarlar.Bu syry duýan Mark uly gaýga batýa rwe söýgüliler tutulyp otda köýdürilmeli diýip buýryk berýär.Köşk adamlaryndan biri Izol`dany gynap öldürmeli ony pisleriň ýaşaýan obasyna taşlamaly diýýär.mark bu pikir bilen ylalaşýar.Žezalamak üçin alynyp barylýan Tristan sakçylaryň birini öldürip gaýa rwe pisleriň obasyna sürgün edilen Izol`dany alyp gidýär.Gynçylykda gaty agyr durmuşda ýaşasalar xem olar örän bagytlydy.Bularyň tokaýda ýaşaýandyklaryny eşiden karol Izol`dany tutdyryp getirdýär.Ýalňyz galan Tristan Breten şäxrine geçip gidýär.Ol erde Breten melikesi ak bilen Ady bilen belli Izol`da öýlenýär. Uruşlardan birinde Tristan ene-de agyr ýaralanýar. Onuň agyr derdini ene-de öňki Izol`da beżerip bilýärdi. Şol maksatda Kornoula Izol`dany getirmek üçin deňizçiŽenetsi goýberýär we egerde ony getirýän bolsa gämä ak elken, getirmeýäe bolsa gara elken dakmagy aýdýar. Baxyl ak bilen melike Izol`da bolsa ak elkenli gämini görüp gara elken diýip Tristana xabar berýär. Bu şum xabar agyr ýatan Tristanyň ömrüne nokat goýýar.Izol`da söýgülisiniň ölüminiň üstüne gelýär we ol xem xasrat bilen şu erde aradan çykýar.Karol Mark olaryň żesetlerini başga-başga erlere żaýlatýar.Emma Tristan bilen Izol`danyň gabyrlarynyň üstünden iki sany agaç ösüp çykyp olar bir-birleri bilen çyrmaşyp gidýärler. Karol ol agaçlary gaýta-gaýta kesdirip taşlatsa xem olar ene-de ösüp çykypdyr.»

Romanda kel`t ertekilerindäki pażygaly wakalar saklanyp galypdyr. Emma gadymy taýpalaryň urp-adatlaryny beýan edýän belgiler frantsuz rytsar däp-dessurlary bilen çalşyrylypdyr.

Romanda ynsany söýgä we başgada dünýewi xadysalara uly üns berilmegi eseriň gymmatyny artdyrypdyr.

Soraglar we ýamuşlar.

1. Feodal-rytsar gatnaşyklary xaçan ýüze çykypdyr?
2. Rytsar bolmak üçin xaýsy kada-kanunlara boýan egmeli bolupdyr?
3. Ilkinżi rytsarlar xaýsy ýartda döräpdir?
4. Prowans poeziýasy diende nämä düşünýäňiz?
5. Trubadurlar kimler we olar näxili temada eser döredipdirler?
6. Trubadurlar lirikasynyň esasy żanrlary xaýsylar?

7. Rytsar romanlarynyň dünýewi xäsieti?
8. Rytsar romanlary xaýsy tsikllere bölünipdir?
9. Antik tsikli bilen Breton tsikliniň arasyndaky tapawudy düşündirip beriň?
10. «Tristan we Izol`da» romanynyň temasy we ideýasy?

# Mowzuk. Gaýtadan döreýiş döwrüniň edebiýatyna umumy syn.

## Italiýa edebiýaty. Dante Aligeriniň ömri we döredižiligi.

Meýilnama.

1. Renessansyň ýagny gaýtadan döreýşiň emele gelmeginiň sebäpleri we şertleri.
2. Italiýada gaýtadan döreýiş döwrüniň edebiýaty.
3. Dante Alig`eriniň ömri we döredižilik ýoly.
4. «Gudratly komediýa» eseriniň temasy we ideýasy.

Feodalizm şertlerinde şekillenip başlan kapitalistik gatnaşyklar Günbatar Ewropada Renessans (oýanyş) xereketiniň emele gelmegine mümkinçilik döretdi. Dünýä medenietiniň taryxynda Renessans ady bilen ýöredilýän bu xereket ilki Italiýada (XIV) we köp wagt geçmänkä Ewropanyň beýleki ýartlarynda xem başlandy.

Şaxsyetiň erkinligini we ynsanyň tebygy ymtylyşlaryny goraýan gumanistik xereket ýüze çykdy. Dini garaýyşlardan xalas, realistik mazmundaky antik medeniete bolan gyzyklanma güýçlendi. Orta asyrçylyk ideologiýasyna garşy we antifeodal xäsietdäki bu xadysalar «iň beýik progressiw özgeriş»- Oýanyş döwrüniň möxüm belgileridi.

Gaýtadan döreýiş döwrüniň medenietiniň äximieti onuň feodal düzgüne we butxana garşy ideologik göreş alyp barşy bilen kesgitlenilipdir. Öňde baryžy bilimli adamlar xristian taglymatyna, sxolistika, mistika, asketizme garşy göreşipdirler. Şaxsyetiň erkinligi we ony din syrtmagyndan azat etmek xem-de dünýewi medeniet döretmek üçin öz bilim we güýçlerini sarp eden bu «titanlar» özlerini gumanistler diýip atlandyrypdyrlar. Bu söz latynça «xumanus» ynsanperwerlik dien sözden gelip çykypdyr.

Gaýtadan döreýiş döwrüniň möxüm xäsietlerinden biri antik medeniete bolan gatnaşyklarydyr. Gumanistler antik döwre gaýtmak maksadynda däl-de, eýsem, özleriniň öňdebaryžy pikirlerini delillendirmek we gelžege ynam bilen gadam taşlamak üçin uzak geçmişiň beýik akyldarlarynyň döredižiligine ýüzlenipdirler. Orta asyrçylyk feodal-butxana ideologiýasyna garşy göreşde gadymy döwrüň dünýewi xäsietdäki edebiýaty we sungady uly kömek edipdir. Gumanistler umumy antik medenietini däl-de, eýsem onuň ösen

klassyk döwri, Rim respulikasynyň axyry we imperatorlyk düzgünleriniň meýdana gelen döwründäki medeni mirasy xer taraplama öwrenipdirler. Olar grek we rim edebiýatynyň dürli žanr we şekillerine däl-de, olaryň taryxy çeşmelerine, ideýasyna, mazmunyna xem uly üns beripdirler.

Italiýan alym we ýazyžylary, şolar xatarynda birinži gumanist Bokkaçço unudylan gadymy golýazmalary tapmaga girişýär.

Ewropa Gaýtadan döreýiş xereketiniň ilkinži watany – Italiýada kapitalistik senagadyň ilkinži şekili-manufaktura ýüze çykýar. Ýarduň birnäçe şäxerlerinde söwdagärlik çalt depginler bilen ösýär. Wenetsiýa we Genuýa söwda bilen meşxur bolsa, Florentsiýa işläp çykarmak we bank işleri bilen şöxrat gazanýar. Bu erde ýüň we ýüpekçilik senagaty çalt ösýärdi. Işçileri bir kärxana toplaýarlar we olary eksplotirlemek güýçlenýärdi.

Renessans ýagny gaýtadan döreýiş XIV asyryň ikinži ýarymyndan başlanýar we XVII asyra çenli dowam edýär. Bu döwürde Italiýan medenietinde misli görülip eşdilmedik dereżede täzelikler ýüze çykýar. XIII-XIV asyrlaryň dowamynda Italiýa şäxerlerinde 22 sany uniwersitet açylýar. Olarda ylaxyet ylmy däl-de, eýsem, xukukşynaslyk, meditsina ylymlary öwredilýär. Oýanyş döwründe ital`ýan teswiri sungaty xem pažarlap ösýär. Şäxerleriň ösmegi netižesinde arxitektura, xeýkeltaraşlyk we suratkeşlik sungaty, çeper edebiýat kämilleşýär. Ital`ýan gumanist ýazyżylary klerikal ruxdaky edebiýatdan peýdalanyp, dini sýażetleri real wakalar bilen baglamaga xereket edipdirler.

Bu döwürde teswiri sungat görülip eşdilmedik dereżede ösýär. Bütin dünýä iki sany «tebygy gudratyň» Leonardo da Winçiniň we Mikelanželonyň gudratynyň öňünde sesiz durdy. Bu beýikleriň xataryna Rafael` xem goşulýar. Rafaele gallam bilen däl-de nepesi bilen çyzan suratkeş diýip at berýärler.

Gaýtadan döreýiş döwri Italiýa edebiýatyny öwrenmek orta asyrlaryň soňky beýik wekili we Renessansyň žarçysy Dante Alig`eriniň edebi döredižiligini öwrenmekden başlanýar.

Orta er deňziniň kenarlarynda erleşen we şol döwürde ösen döwlet xasaplanan Italiýa Gündogar bilen Günbataryň arasynda söwda gatnaşyklarynyň ösmeginde möxüm rol` oýnady. Şol sebäpli Italiýa şäxerleri çalt ösüp, feodallaryň zulmundan azat bolup başlaýarlar. Garaşsyzlyga eten şäxerlerde respublikaçylyk düzgünleri ornadylýar. Azat şäxerler söwda-satygyň merkezine aýlanýar.

Merkezleşen xäkimieti emele getirmek üçin göreşen dworýanlar partiýasy-gibellinler german imperatoryna daýanýar. Söwda-xünärmentler partiýasy gwel`fler bolsa papa başçylygynda milli döwlet düzmäge xereket edýärler. Bu mesele boýança Iki partiýanyň arasynda uly urş turýar. Dantäniň döredižiligi we syýasy-pelsepewi garaýyşlary ine şeýle syýasy göreşleriň içinde şekillenýär.

Dante Alig`eri 1265 ýylda Florentsiýada köne dworýan maşgalasynda dünýä inýär. Emma maşgalasy aristokrat mümkinçiliklerini ýitireni üçin onuň atasy gwel`fler partiýasyndady. 1283 ýylda Dante wraçlar we aptekaçylar

töweregine agza bolýar. Ýaş Dante orta asyr mekdebinde okaýar. Bilimini çuňlaşdyrmak üçin frantsuz we prowans dillerini öwrenýär. Edil beýlekiler ýaly ol xem antik edebiýat, esasan xem Wergiliniň döredižiligi bilen içgin gyzyklanýar. Dante döredižilige gaty ir başlaýar we lirik goşgular ýazyp başlaýar.

Dante dworýanlaryň partiýasy gibellinlere garşy göreşýär. 1301 ýylda ol şäxer edarasyna saýlanýar. Ak gwel`fleriň xatarynda durup, öz şäxrini papa Banifatsiý VIII-niň syrtmagyndan azat etmek üçin bar güýžüni aýaman göreşýär. Emma papanyň partiýasy eňiş gazanandan soňra Florentsiýadan kowulan Dante gedaýçylykda gün geçirýär. Ol Weronada, Mantuýa we Parižde ýaşaýar. Ömrüniň soňky ýyllaryny Lukka we Rawennada geçirýär.

Dante öz döredižiligini lirik şaxyr sypatynda başlaýar. Ol žemgyet xakyndaky garaýyşlaryny beýan etmekde Awerroes taglymatyna daýanýar. XIII asyr ital`ýan lirikasynyň we Dantäniň döredižiliginiň ösmegine diňe bir latyn edebiýaty däl, eýsem, arap şygyr düzlüşi xem täsir edipdir. Gündogar edebiýatynyň motiwleri Florentsiýa Sitsiliýa we Prowans trubadurlarynyň eserleri esasynda geçipdir. Dantäniň poeziýasynyň iň gowy nusgalary onuň «Täze durmuş» ýygyndysyna girizilipdir.

Otuz sany goşgyny öz içine alýan «Täze durmuş» ýygyndysy 1283-1291 ýyllar aralygynda ýazylan bolup, olar şaxyryň söýgülisi Biatriçä bagyşlanandyr. Bu ýygyndyda şaxyryň söýgüsi, şirin xyýallary Biatriçäniň ölüminden soňky ony gurşap alan xasrat bilen goşulyp gidýär.

Şaxyr dokuz ýaşyna girende özi bilen deňdeş Biatriçäni görýär we ony söýüp galýar. Şondan dokuz ýyl geçenden soňra olar ene-de duşuşýarlar. Gyzyk açyk ýüz bilen tagzym edişi şaxyry oda salýar. Öýüne gaýdan şaxyr düş görýär we bu düşlerini özüniň birinži sonedinde teswirleýär. Biatriçäniň obrazy şaxyry döredižilik gözleglerine ylxamlandyrýar. Dante Biatriçäni päkize we göwnaçyk gyz diýip teswirleýär.

Awtobiografik xäsietli «Täze durmuş» ýygyndysy söýen kalbyň näzik ruxy axwalatyny beýan edişi bilen üns berilmäge mynasypdyr. Emma onda orta asyr dini-butxana edebiýatynyň widenie žanyrynyň elementleri-allegoriýa we simwolika xem bardyr. Eserde duş gelýän 9 san şaxyryň durmuşynda ýüze çykan möxüm wakalar bilen baglanyp gidýär. Bu toplamda mistik we simwolik elementler bilen bir xatarda täze realistik belgiler xem bar.

Biatriçe ölenden soň Dante özüni çalgytmak maksadynda ylmy-pelsepewi meseleler bilen meşgullanýar. Orta asyr sxolistik dünýägaraýşyny öwrenýär, natik edebiýaty bilen giňişleýin tanyşýar. Netižede axlaky-pelsepewi xäsietli «Zyýapat» traktatyny ýazýar.

«Gudratly komediýa»- Dantäniň döredižiliginiň kämilleşen wagtyndaky syýasy, pelsepewi we edebi işleriniň žemi sypatynda binýat bolan, ony «orta asyryň iň soňky we täze zamanyň ilkinži şaxyry» edip tanadan eserdir. Dante öz eserini «komediýa» diýip atlandyrýar. Ýazyžynyň wepatyndan soňra oňa «gudratly» sözüni goşýarlar. Bu sözden kitap dini xäsietli dine netiže

çykmaýar, eýsem bu at onuň çeperçilik żäxitden beýik eserdigini görkezmek üçin ulanylan.

Dante «Gudratly komediýany» döretmek üçin orta asyrlardaky «widenie» (xyýaly, erteki) żanyryndaky allegoriýa we simwolikadan peýdalanýar. Emma onda real durmuş bilen bagly möxüm meseleler teswirlenilýär.

Eseriň anyk düzülen çeper gurluşy bar. Xristian dininde görkezilişi ýaly ýazyży «o dünýäni» üç bölege- «Dowzax», «Arassalaýży», we «Żennede» bölýär. Eseriň xer bir kysmy 33 goşgudan ybyryt bolup, girişinde bolsa bir goşgy bar, żemi 100 sany goşgydan ybarat.

Dantäniň teswirlän «Dowzaxy» eriň merkezine guýguç şekilinde düşüp duran żaý bolup, onda 9 gatly çukurlyk bar. Günäkärler şu çukurlyklarda żeza çekipdirler. Näçe aşak düşülse żeza şonça agyr bolupdyr. Dante xristian ruxanylaryny gaty garalaýar we olary dowzaxyň axyrky gatynda erleşdirýär. Dantäniň teswiriçe «Arassalaýży» er şaryna garama-garşy erleşdirilen. Er bilen ony uly okean bölüp durýar. Okeanyň ortasyndaky adada bir dag bar. Dag edi kemerli bolup, olardan geçip barýan günäkäriň xer basgançakda bir günäsi ýawulýar.Edi basgançakdan geçende edi günä, gedemlik, içigaralyk, gazap, umytsyzlyk, tamakinçilik, görüplik we bozgakçylyk aýrylýar we ol żennede barýar. Żennet xem 9 gatdan ybarat bolup, rux näçe ýokary galsa, ol xudaýyň merxemedine şonça köpüräk miesser bolýar.

«Dante 35 ýaşlarynda garaňky tokaýda azaşyp galýar.Şol wagt ol günüň şöxlesi düşüp duran depelige garşy ýöräp barýark, üç ýyrtyży xaýwan,- ýolbars, gaplaň we möżek ýoluny kesýär.Şol wagt «garaşylmadyk dost» Rim imperiýasynyň şaxyry Wergili etip gelip, ony Dantä kömek bermek üçin Biatriçäniň goýberendigini aýdýar. Wergili Dantä kömek edenden soňra oňa ol dünýäni görkezýär.

Dowzaxyň girelgesinde żemgyet üçin çigit ýalżak peýdasy bolmadyk gorkaklar, nalażedeýinler ýatyrdy. Olaryň geçiren ömürleri tüsseden xem tiz dargap gidýärdi. Sebäbi olar dowzaxa xem mynasyp däldirler. Wergili şägirdine: «Seretde geçip gidiber» diýýär. Dante gorkaklaryň arasynda agyr ýagdaýda özüni taşlap giden partiýadaş ýoldaşyny xem görýär.

Şaxyr ussadynyň ýolbaşçylygynda dowzaxyň birinżi gatyna tarap ýola düşýär. Ol erde antik edebiýatynyň iri wekilleri- baş ussat Gomer, soňra Goratsiý, Owidiý we Lukiany görýär. Dante özüniň bu beýik ýazyżylaryň arasynda 6 orunda durżakdygyny ýatlaýar. Xristian dini taglymatyna görä gadymy dünýä adamlary, ýagny köpxudaýlylar żennede girip bilmeýärdi. Olar xem dowzaxa düşýärler, Emma ýazyży olara gowyrak erden er beripdir. Bu bolsa Dantäniň geçmişiň beýik sütünlerine gaty uly mäxir bilen seredendiginden derekdir.

Dowzaxyň ikinżi gatynda biderek keýpi-sapa berilenler çaň-tozana garylyp ýatyrdy. Olaryň arasynda Wawilonyň efsanawy melikesi Semiramida, Karfagen melikesi Didona, Müsür melikesi Kleopatra, owadan Elena, Paris we başgalaryň xasapsyz saýalary görünýärdi. Esasan xem iki sany ynsanyň saýasy açyk görünýärdi. Bular Paolo atly ýigit bilen Françeska da Rimini atly

gyzyň saýasydy. Françeska akylly we mylaýym ýigit Paola göwün berýär. Emma gyzy Paola däl-de onuň agasy- ata döwletiniň mirasxory bolan duýgur, emma gaty gelşiksiz Džançotta berýärler. Gyz özüniň aldanandygyny toýlarynyň ikinži güni bilip galýar. Džançotto iş bilen meýdana çykyp giden Paolo bilen Françeska wagytlaryny gowy geçirip başlaýarlar. Bir güni olar Lançelody bile okap başlaýarlar. Kitapdaky söýgülileriň bir-birinden posa alýan erini okanlarynda olar xem bilmäni ogşaşyp goýýarlar. Bularyň ýakynlyklaryndan xabardar bolan Džançotto olary gylyç bilen çapýar. Ýaşlar şu günäleri üçin dowzaxa düşýärler. Emma Dante gyzyň aýdyp beren bu agyr pažygasyny eşidip, Françeskanyň agyr ýagdaýyny duýup, bir ax urup xuşundan gidýär. Bu erede Dantäniň pikirleri biri-birine ters gelýär. Ol söýgüni günä diýip bilip olary dowzaxa salýar, ikinžiden, gyzyň xekaýatyny uly gynanç bilen diňläp olara gynanç bildirýär. Bu bolsa ýazyžyda täze döwre xas bolan gumanistik düşünžäniň emele gelýänligidir.

Dowzaxyň üçinži gatynda iýip-doýmaz nadanlar, dördünžisinde içigaralar xem-de zaýaçy papa we kordinallar, bäşinžisinde gaxar-gazabyny basyp bilmedik şalar žeza çekýärler. Altynžy gatynda dindarlar ýatyrdy. Bu erde ereslikde güman edilen papa Anastasii xem bar. Edinži gatynda zorlaýžylar, žellatlar özleriniň döken ganlarynyň içinde bulaşyp ýatyrdy. Sekizinži gatynda xer xili aldançylar, şanyny satanlar ot içinde azap çekýärdi. Öz şanyny ere uran papa Nikolaý III bir çukurda ot içinde ýatyrdy. Ol Dantä garap sen meniň ornuma geldiňmi diýip guwanýar. Dante bolsa seniň gözleýän adamyň men däl diýip geçip gidýär. Papa Nikolaý III erine papa Banifatsiý VIII gelmelidi. Bu gatda ogrylar xem žeza alýardy. Netižede, dowzaxyň 9 gatynda iň agyr ženaýat- xaýynlyk edenler buz üstünde žezalaryny çekýärdi. Olar bir-birlerini dişläp, saçlaryny ýolýardy. Esasan xem Ugolina pažygasyny teswirleýän epizod gaty gorkunçdy.

Wergili Dantäni dowzaxdan soňra edi gatdan ybarat «arassalaýža» eltýär. Günäsi gaty uly bolmadyk ruxlar şu gatlarda arassalanyp göni žennede gidýärler. Olar žennediň gapysyna etenlerinde Wergili gözden gaýp bolýar. Sebäbi ol xristian bolmadygy üçin žennede girip bilmeýär. Şol wagt Biatriçe peýda bolýar we Dantäni žennede girizýär. Ol Dantäni 9 gat žennede aýlaýar. Dante ol erde dünýewi döwlediň wekili imperator Genrix VII üçin aýratyn er goýalandygyny görýär».

Poemanyň birinži «Dowzax» bölümi, onuň ikinži «Arassalaýžy» we üçinži «Žennet» bölümlerinden çeperçilik tarapdan ýokary durýar, sebäbi onda dünýewi düşünželer bilen bagly bolan wakalar beýan edilen. Dante öz çeper priýomlarynda tebigat xadysalaryny xem uly ussatlyk bilen teswirläp bilipdir. Buzly kölde azap çekýän we suwa kä çümip, kä-te çykyp duran xaýynlary kellelerini suwdan çykaryp gurruldaýan gurbagalara meňzedipdir. «Olaryň kalblaryndaky sowuklyk we gaýgy gözlerinden xem duýalýardy»(«Dowzax»32 goşgy)

Dantäniň «Gudratly komediýa» eseri şübxesiz, dünýä edebiýatynyň ažaýyp eserleriniň xataryndan er aldy.

Soraglar we ýamuşlar.

1. Gaýtadan döreýiş ýa-da Renessans diende nämä düşünýäňiz?
2. Renessans xaçan we nirede peýda bolupdyr?
3. Oýanyş döwrüniň ýazyżylary näme üçin antik dünýä ýüzlenipdirler?
4. Ital`ýan edebiýatynda gaýtadan döreýiş xaçan başlanýar?
5. Dante Alig`eri xakynda maglumat?
6. «Täze durmuş» ýygyndysy kime bagyşlanypdyr?
7. Biatriçe kim we ol Dante bilen näxili gatnaşykda?
8. «Gudratly komediýa» eseriniň mazmuny we ideýasy.
9. «Dowzax» näçe gatdan ybarat we ol erde kimler żeza çekipdir?
10. «Arassalaýży» näçe gatdan ybarat bolupdyr?
11. «Żennet» näçe gatdan ybarat bolupdyr?
12. Wergili näme üçin żennede girip bilmändir?
13. «Gudratly komediýa» sende näxili täsir galdyrdy.

## Mowzuk. Françesko Petrarkanyň we Żowanni Bokkaççonyň ömri we dörediżiligi.

Meýilnama.

1.Petrarkanyň ömri we edebi dörediżiligi.
2.Liriki eserleri.
3. Bokkaççonyň ömri we dörediżiligi.
4.Bokkaççonyň ilkinżi eserleri.
5. «Dekameron» eseriniň ýazylyş taryxy.

Daýanç düşünżeleri. Oýanyş döwrüniň ilkinżi wekili Petrarka xakynda maglumat. Onuň gazanan üstünlikleri. Ýaşan erleri. Bokkaçço bilen Petrarkanyň dostlugy. Bokkaççonyň dörediżiligine antik dünýäsiniň täsiri. «Dekameron» ażaýyp nowella.

Ital`ýan gumanizminiň esasçysy Françesko Petrarka öz ömrüniň köp bölegini antik edebiýat ýadygärliklerini öwrenmäge bagyş eden, uly alym, we şaxyr sypatynda şöxrat gazanypdyr. Onuň atasy Dantäniň ýakyn dosty bolup, ol xem 1302 ýylda Gwel`fler tarpyndan Florentsiýadan kawulypdyr we Aretstsoda ýaşapdyr. Petrarka 1304 ýylda şu şäxerde dünýä inýär. Onuň atasy 1312 ýylda maşgalasy bilen Frantsiýanyň günortasyndaky papanyň ýaşaýan Awin`on şäxerine göçüp barýar we köşkde kätip bolup işleýär.Ýaş Petrarka bolsa şu şäxeriň ýakynyndaky bir obada ýaşap, latyn dilini we gadymy Rim edebiýatyny uly gyzyklanma bilen öwrenýär. Rl soňra xukukşynaslyk bilen meşgullanypdyr. 1326 ýylda ata-enesinden aýra düşen Petrarka okuwyny taşlaýar we Awin`ona gaýdýar xem-de ruxanylyk xyzmatyna girýär. Bu zatlar ony papa rezidentsiýasyna ýakynlaşdyrýar.

Petrarka gözel aýal Laura bagyşlap ýazan ilkinži sonetleri bilen Rime tanalýar.Ylym bilen gyzyklanýan abyraýly Rim dworýany Žowanni Kolonna 1330 ýylda Petrarkany öz köşgüne teklip edýär we antik ýazyżylarynyň eerlerini öwrenmäge giň mümkinçilikler döredip berýär. 1333 ýylda şaxyr Frantsiýa, Germaniýa, Finlandiýa syýaxat edýär. Syýaxatlar Petrarkanyň syýasy garaýyşlaryna uly täsir edýär. Indii ol Awin`ona gaýdyp ol erde ýaşap bilmežegini bilýär we ondan 15 kilometr uzakdaky Woklýaz obasynda ýalňyzlykda ýaşaýar. Bu erde ýaşan döwründe şaxyr örän öndümli işleýär. Onuň latyn dilindäki «Afrika» poemasy xem-de Laura bagyşlanan şygyrlarynyň köpüsi şu erde döräpdir we bu eserler şaxyra uly şöxrat getiripdir. Gadymy dünýä şaxyrlarynyň däplerine görä 1341 ýylda Kapitoliýada Petrarka eňiş täžini geýdirýärler. Şol wagtdan başlap Petrarka Italiýa ýazyżylarynyň baştutanyna aýlanýar. Onuň ady diňe bir öz ýardunda däl, eýsem, çet illerde xem tanalýar. Papa Kliment VI we başgalar ony kätiplik wezipesine teklip edenlerinde, garaşsyzlygyny ýitirmekden gorkan Petrarka bu wezipäni reet edýär.

Petrarka xem edil Dante ýaly çeper edebýat bilen öz zamanasynyň syýasy durmuşyna täsir etmek, watanynyň Milli birligini emele getirmek üçin göreşýär. XIV asryň 50 ýyllarynda Petrarka döwürdeşi Bokkaçço bilen ýakynlaşýar we olaryň arasyndaky gatnaşyk uly dostluga syrygýar. Öz ömrüniň soňky ýigrimi ýylyny şaxyr ilki Milanda, soňra Wenetsiýada ondan soňra Paduede geçirýär. Petrarka Milanda ýaşan wagtynda «Xer xili bagytsyzlyga garşy çäreler xakynda» (1358-1366) traktatyny ýazýar. Ömrüniň axaranda uly gumanist Padueniň ýanyndaky Arkwa obasynda ýaşap 1374 ýylda şu erde aradan çykýar.

Petrarka Ital`ýan oýanyş döwrüniň iň ilkinži wekili, dünýä edebiýatynyň xazynasyna uly goşant-goşan şaxyrdyr. Ol antik ýazyżylary Tsitseron bilen Wergiliniň dörediżiligini uly üns bilen öwrenýär, olary usat diýip atlandyrýar.

Petrarkanyň latyn dilinde ýazan «Afrika» poemasy gadymy Rim klassyk edebiýatynyň iri wekili Wergiliniň «Eneida» poemasyna öýkünmek esasynda döredilipdir. Tamamlanmadyk bu eserinde şaxyr Rim milli gaxrymany, Afrikany azat ediżi Stsipionyň eňişlerini teswirleýär. Petrarka öz poemasy üçin sýażedi Rim taryxçysy Tit Liwiden alýar.

Petrarka Prowans aýdymçylary we ital`ýan şaxyrlary ýaly söýgi lirikasy bilen xem meşgullanýar. Ol 1327 ýylda ybadanxanada owadan ýaş aýaly görüp ony söýüp galýar. Ol öz şygyrlarynda şol gyza Laura adyny berýär. 1348 ýylda bu aýal aradan çykýar, şondan soň xem Petrarka oňa bagyşlap şygyr ýazmany bes etmeýär. Şaxyryň söýgülisi xakyndaky şygyrlary «Kantson`ere» (Goşgular kitaby) diýip atlandyrýar. Soňra Petrarka bu kitaby «Madonna Lauranyň durmuşy» we «Madonna Lauranyň wepaty» diýip iki bölüme bölýär.

Petrarkanyň lirikasynyň taryxy äximieti örän ulydyr. Sebäbi ol Ital`ýan poeziýasyny mistika we allegorizmden arassalap «Günä» diýilip xasaplanylýan söýgi we dünewi duýgulary aýtmaga ýol açdy.

**Żowanni Bokkaçço.** Ital`ýan Oýanyş döwrüniň ikinżi bir iri wekili Żowanni Bokkaçço alym we edebiýatçy bolup, şol döwürde «nazara ilmez» diýilip xasaplanylýan nowella żanyryny ýokary göterdi, onuň realistik we demokratik ugurlaryny belgiläp berdi.

Bokkaçço 1313 ýylda Parižde dogulýar. Eżesi aradan çykandan soň ony Italiýa alyp gidýärler. Bokkaçço Florentsiýa bilen Neapolda ösüp ulalýar. Atasynyň islegi bilen söwdagärlik we xukukşynaslyk bilen meşgullansada, antik ýazyżylarynyň eserleri bilen içgin gyzyklanypdyr.

Bokkaççonyň etginżeklik döwri (1327-1340) Neapolda geçýär. Bu erde ol gumanistler bilen ýakynlaşyp grek dilini we antik edebiýatyny öwrenmäge başlaýar. Täze dostlarynyň kömegi bilen karol Robert Anżuýskiniň köşgündäki edebi birleşmä gatnaşýar.

Bokkaçço dörediżiliginiň birinżi döwründe rytsar romanlaryny gaýta işlemek bilen meşgullanýar. Ol «F`ezolan perileri» poemasynda çopançylyk temasyna ýüzlenýär. Eser antik miflere, esasan xem Owidiniň «Metomarfozalaryna» öýkünmek esasynda ýazylan. Eserde F`ezolan depesiniň ýanynda goşulýan iki derýa- Afriko we Menzolanyň näme üçin iki söýgüliniň ady bilen atlandyrylýanlygy teswirlenilýär.

«Xeniz F`ezolan şäxeri emele gelmedik gadym zamanda şu depelikde xudaý Diananyň penasynda birnäçe periler ýaşapdyr. Olaryň arasyna girip baran çopan Afriko ýaş peri Menzolany söýüp galýar. Ýigit xudaý Weneranyň maslaxaty bilen gyzlaryň eşigini geýip, gyz bilen duşuşýar we köňlüni soraýar. Periler durmuş gurmazlyk üçin kasam edendikleri üçin Menzola Afrikonyň söýgüsini ret edýär. Emma gyzyň kalbynda baş göteren söýgi duýgulary äxli zatdan üstün çykýar we şeýlelikde ol ýigide maýyl bolýar. Emma köp wagt geçmänkä etmişine ökünip Afrikodan uzaklaşýar. Ýigit muňa çydamany özüni öldürýär.Onuň gany şu erden akyp geçýän kiçike derýa goşulany üçin, bu derýa Afriko Ady bilen atlandyrylyp başlaýar. Menzola perzentli bolup Xudaý Dianadan gizlenip gezýär. Emma ony görüp galan Diana gazap bilen ony kiçiżek derýa öwüripdir.Derýa F`ezalon depeliginiň ýanynda Afriko derýasyna goşulyp gidipdir we şol wagytdan başlap derýa Menzola ady bilen atlandyrylypdyr. Afrikonyň ene-atasy onuň perzendini uly mäxir bilen terbieläpdirler.Italiýa gelen titan Iapediň dana ogly Atlant F`ezalon şäxerini gurupdyr we perileri durmuşa çykarypdyr. Şeýlelikde bu erde täze medeni durmuş başlanýar.Afriko bilen Menzolanyň ogly ulalyp şol erde ýaşap başlapdyr. Menzola Afrikony sötsýýär we ony unutmak üçin öz-özüne garşy göreşýär.Bu göreş arkaly ynsanyň tebygy biologik talaby bilen dini asketik urp-adatlaryň arasyndaky garama-garşylyk açyp berilen. Emma ynsanyň tebigy islegi üstün çykýar.Söýüşenler öz arzuwlary üçin gurban bolýarlar».

Bokkaçço dörediżiliginiň ösen döwründe «F`ýametta» eserini ýazýar.Bu eser Günbatar Ewropa edebiýatynda birinżi psixologik roman, «näzik duýgy bilen doly söýgi kyssasydy».Ýazyży onda söýgülisi taşlap giden magşugyň duýgularyny we ruxy azaplaryny gaxrymanyň dilinden uly ussatlak bilen

xekaýa edýär.Romanda awtobiografik momentler xem bar. Meselem durmuşda F`ýametta Bokkaçça biwepalyk eden bolsa, romanda Pamfilo F`ýametta biwepalyk edýär.

Bokkaçço Ewropa edebiýatynda ilkinżi bolup aýallary öz orny, xäsieti, olaryň içki dünýäsi, duýgulary, guwanç we gaýgylary bilen real görkezip, psixologizme esas saldy.

Bokkaçço alym sypatynda döwürdeşi Petrarkanyň antik edebiýatyna degişli eden işlerini dowam etdirdi. Latyn dilinde birnäçe eserler xem döretdi. Onuň antik mifologiýasyna esaslanyp ýazan «Xudaýlaryň gelip çykyşy xakynda» atly kitaby döwürdeşleri üçin xer taraplama maglumat çeşmesi bolupdyr.

Bokkaççonyň iň ażaýp eseri «Dekameron» xekaýalar toplumydyr.Gumanistik ideýalara ýagrulan we wakalary realistik teswirleýżi «Dekameron» orta asyr dini asketizmineaýawsyz zarba beren Oýanyş döwrüniň birinżi uly eseridir.

Bokkaçço edebi ugurda xalk medeni däplerine ýakyn durypdyr.Ol xalk döredużiliginiň iň gowy nusgalaryny we antik edebiýatynyň baý mirasyny öwrenip, olardan döredużilikli peýdalanmak netiżesinde nowella żanyryny täze, ýokary basgançaga göteripdir.

«Dekameronda» ýüz sany nowella bar. Olar belli bir tertipde erleşdirilipdir. Nowellalaryň biri ikinżisi bilen sepleşip gidipdir. Beýle edebi usul gadymy gündogar (Müň bir giże), we antik (Metamarfozalar) edebiýatlarynda xem giňden peýdalanylypdyr. Emma bulardaky baglaýży xekaýalar żezany yza çekmek üçin girizilipdir.Bokkaçço bolsa baglaýży, täze nowelalary durmuşy wakalary, xäsietleri teswirlemek üçin ulanypdyr.

1348 ýylda Florentsiýada gorkunçly kesel ýaýrap, bu kesel köp adamlaryň ömrüni gyrkýar.Epidemiýa sag galan adamlaryň aňyna täsir edýär. Orta asyr dini urp-adatlary, odünýä xakyndaky gorkunçly pikirler ene-de güýçlenip başlaýar.Şeýle agyr ýagdaýda Bokkaçço täze pikirleri ýaýratýan eser döretmegi göz öňünde tutýar we «Dekamerony» ýazýar.

«Dekameronyň» giriş kysmynda bir topar florentsiýaly ýaş ýigit we gyzlaryň bu keseli başgaça ýagny batyrgaýlyk bilen garşy alyşy teswirlenilýär. Olar bu keseli aýşy-eşret bilen däl-de, akyl bilen eňmäge ymtylýarlar.Epidemiýa ýaýran şäxerden çykyp giden edi sany gyz we üç sany oglan Florentsiýanyň ýakynyndaky Erem bagyna baryp wagtlaryny şadyýana geçirmäge başlaýarlar. Olar on gün şu erde ýaşaýarlar. «Dekameron» sözi xem şundan gelip çykypdyr. Ol grek sözi bolup «On günlik» dien manyny aňlatýar. Olar xer günki oturlyşygy dolandyrmak üçin öz aralaryndan karol ýa-da melike saýlapdyrlar we xekaýalar aýdypdyrlar. Bir günde on adamyň xersi birden żemi on sany xekaýa aýdypdyrlar. Şeýlelikde on günde aýdylan xekaýalaryň sany ýüz bolupdyr. Xer bir günüň axyrynda ýazyży şu kollektiwiň durmuşyny şöxlelendiripdir.

Ynsanperwer Bakkaçonyň döredużiliginde söýgi uly orun tutupdyr. Ol söýgini dar, şaxsy lezzetleniş manysynda däl-de, eýsem, giň sotsial durmuş

bilen bagly görnüşde teswirläpdir. Onuň teswirinde söýgi adamy çydamly edýär, kynçylyklary eňmegi öwretýär we ynsanda gowy xäsietleri oýarýar. Bäşinżi günüň birinżi nowellasynda söýgi sebäpli xäsieti özgeren ýaş ýigit Çimone xakynda xekaýa edilýär.

«Kipr adasynda baý we açykgöwün Aristipp atly Adam ýaşapdyr. Onuň ogullaryndan biri Galezo belent boýly, göwresi gelşikli, emma tentegiräk bolupdyr.Mundan kakasynyň göwni galyp gezýär.Oňa ne mugalymynyň nesixatlary, ne-de kakasynyň taýagy täsir edýär. Ol ne okuwy ne-de edep-ekramy bilýär.Adamlar üstünden gülüp ony Çimone (xaýwan) diýip atlandyrýarlar. Çimone kakasynyň buýrygy bilen obadaky xyzmatkärleriniň arasynda ýaşap başlaýar. Olaryň xüý-xäsietleri Çimonä ýaraýar.Bir güni Çimone baxar paslynda çeşmäniň boýanda uklap ýatan gyzy görüp oňa aşyk bolýar.Ony oýadyp gyzyň owadan gözlerini synlamakçy bolýar, emma muňa xet edip bilmeýär.Efigeniýa bolan söýgi onuň kalbyndan er alýar. Ol kakasynyň ýanyna baryp oňa xem agalarynyňky ýaly egin-eşik alyp bermegini soraýar.Gyzyň wysalyna etmek islegi ony tiz wagtyň içinde sowatly we edepli ýigit bolmaga meżbur edýär.Şu söýgi sebäpli ol öz-özüni gaýta terbieleýär.Şeýlelikde Çimone köp kynçylyklardan soň gyzyň wysalyna etişýär»

Çimone «ynsan ażaýyp maxluk» dien netiżä gelýär. Onda peýda bolan täze aň Oýanyş döwrüniň açyşlaryndan biridi. Bokkaçço çenli xiç kim adamyň ynsanylygyny bütin dolylygy bilen açyp bermändi.Çimonäniň ynsan xakyndaky bu täze düşünjesinden soňra onda söýgi duýgusy peýda bolýar. «Dekameronda» gadymy dini urp-adatlardan azat söýgi üstün çykýar.

Orta asyr dini-asketik taglymatyna uly zarba beren Bokkaçço bu beýik eseri bilen ebedidir.

Soraglar we ýamuşlar.

1. Oýanyş döwrüniň edebiýatynyň esasy temasy?
2. Petrarka nirede we xaçan dünýä inipdir.
3. Petrarkanyň şygyrlar toplumynyň agalabasy Kime bagyşlanan?
4. «Afrika» eserini Kime bagyşlap ýazýar?
5. Petrarka gadymy edebiýady näxili öwrenipdir?
6. Petrarka eňiżilik täżi xaçan we nirede geýdirilipdir?
7. Bokkaççonyň dörediżiliginiň ilkinżi önümi xaýsylar?
8. Bokkaçço xaýsy żanrda eser döredipdir?
9. Petrarkanyň xaýsy işini Bokkaçço dowam etdiripdir?
10. «Dekameron» eseriniň döreýiş taryxy?
11. «Dekmeron» xekaýalar toplumynyň temasy we ideýasy.
12. Bokkaçço dünýä edebiýatynyň taryxyna näxili goşant goşupdyr?

# Mowzuk. Nemets we Frantsuz edebiýatlarynda gaýtadan döreýiş we onuň wekilleri.

Meýilnama.

1. Germaniýada oýanyş döwriniň emele gelmegi.
2. Oýanyş döwri nemets edebiýatynyň iri wekilleri.
3. XV-XVI asyrlarda frantsiýanyň żemgyetçilik ýagdaýy.
4. Fransua Rable we onuň dörediżiligi.

Daýanç düşünżeleri. Gaýtadan döreýşiň nemets we frantsuz döwletlerine girip gelmegi. Ilkinżi nemets we frantsuz gumanistleri. Fransua Rable we onuň ażaýyp eseri «Gargantýaa we Pantagrýael`» xakynda düşünże.

XV asyryň axyry we XVI asyryň başlarynda Germaniýa xem Ewropanyň beýleki ýartlary ýaly, «uly döwre» gadam basdy. Nemisleriň «Reformatsiýa» diýip atlandyran bu döwründe medeniet we edebiýat pażarlap ösüpdi. Emma bu döwürlerde Germaniýa bir bütewi döwlet däldi. Şol sebäpli xem ösüş ol erde ýagdaýa görädi. Germaniýada gumanistik xereket XV asyryň ortalarynda ýüze çykyp başlaýar. Şäxerleriň ösmegi, söwdanyň ýola goýalmagy ynsanperwerlik düşünżeleriniň döremegine itergi bolýar. Nemets gumanistleri grek we Rim klassykleriniň eserleri arkaly gadymy adamlaryň dünýewi durmuşy bilen tanyşýarlar. Netiżede antikligiň «ýagty obrazlarynyň öňünde orta asyryň kölegeleri görünmäni gidýär».

Öňdebaryży nemets gumanistleri özlerini antik edebiýatynyň we sungatynyň mirasdüşerleri diýip bilýärler we Germaniýany bolsa birleşen döwlet görnüşinde görmegi isleýärler. Olar öz göreşlerinde Italiýa ynsanperwerleriniň döreden ruxy baýlyklaryndan peýdalanýarlar.

Nements ynsanperwerleri XV asyryň başlarynda dini meseleler bilen xem içgin gyzyklanyp başlaýarlar. Olar «Mukaddes kitap»lary çuňdan öwrenmek üçin klassyk filologiýadan peýdalanypdyrlar.

Ilkinżi nemets gumanistik edebiýatynyň demokratik akymynyň iri wekili satirik ýazyży Sebost`ýan Brant (1457-1521) bolupdyr. Brant gadymy antik klassik edebiýady, latyn dilini içgin öwrenipdir. Emma ol eserlerini latyn dilinde däl-de, eýsem, nemets dilinde ýazmak bilen nemets milli medenietiniň ösmegine uly goşant goşupdyr. Brantyň «Nadanlaryň gämisi» atly satiriki şygyrlar toplumy býargerleriň arasynda uly şöxrat gazanypdyr.

XVI asyr nemets gumanistik xereketiniň ösmegine uly goşant goşan adamlardan biri Iogann Reýxlindir. Ýarist we filolog,taryxçy we teolog Reýxlin öz döwrüniň sotsial xereketlerine aktiw gatnaşýar, gadymy dilleri gowy bilen bu alym döwürdeşlerini grek edebiýaty bilen tanyşdyrýar, olaryň eserlerini latyn diline terżime edýär. Dramaturg sypatynda «Genno», «Sergiý» komediýalaryny ýazýar. Birinżi komediýasynda sud düzgünlerini, sudýalaryň tamakinçiliklerini garalasa, ikinżisinde xilegär monaxlar we olara ynanýanlary tankyt edýär.

Reýxlin dilşynaslyk ugrundan xem uly işleri edýär. Ol ýaxudy diliniň grammatikasyny we sözlügini düzýär.

Germaniýada Reformatsiýa xereketi Lýateriň papa xökümdarlygy astynda ýüz berýän bozgunçylyklara garşy çykyşy bilen başlanýar.

Martin Lýater (1483-1546) daýxan-känçiniň maşgalasynda dünýä inýär. Ol Erfurt uniwersitetiniň ylaxyet fokul`tetinde bili malýar. Okuwyny tamamlandan soň Awgustin manastyrynda xyzmat edýär, soňra Wittenbergde ylaxyet fakul`tetiniň professory bolýar. 1510 ýylda Rime baran Lýater papa xäkimietiniň merkezi xasaplanylan şäxerde ruxanylaryň bozuklyklaryny görenden soň şu wagta çenli eden şübxeleriniň dogrulygyna göz etirýär. Bu wagtlarda monax Tetsel xiç xili çekinmezden papa indul`gentsiýasy bilen söwda edýärdi. 1517 ýylda Lýater Wittenberg ybadatxanasynyň diwarlaryna katolik butxanasynyň eden-etdilerini paş edýän 95 sany tezisini ýapyşdyryp çykýar. Iki aradaky garpma-garşylyklar döwründe onuň taglymaty ene-de güýçlenýär.

Lýater nemets edebi diliniň normalaryny döretdi. Töwrady şol wagtlarda köpçülik üçin düşnükli bolan umumy nemets, ýagny saksoniýa diliniň grammatikasy esasynda terżime etdi. Ol nemets dilini latyn diline berk ýapyşan alymlardan däl-de, eýsem, öýdäki enelerden, köçedäki çagalardan, bazardaky ýönekeý xalkdan öwrenmeli diýýär.

Ezilen adamlaryň xökümdar gatlaga bolan närazylyklary xalkyň döreden çeper edebiýatynda xem peýda bolup başlady. «Xalk kitaplary» diýip atlandyrylan eserler gaxrymançylyk ertekilerini gysyp çykardy. Edebiýada çakgan, işçi we şadyýan ýönekeý adamlar girip geldi. Olar öz xak-xukuklaryny gorap, xökümdar synpyň wekillerini masgara etdiler.

«Xalk kitaplarynyň» döreýiş çeşmeleri dürliýae bolupdyr. Olaryň käbirler «Gözel Meluzina», «Pont we Sedoniýa», «Tristan we Izol`da», «Şaxly Zigfrid» we frantsuz we nemets epik dessanlary, rytsar` romanlary, xristian efsanalary we şwanklaryň prozaik beýanlaryndan ybaratdy.

**Frantsuz edebiýatynda Oýanyş.** XIV asyryň ortalarynda Italiýada peýda bolan Oýanyş xereketi XVI asyryň başlarynda Frantsiýada emele gelýär. Frantsuz Oýanyş döwrüniň edebiýatyna Italiýa belli bir dereżede täsir edýär.

Ilkinżi gumanistik garaýyşlaryň emele gelmegine we ösmegine Margarita edebi birleşmesi uly täsir edýär. Frantsisk I żigisi Margarita Angulemskaýa äri aradan çykandan soňra Nawarra karoly Genrix d, Al`brä durmuşa çykýar we Margarita Nawarrskaýa ady bilen tanalýar. Bu ylymly aýal edebiýat we sungat bilen meşgullanýan adamlara xemaýat edýär. Ol latyn, ital`ýan, ispan, gadymy ýaxudi dillerini öwrenýär, öz zexinini köp żanrlarda synap görýär, şygyr we xekaýalar ýazýar.

Margarita Nawarrskaýanyň dörediżiliginde «Xeptameron» atly nowellalar toplumy aýratyn orun eeleýär. Ital`ýan ýazyżysy Bokkaççonyň «Dekameronyna» öýkünip ýazylan bu kitap 100 sany nowelladan ybarat bolmalydy. Frantsuz «Dekameronyny» döretmäge girişen Margarita Bokkaçço ýaly on günlik wakany teswirleżek bolýar. Emma ol diňe 72

nowella- edi günlik wakany ýazyp bilýär. Margaritanyň ölüminden 9 ýyl geçenden soňra bu kitap «Edi günlük nowellalar» ady bilen neşir edilýär.Bu eserde gündelik durmuşda duş gelýän wakalar beýan edilipdir.

Frantsuz Oýanyş döwri edebiýatynyň iri wekili, beýik ynsanperwer ýazyży Fransua Rable Turen` welaýatynyň Şinon şäxerinde akwokadyň maşgalasynda dünýä inýär. Onuň kakasy Antuan Rable oglunyň ruxany bolmagyny isleýär we ony Şinon şäxeriniň ýakynyndaky erli abbatlyga okuwa berýär. Ol erden monastyra geçirilen ýaş Fransua şol wagtlarda gadagan edilen antik edebiýatyny uly xöwes bilen öwrenmäge girişýär, latyn we grek dillerini özleşdirip başlaýar. Gadymy döwür ýazyżylary, esasan xem Gomeriň eserleri xakynda Reformatsiýa döwrüniň wekilleriniň kitaplary onuň ünsüni özüne çekýär. Emma beýle kitaplary okymaklyga ýol goýmaýarlar. Şundan soň Rable manastyrda meżbury okadylýan ylaxyet ylmyndan daşary, pelsepe we anyk predmetler bilen meşgullanýar. Xalk durmuşy we onuň çeper döredżiligi bilen tanyşýar. 1503 ýylda Manpel`ýä gelip, meditsina ylmyny öwrenýär, grek medigi Gippokratyň «Aforizm»lerini derňäp berýär. 1532 ýylda Rable Lion şäxerindäki keselxanada wraç bolup işleýär. Meditsina ulgamynda uly özgerişler döredýär, beżermekdäki orta asyr usullaryny red edip, täze progressiw metodlary öňe sürýär.

Rable ömrüniň içinde üç gezek Italiýa barýar, gadymy Rim medeni ýadygärlikleri bilen tanyşýar, tebigy ylymlar bilen meşgullanýar, latyn dili bilen birlikde arap dilini xem öwrenýär. Pariże gaýdyp gelen Rable birnäçe wagt karol Frantsiskiniň köşgünde xyzmat edýär. Emma ýartda dynçlyk bolmanlygy üçin Rable ene-de daşary ýarda gidýär. Ol dini garama-garşylyklar kemelenden soňra ene-de öz watanyna gaýdýar we edebi döredżilik bilen meşgullanýar.

Rabläniň döredżiliginiň ażaýyp nusgasy «Gargantýaa we Pantagrýael`» romanydyr. Bu epopeýanyň ilkinżi kitaby 1533 ýylda Al`kofribas Naz`e taxallusy bilen «Uly pälwan Gargantýaanyň ogly dipsodlar karoly ażaýyp Pantagrýael`iň gorkunçly we örän güýçli xereketleri we gaxrymançylyklary» ady bilen peýda bolupdyr.

Uly degişme, güýçli gülki we näzik kinaýalar bilen perdelenip ýazylan eseriň çuň manysyna düşünmek üçin ýazyży ony uly üns bilen okamalydygyny aýdýar.

Rabläniň romany orta asyr durmuş düzgünleri we xäsietlerine, sxolistik ösüşe garşy aży satira sypatynda döredilen. Onda xyýaly bolsa-da gelżekki bagytly durmuş xakynda xalkyň umyt-arzuwlary beýan edilýär.

«Gargantýaa we Pantagrýael`» bäş kitapdan ybarat bolup, ony ýazmak üçin ýazyży ýigrimi ýyldan köpüräk wagt sarplaýar. Rabläniň Gargantýaa xakyndaky birinżi kitabynda şol döwürleriň gumanistlerini gyzyklandyrýan tälim-terbie, uruş we paraxatçylyk, gelżekki bagytly żemgyet näxili bolmaly dien ýaly meseleleriň üstünde pikir öwürýär. Bu romanyň bäşinżi kitaby ýazyży aradan çykandan soň neşir edilýär Eserde Panurg, Pantagrýael` we olaryň xemralarynyň başyndan geçiren wakalary beýan edilýär.

Rable wraç, uly gumanist we tebigatşynas alymdyr. Ol optimist satirik ýazyży. Onuň göreş guraly ýiti sözüdir. «Gargantýaa we Pantagrýael`» romany orta asyr garaňky dünýäsine we feodal düzgünlerine zarba beren frantsuz Oýanyş döwri edebiýatynyň beýik ýadygärligidir. Könäniň duşmany, bagytly durmuş gurmak üçin göreşen Rabläniň döredіżiligi özünden soň döredіżilik bilen meşgullanan döredіżilik adamlaryna ylxam bagyşlapdyr. Bu roman öz fantaziýasy, ażaýyp we geň wakalary, gaýry tebigy obrazlary we gözel teswiri bilen ýaşlaryň söýgüli eserleriniň xataryna girýär.

Soraglar we ýamuşlar.

1. Nemets edebiýatynda Oýanyş xaçan emele gelipdir?
2. Nemis edebiýadynyň ilkinżi gumanistleri kimler?
3. Lýateriň nemes edebiýatyndaky bitiren işleri?
4. Frantsuz Oýanyş edebiýatyna xaýsy edebiýat öz täsirini etiripdir?
5. Margarita Nawarrskaýa xakynda näme bilýäňiz?
6. «Xeptameron» eseri xaýsy ýazyża öýkünip ýazylan?
7. Fransua Rable kim bolupdyr we ol näxili bilimler alypdyr?
8. «Gargantýaa we Pantagrýael`» romany näçe kitapdan ybarat?
9. Rable näme üçin satiradan peýdalanypdyr.
10. Rable xristian dininiň xaýsy şaxasyna sygynypdyr?
11. Romanyň çeperçiligini derňäp beriň.

## Mowzuk. Angliýa edebiýatynda gaýtadan döreýiş

### Wil`ýam Şekspiriň ömri we döredіżiligi.

### «Romeo we Žul`etta» tragediýasy.

Işiň meýilnamasy.

1.Anglýada Oýanyş döwrüniň peýda bolmagy.
2.W.Şekspiriň döredіżilik dünýäsine girip gelmegi.
3.W.Şekspiriň awtorluk meselesi.
4.W.Şekspiriň döredіżiliginiň döwürlere bölünişi.
5.Romeo we Žul`etta tragediýasy.
6.Romeo we Žul`etta tragediýasynyň temasy we ideýasy.
7.Tragediýanyň obrazlar sistemasy.

D.d. Angliýa edebiýatynda Oýanyş döwri we onuň wekilleri. Wil`ýam Şekspir.Onuň ömri. Döredіżilik dünýäsi. Sonetleri.Tragediýalary,çeperçiligi, temasy, ideýasy.Şekspiriň awtorluk meselesi.

Anglýada Oýanyş xereketi Ewropanyň beýleki ýartlaryna seredende giżiräk peýda bolýar. Din we butxana gatnaşyklaryna bolan garaýyş gumanistler üçin örän möxüm meseledi. Bu döwrüň ýazyżylary geçmiş edebiýatynyň we xalk döredižiliginiň sýażet we çeperçilik detallaryndan öndümli peýalanypdyrlar. Bu döwürlerde drama we teatr sungaty pażarlap ösüpdir. XVI asyryň axyrlaryna baryp iňlis teatrlary öz ösüşiniň ýokarky basgançagyna etipdir. Lili, Kid, Marlo, Grin dagylar iňlis dramaturgiýasynyň ösmegine uly goşant-goşupdyrlar. Oýanyş döwri Leonardo da Winçi, Al`brext Dýarer, Žordano Bruno, Kopernik, Rable we Serwantes ýaly beýik ýazyżylary orta çykardy. Olaryň arasynda iň xormatly orunlardan birini,şübxesiz, dünýä dramaturgiýasynyň beýik wekili Wilbýam Şekspir eeleýär.

Beýik şaxyr we dramaturgyň terżimexalyna degişli maglumatlar örän az saklanyp galypdyr. Onuň durmuşyna we döredižiligine degişli materiallar döwürdeşleriniň beren maglumalaryndan we ýatlamalardan ýygnanylypdyr we doldurylypdyr.

Wil`ýam Şekspir1564 ýylyň 23-aprelinde Merkezi Anglýanyň Stretford şäxerçesinde dogulýar. Ol maşgaladaky 8-çaganyň üçinżisi bolupdyr.Atasy Žon Şekspir gönden ellik tikýän xünärmen bolup, söwda bilen xem meşgullanypdyr. Ol uly abyraý gazanyp şäxer geňeşine saýlanýar we şäxer başlygynyň wezipesinde işleýär.

Wi`ýam ilki erli «Grammatika mekdebinde» okaýar. Bu erde esasan, latyn dili öwredilip, sxolistik logika we ritorikadan gysgaça düşünże berilipdir. Wil`ýam easan xem Rim şaxyry Owidiniň eserlerini uly gyzyklanma bilen okapdyr, emma okuwyny uzak dowam etdirip bilmeýär. Sebäb kakasynyň işleri yzyna gaýdyp, garyplaşyp galýar. 16-ýaşa dolmadyk Wil`ýam

Okuwyny taşlap, işe erleşýär.18 ýaşynda ol Anna Xetueý atly fermeriň gyzyna öýlenýär. Suzanna atly gyzy, Ýadef, Gamlet atly ogullary bolýar. Ol 1587-ýylda Londona barýar we teatra işe erleşýär. Ol ilki suflýoryň kömekçisi, soňra aktýor, soňra režisser, xatda teatry dolandyrmakda direktor bilen birlikde iş alyp barýar. Aktýorlaryň arasyndan çykyp uly abyraý gazanyp başlan bu täze dramaturgy käbir ýazyżylar görüp bilmeýärler.Meselem, Şekspiriň döwüdeşi dramturg Robert Grin ony aşaky gatlakdan çykyp, biziň perlerimize girip alan «garga», özüni «saxnany birden-bir lerzana getiriżi» diýip teswir edýän «ussat-bilermen » adam diýip kinaýa edýär. Şekspiriň dramaturgiýa ýönelişindäki döredižiligi köp taraply we täsirlidir. Şol sebäpli xem onuň garşydaşlarynyň köp bolandygy tebigy ýagdaý.

Şekspir 1599 ýylda birnäçe teatrdaşlary bilen birlikde täze açylan «Globus» teatryna işe girýär. Bu döwürde «Globus» teatryna Žems Berber, Wil`ýam Kemp ýaly talantly aktýorlar ýygnanyp, teatryň abyraýy örän uly bolupdyr. Şekspiriň döredižiliginiň iň gülläp ösen döwri şu teatrda işlän döwrüne gabat gelýär.

Beýik dramaturg1612 ýylda Londondan öz dogulan eri Stretforda göçüp gelýär we ondan soňra döredižilik bilen meşgullanmaýar.

Ýakow I xökümdarlyk eden döwründe feodal reaktsiýasynyň güýçlenip, teatrlaryň düýbünden köşk täsirine düşüp galmagy, aristokratik ruxdaky dramaturgiýanyň üstünlik edip, realistik xalky repertuarlaryň gysylyp çykarylmagy  Şekspiriň döredižiligi goýmagyna sebäp bolupdyr diýsek ýalňyşmarys.

Şekspiriň teržimexalyna degişli maglumatlaryň gaty azlygy sebäpli, onuň awtorlugyna şübxe salýan birnäçe ýalan pikirler xem gelip çykypdyr. Beýik ýazyžynyň döredižiligini öz döwürdeşleri we soňky ýyllarda ýaşan adamlar inkär etmändirler.Meselem, dramaturg we şaxyr Ben Žonson Şekspiriň xatyrasyna bagyşlan şygyrynda ony «öz asyrynyň ýüregi» diýip belleýär. Gamlediň  roluny erine etiren, 17 asyryň axyrlarynda ýazyžynyň teržimexalyna degişli materiallary toplan meşxur aktýor Tomas Betterton, şeýle xem Şekspiriň birinži biografy Nikolas Rou xem onuň awtorlugyna şübxe etmeýärler. Diňe XVIII asyryň axyrlarynda Gürbatarda «Şekspirçilik meselesi» diýilip atlandyrylýan mesele gelip çykýar. 1772 ýylda Gerbert Lorens Şekspiriň adnyndaky dramalary filosof Frensis Bekon ýazypdyr dien pikiri aýtýar.1857 ýylda amerikaly Deliýa Bekon Şekspir xakynda kitap ýazyp, onda Şekspiriň galamyna degişli bolan eserleri filosof Frensis Bekon başlyklaýyn ýörite kružok agzalary ýazypdyr diýip belleýär.

Karl Bleýbtreý beýik dramaturgyň eserlerini graf Retlend ýazypdyr diýip aýdýar. Emma bu pikirler düýbünden esassyzdyrlar.

Şekspiriň döredižilik älemi üç döwre bölünýär. Xemmesi bolup ol iki sany poema, 154 sonet we 37 p`esa ýazypdyr. Döredižiliginiň birinži döwrinde (1590-1601) Şekspir poema we sonetlerinden başga, gaýtadan döreýiş döwrüniň xäsietini beýan etdirýän komediýalar, «Azaşmak komediýasy», «Weronaly iki ýigit», «Söýginiň biderek güýžeýşi», «Ýaz gižesindäki düş», «On ikinži giže», «Bu size ýaraýarmy», Anglýanyň taryxyndan alynan xronikalar diýilip atlandyrylýan taryxy dramalar, «Riçard III», «Karol Ioann», «Riçard II » we esasan, «Romeo we Žul`etta», xem-de «Ýaliý Tsezar`» atly iki meşxur tragediýasyny ýazýar.

Döredižiliginiň ikinži döwründe (1601-1608) Şekspiriň dramatik döredižiligi ene-de ösýänligi bilen tapawutlanýar. Orta asyrçylyk fedal zulmuna garşy göreş ruxy  bilen ýaşan ýazyžy buržuaz gatnaşyklaryna takydy garap başlaýar. Bu döwüde ýazyžy beýik gumanistik ideýalary we döwrüniň ýagdaýyny suratlandyrýan «Gamlet», «Otello», «Karol Lir», «Makbet», «Antoni we Kleopatra» ýaly eserleri döredýär.

Döredižiliginiň üçünži döwrinde (1608-1612) dramaturg tragikomediýalar- «Tsimbelin», «Gyş ertekisi», «Tupan» eselerini ýazýar. Bu döwürdäki döredižiliginiň möxüm tarapy şundan ybarat ol xem bolsa Şekspir durmuş kynçylyklaryny optimistik ruxda çözmäge ymtylyp, köpüräk romantik erteki sýažetlerine ýüzlenýär. Mysal üçin «Tupan» eseri ynsanyň gelžek tagdyryna ynam bilen garaýan ýazyžynyň ažaýyp xyýalynyň miwesidir.

Şekspiriň döredižiligi Günbatardaky gaýtadan döreýiş döwrüniň edebiýatynyň iň ýokarky basgançagy xasaplanýar. Bu döredižilik genial dramatik eserlerden we meşxur sonetlerden ybaratdyr.

Bütin ynsanyete degişli bolan, dünýä şöxrady ýaýran atlardan biri bolan Şekspiri xiç bolmasa eşidip bilmedik barmyka. Dramaturg sypatynda xäzir xem ol bilen xiç kim deňleşip bilmeýär. Onuň adynyň ýanyna diňe özüniň adyny ýazmak bolýar.

Şekspirň ilki uly dramatik eseri meşxur «Romeo we Žul`etta» tragediýasydyr. Wakalar Italiýada bolup geçýär. Feodalizm žemgyetindäki iň ýaramaz xasaplanan, ynsanyň gowy isleglerine, beýik söýgi duýgularyna, umuman sotsial ösüşe ýat bolan tire-taýpa duşmançylygy, printsipsiz garşylyklar iki biri-birini beýik söýýän we örän uly bagta ee bolmaga xakly bolan ýaşlaryň ýolunda keserýär, söýgüsini bogýar we olary ölüme getirýär.

Bu pażyga aşakdaky ýaly we aşakdaky sebäplere görä ýüze çykýar.

Iki xili, munuň daşyndan biri-birine duşman iki tire, şulara degişli bolan iki maşgala- Montekki we Kapulettileriň maşgalasy, olaryň biri –birine garşylyklary, onuň üstüne bu iki maşgalanyň olara garşy bolmagy. Ine şu iki tirä, iki maşgala degişli bolan iki ýaşyň durmuş gurmaklary, bagytly bolmaklary mümkin däl, muňa olaryň xak-xukuklary ýok, ölmekleri mümkin, emma bu sebäplere garşy çykmaklary mümkin däl.

Tragediýadaky baş pażyga- söýgüliler Romeo we Žul`etta pażygasy ine şudyr, ine şundandyr, ine şeýledir. Awtor muny genial görnüşde suratlandyryp-şöxlelendirip, pażyganyň sebäplerini çuň yzarlap, ynsanyň söýgi we azatlygy xakyda aýdýar, ynsanyň gadyr gymmatyny göklere göterýär.Eserde ynsan,onuň gowy nietleri, ýürek we wyždan azatlygy, söýgüsi, gadyr-gymmaty xemme zatdan, tire-taýpa meselesinden we baýlykdan ýokary durýar.Ýazyžynyň pikiriçe, ynsanyň gadyr-gymmaty, xak-xukugy, tagdyry onuň xaýsy tire ýada derežede ekenligi we näçe baýlygynyň barlygy bilen dälde, ynsanlyk xäsieti, ynsanperwerligi bilen ölçenilýär.

Meseläni beýik gumanist Şekspir ine şeýle goýýar, xekaýa edýär we özüniň söýgüli iki ýaş gaxrymanynyň pażygasyny olaryň oduna ýanan xalda görkezýär, feodalizmiň we antiynsanylygyň üstünden uly aýypnama çykarýar we şeýle eserini ynsanlara berýär.

Serediň, şeýlelikde iki bütinleý bigünä ýaşlaryň söýgüsi dünýä sygmaýar, dünýä bolsa olary özüne sygdyrmaýar.

Ine dialektika!

Şol döwür olary eňdi, emma söýgüsini eňip bilmedi, olaryň söýgüsi döwrüni eňdi.

Ine ene-de bir dialektika!

Umuman aýdanymyzda bu eser, biri-birine garama-garşy duran sotsial gatlaklar, duýgular we göreş dialektiasy, pażyga pelsepesi bilen ýagrulandyr.

Xowa, «Romeo we Žul`etta» tragediýasy ilki bilen döwrüne sygmadyk söýgi dessany bolup, şol söýginiň gudratyna we pażygasyna bagyşlanandyr. Onda söýgi, wepalylyk, azatlyk aktiw beýan edilen. Eseriň döredilenine näçe

ýüz ýyllar bolan xem bolsa, xäzir xem aladasy etik dünýäde söýüşenleriň xemaýatkäri, kömekçisi we göreşiżisi sypatynda xyzmat edip gelýär. Bu eser ilki bilen million-million ýönekeý adamlaryň kalbynda öz awtorynyň ebedi ýaşamagyny tämin eden iň beýik we xalky dramalardan biridir.

Soraglar we ýamuşlar.

1. W.Şekspir xaýsy ýarduň beýigi?
2. Şekspir näçenżi ýylda we nirede dünýä inýär?
3. Şekspir nirede bilim alypdyr?
4. Şekspir xaýsy teatrda işleýär?
5. Şekspiriň dörediżiligi näçe döwre bölünýär?
6. Şekspiriň awtorluk meselesini kimler inkär edýär?
7. Şekspir näme üçin dörediżilikden gidýär?
8. «Romeo we Žul`etta» tragediýasynyň temasyny aýdyp beriň?
9. Tragediýanyň baş pażygasyny düşündirip beriň?
10. Tragediýa näxili tamamlanýar?
11. Şekspiriň sonetleri xakynda aýdyp beriň?
12. Şekspiriň dörediżiligi xaýsy ýazyży şaxyrlara uly täsir edipdir?
13. Näme üçin geçen döwürde-de, xäzirki zamanda-da Şekspiriň dereżesine etip bilen dramaturg ýok?

# Mowzuk. XVII asyr edebiýatyna umumy syn. Klassitsizm edebiýaty.

Meýilnama.

1. Syýasy ýagdaý we edebi akymlar.
2. Klasitsizmiň emele gelmegi.
3. Klassitsizm edebiýatynyň esasy żanrlary.

Daýanç düşünżeleri. Bu döwürlerde Ewropanyň sotsial-syýasy ýagdaýy. Günbatar Ewropa edebiýatynyň realizm, klassitsizm we barokko atly edebi ugurlary. Bu ugurlaryň iri wekilleri.

XVII asyryň ortalarynda Günbatar Ewropa döwletlerinde feodal żemgyeti xaldan düşüp, Niderlandiýa we Anglýadaky gozgalaňlar orta asyrçylyk dolandyryş usuly we dini- butxana xökümdarlygyna zarba berip, feodal gatnaşyklarynyň doly emrilmeginiň çäginde durdy.

XV-XVI asyrlardaky uly açyşlar, täze söda bazarynyň açylmagy ynsanlaryň önderiżiligi üçin uly mümkinçilikler döretdi. Feodal sistemasy mundan beýleki ösüşe böwet bolýardy. Feodalizme garşy göreşde burżuazlar çykyş etseler-de, emma xakyky göreşi alyp baranlar daýxanlardy.

Oýanyş döwrüniň edebi däplerini dowam etdirýän XVII asyryň öňdebaryży ýazyżylary öz dörediżiliklerinde ölüp barýan dworýan-

aristokratiýasyny we onuň urp-adatlaryny masgara edýärdiler. Çeper edebiýatda aristokratiýa bilen gatnaşyk etmäge taýýar duran burżuaz synp wekillerini xem tankyt edipdirler.

XVII asyr Günbatar Ewropa edebiýaty realizm, klassitsizm we barokko atly üç sany edebi ugry öz içine alýar. Realizm edebi akymy Oýanyş döwrüniň ýazyżylarynyň däplerini dowam etdirýär. Bu edebi akymy wekileriniň biri bolan Lope de Wega öz komediýalarynda barokko ýazyżylarynyň pissimistik garaýyşlaryna şadyýan durmuşy garşy goýýar. Şarl` Sorel` xem «Fransionyň xakyky we gülküli durmuşynyň teswiri» romanynda dünýewi şatlyklary şöxlelendirýär.

Barokko orta asyr medenietiniň pese gaçmagy netiżesinde gelip çykan, absolýatizm güýçlenip barýan döwürde feodal-katolik reaktsiýasynyň täsirini beýan eden edebi akymdyr. Onuň esasy wekilleriniň biri dramaturg Kal`derondyr.

Klassitsizm XVII asyryň birinżi ýarymynda Frantsiýada emele gelen edebi akymdyr. Bu wagtlarda frantsuz karoly başyna giden feodallaryň garşylygyny ýatyryp, merkezleşen xäkimiet gurmak ugrunda göreş alyp barýardy. Syýasatda bolşy ýaly edebiýatda xem berk düzün ornaşdyrýarlar. Äxli dörediżilik protsesleri belli bir kada boýan egdirilipdir. Kardinal Rişal`e täze döredilen akademiýa arkaly edebiýada gözegçilik etmegi öz elline alýar. Klassitsizm kadalaryna boýan bolmadyk Kornel` we onuň «Sid» tragediýasy uly tankyda duş gelýär.

Klassitsizm ýazyżylaryndan birinżi nobatda döwlediň peýdasyny gözlemek talap edilýärdi. Şol sebäpli xem olar xalkyň ruxyny beýan edýän eserler ýazmaga xereket edipdirler.

Klassitsizmiň esasy printsiplerinden ene-de biri tebigata öýkünmek we real durmuşy şöxlelendirmek talabydyr. Şeýlelikde realizm klassitsistleriň estetikasyna ýat däl, emma ol çäklendirilendir. Onuň uly nazaryetçileriniň biri Bualo «Poeziýa sungaty» dien işinde «ýaman» tebigata däl-de, eýsem diňe «gözel» tebigata öýkünmäge çagyrýar. Klassitsistler ynsan durmuşyndaky möxüm wakalary açyp bermek ýaly möxüm wezipäni öňe sürmek bilen-birlikde, umumylygy xususy ýagdaý bilen bölüp goýýarlar, ynsanyň ruxy ýagdaýyny maddy durmuşa bolan islegi bilen baglydygyny bilmeýärler. Bu ýagdaýlar bolsa personażlary bir taraplama teswirlemäge eltýär.

Klassitsizm nazaryeti boýança, äxli edebi żanrlar «beýik» (tragediýa, epos,kasyda) we «pes» (komediýa, satira, epigramma) görnüşlere bölünýär. «Beýik» żanrlarda döwlet işleri, karol we xökümdar gatlagyň wekilleriniň xereketleri ýokary dereżede teswirlenmeli bolupdyr. «Pes» żanrda bolsa üçinżi dereżeli adamlaryň durmuşy gülküli saxnalarda beýan edilmeli bolupdyrlar.

Klassitsizm edebiýatynda drama żanry möxüm orny eeläpdir. Ondaky esasy printsip üç birlik kanunyna amal etmekdir. Olardan birinżisi wagt birligidir. P`sadaky bütin xereket bir günüň içinde bolup geçmeli. Ikinżisi-orun birligi- munda äxli xadysa we wakalar bir erde, bir binanyň içinde ýüz

bermeli. Üçinżisi- xereket birligi- munda eke-täk sýażet, ýagny esasy waka bir intriga amal etmeli.

Klassitsizm antik edebiýatyna öýkümek esasynda gelip çykan edebi ugurdyr.Klassitsist ýazyżylar Rim we grek sungatynyň pażarlap ösen döwründe döredilen eserlerinden täsirlenip, şol edebiýatlaryň nusgalaryny we kadalaryny özgermeýän, xemme döwür üçin bir xili xyzmat ediżi we nusga alarlyk döredżilikden ybarat diýip, olaryň nazary garaýyşlaryny we amaly üstünliklerini kabul edip alypdyrlar.

XVII asyr Günbatar Ewropa edebiýatynda öz döwrüniň äxli xadysalaryny żanlandyran Mil`ton, Kornel`, Rasin, Mol`er, Lope de Wega we Kal`deron ýaly ażaýyp ýazyżylar meýdana gelipdir. Olaryň könäni paş edýän eserleri xäzirki günlerde xem öz gymmatyny ýitirmäni gelýär.

XVII asyr iňlis edebiýatynyň uly wekili Mil`ton 1608 ýylda Londonda notariusyň maşgalasynda dünýä inýär. Başlangyç bilimi öwülýä Pawel ybadatxanasynyň ýanyndaky mekdepde alýar. Soňra Kembridż uniwersitetinde okaýar. Mil`ton syýasy meselelerde mugallymlary bilen żedelleşip wagtynça okuwdan çykarylýar. Ol uniwersitetine gaýdandan soňra okuwyny ýokary dereżede gutaryp, magistr dereżesini alýar. Ol Londona ýakyn erdäki atasynyň mülküne baryp, birnäçe ýyl edebiýat bilen meşgullanýar.1638 ýylda Ewropa boýlap syýaxat edýär. Frantsiýa barýar, uzak wagt Italiýada ýaşaýar, onuň edebiýaty we sungaty bilen tanyşýar.

Mil`tonyň döredżiliginiň ilkinżi basgançagy 20-30 ýyllary öz içine alýar. Ol uniwersitetde okap ýören wagtlaryndan başlap goşgylar ýazyp başlaýar. Emma bu şygyrlary çeperçilik taýdan pesiräk bolupdyr. Mil`ton döredżiliginiň soňky basgyżynda (60-70 ýyllar) ażaýyp eserleri «Ýitirilen żennet» we «Tapylan żennnet» poemalaryny we «Samson-göreşiżi» tragediýasyny ýazýar. 1660 ýylda karolyň buýrugy bilen onuň «Iňlis xalkyna xemaýat bermek», we «Buda garşy» atly kitaplaryny ýakyp taşlaýarlar. Mil`tonyň özi uly pul töläp, ölümden gutulýar.

Mil`ton «Ýitirilen żennet» epik poemasynyň sýażedini döretmekde töwradyň rowaýatlaryndan peýdalanýar. Poema 12 kitapdan ybaratdyr. Kitabyň girişinde xudaýa garşy baş göteren perişdeleriň eňilmegi görkezilýär. Gozgalaňçylaryň başynda erkinlige çykmak isleýän şeýtan duryardy. Emma żäxenneme taşlanan iblis we onuň ýaranlary eňilendiklerini boýan alman ene-de xudaýyň garşysyna göreşe taýýarlanýarlar. Poemanyň esasy ýaragy reaktsiýa garşy garadylypdyr, ondaky köp görnüşler şol döwrüň syýasy wakalary bilen bagly.

Poemada teswirlenen ikinżi waka- Adam bilen Ewanyň günäsi xakyndaky efsanadan alynandar. Bu eserde 40-50 ýylardaky syýasy wakalar umumylaşdyrylyp berilendir.

Mil`tonyň ikinżi poemasy «Tapylan żennet» dört kitapdan ybarat bolup, poemada şeýtan bilen Isusyň arasyndaky göreş beýan edilen, xristian efsanasy şöxlelendirilýär. Bu eserde şaxyryň «Ýitirilen żennet» poemasyndaky ýaly göterilişik etmek ruxy görünmeýär. «Ýitirilen żennetde» günä etmek

teswirlense, bu poemada günäni ýawmak beýan edilýär. Onuň esasynda ýalana gitmezlik, böwetleri eňmek we özüňe erk etmek netiżesinde ynsana żennet ýoly açylýar dien pikir ýatýar. Adam we Xowa ene şeýtanyň gepine gidip, günä batyp, żennetden kowulan bolsalar, olaryň soňky nesilleri bolan Isus gaty durup, şeýtanyň xilesine düşmäni, ony eňýär we şu ýol bilen ynsany xeläkçilikden saklap galýar.

Mil`tonyň bu eserleri dünýä edebiýatynyň altyn xazynasyna uly goşant-goşdy.

Soraglar we ýamuşlar.

1. XVII asyr näxili syýasy wakalary alyp geldi?
2. Klassitsizm edebiýatynyň esasy żanry xaýsy?
3. «Wagt birligi, orun birligi we xereket birligi» diende nämä düşünýäňiz?
4. Klassitsizm edebiýatynyň esasy wekilleri we olaryň eserleri?
5.Klassitsizm nazariesi boýança edebi żanrlar näçe topara bölünipdir we olar xaýsylar?
6. Żon Mil`tonyň dörediżiligi xakynda gürrüň beriň.
7. «Ýitirilen żennet» we «Tapylan żennet» poemalarynyň mazmuny we temasy?

# Mowzuk. Ispan Edebiýaty. Lope de Weganyň ömri we döredižiligi.

Meýilnama.

1. Ispan edebiýatynda Oýanyş döwrüniň realizmi.
2. Lope de Weganyň ömri we döredižiligi.
3. Drama eserleriniň mazmuny we temasy.
4. «Fuente Owexuna» eseriniň ideýasy we temasy.

Daýanç düşünželeri. Şol döwürdäki Ispan döwletiniň sotsial syýasy wakalary. de Weganyň ömri we edebi döredižiligi. Drama eserleri. «Goýanlaryň çeşmesi» dramasy, dramadaky esasy edebi obrazlar.

Ispan edebiýatynyň Oýanyş döwrüniň relistik teatryny ýokary dereżä götermekde uly goşant-goşan adamlaryň biri dramaturg Lope de Wegadyr.

Lope Felis de Wega Karp`o 1562 ýylyň 25 noýabrynda Madride xünärmendiň maşgalasynda dünýä inýär. Onuň kakasy Felis de Wega Astura daýxanlaryndan bolup, iş gözläp Kastiliýa gelip galýar we zergärlik bilen meşgullanýar. Lope Felis 1573 ýylda iezuitler mekdebinde, soňra Al`kala de Enarasi uniwersitetinde okaýar. 1576 ýylda kakasy aradan çykandan soň okuwyny taşlaýar. Lope de Wega şol döwrüň baý adamlarynyň elinde kätiplik edýär. 1588 ýylda meşxur suratkeşiň gyzy Izabel` de Urbina öýlenýär. Şol ýyly de, Wega «Eňilmez Armada» flotynyň Angliýa kenarlaryna eden ýörişlerine esger sypatynda gatnaşýar. Ýaş şaxyr gäminiň üstünde «Anželikanyň gözelligi» poemasyny ýazýar. Eňiliş bilen gutaran bu ýörişden gaýdan Lope de Wega birnäçe ýyl Walensiýada ýaşaýar, soňra Kastiliýada we Madridde ýaşaýar. Şol wagtlardan başlap ol täze ruxda ýazylan komediýalary bilen ispan milli dramaturgiýasynyň emele gelmegine we ösmegine esas saldy.

Lope de Weganyň bilimi örän giň bolup, ol xer xili žanrlarda öz güýžüni synap görüpdir, sonet, romans, kasyda, poema, pastorollalar, xekaýa, roman we dramatik eserler döredipdir. Dramaturg aradan çykandan soňra onuň biografiýasyny düzen şägirdi Peres de Montal`wanyň aýtmagyna görä Lope de Wega 1800 sany drama eserini ýazypdyr. Ýazyžynyň şu wagta çenli gelip eten p`esalarynyň sany 500 ýakyn bolup, olardan 50 sanysy dini temadaky dramalardyr.

1615 ýylda Serwantes onuň döredižiligine ýokary baxa berýär we şeýle diýýär: «Ol äxli komediýaçylary eňdi we öz xökümine boýan egdirdi, xem-de on müň saxypadan artyk komediýalary bilen dünýäni doldurdy. Onuň bilen bäsleşmäge xereket eden we onuň şöxradyna şärik bolmagy islänler bolsa, - olar köpdiler- xemmesi birleşip, onuň bir özüniň ýazanynyň ýarysyny-da ýazyp bilmediler»

Dini temalardaky p`essalaryny we bir sany opera librettosyny xasaba almanda, Lope de Weganyň eserlerini, esasan üç uly topara bölmek bolýar. Bular: Taryxy-gaxrymançylyk, sotsial-syýasy we durmuşy-söýgi temalarda ýazan drama we komediýalarydyr.

Dramaturg Bize çenli etip gelen eserleriniň aglabasynda geçmişe ýüzlenip, olaryň ýarysyndan köpüsinde Ispaniýa taryxynda ýüz beren möxüm wakalary beýan edipdir. Bu tipdäki eserlerinde döwlet meselesi we gaxrymançylyk temasy merkezi orunda durýardy.

Lope de Weganyň p`essalarynda Ispaniýadaky içki uruşlar «Karol Wambonyň ömri we ölümi», ispan taýpalarynyň Rim xökümdarlaryna garşy göreşi «Ýagşylyga ýagşylyk», mawrlar bilen göreş «Simankasly gyz» ýaly xadysalar öz beýanyny tapypdyr.

Lope de Weganyň «Goýanlaryň çeşmesi» (Fuente Owexuna.1612-1613) p`essasy taryxy gaxrymançylyk we sotsial-syýasy xäsietdäki dramalarynyň iň ażaýyp nusgasydyr. Dramada öňe sürilen esasy pikir öz döwrüniň möxüm syýasy meselesi-zalym feodallara garşy xalkyň agzybir garşylyk görkezmegi we göreşmeginiň zerurlygyny nygtamakdan ybaratdyr. Ýazyży dramada Ferdinand bilen Izabella xökümdarlyk eden karollyk xäkimedi döwründäki waka ýüzlenýär.

1476 ýylda Fuente Owexuna obasynda feodallara garşy göterilen gozgalaň XV asyryň ikinżi ýarymynda Ispaniýada ýüze çykan daýxan gozgalaňlaryndan iň ulysydy.

«Klatrawa Rytsar` ordeniniň komandory feodal Fernan Gomes de Gusman özüne garaşly Fuente Owexuna obasyndaky köşgünde ýaşap, xalka gaty uly zulum edýär. Manysyz ömür geçirýän bu zaly maýal-gyzlary xorlaýar, daýxanlary Adam xasabynda görmeýär, oba aksakalynyň gyzy Laurensiýany xem zorlap alyp gitżek bolýar. Emma gyzy söýýän daýxan ýigit Frondoso ony xalas edýär. Frondosanyň wepalylygy gyzyň kalbynda xem uçgun döredýär. Onuň «Kimde söýgi bar bolsa, ol gorkmany bilmeýär» dien sözi Laurensiýanyň kalbyndan çuňňur er alýar.

Ýarduň birligine zyýan etirmek maksadynda S`ýadad Reala garşy baş göteren we eňilip obasyna garşy gaýdan komandor Laurensiýa bilen Frandosanyň toýanyň üstüne gelýär we toýa ýygnananlary kowýar. Ýigit bilen gyzyň atalaryny kemsidýär. Frondosany zyndana iberýär we Laurensiýany zorlap alyp gidýär. Daýxanlar zulyma we zalyma garşy ýigrenç bildirselerde, emma batyrgaý xereket etmek üçin bir ere birleşip bilmändirler. Komandor tarapyndan kemsidilen we zorlanan Laurensiýa gelýär we öz gyzyny żelladyň eline berip goýan we onuň kemsidilmegine çydap duran zalymdan ar almadyk atasyny we garyndaşlaryny «guzysyny börä aldyryp, gorkup oturan çopana» meňzedýär. «Sizler- goýansyňyz, şonuň üçin xem Goýanlaryň çeşmesi ýaşamak üçin sizlere amatly er» diýip öz gyzlaryny we aýallaryny bigäneleriň ellerine berip goýan daýxanlary xem günäkärleýär. Ýagdaý şeýle eken, indi aýal-gyzlaryň özleri ellerine gural-ýarag alyp öz ar-namyslaryny gorażakdyklaryny aýdýar. Laurensiýanyň atasy Esteban beýle zulyma

mundan artyk çydap bolmažakdygyny aýdýar we näxili agyr ýagdaý bolsa-da göreşe baržakdygyny mälim edýär. Bu pikire daýxanlar xem goşulýarlar.Erkekler bilen bir xatarda aýallar xem ýaraglanyp komandoryň saraýyna basdyryp barýarlar we ony şol erde žezalap öldürýärler. Frandosany zyndandan xalas edýärler. Komandoryň gutylyp galan xyzmatkärleriniň biri Flores gizlin ýagdaýda karolyň xuzuryna baryp, Goýanlaryň çeşmesi obasynyň adamlary göterilişik ýasap öz xožaýynlaryny wagşyýana öldürdiler diýip aýdýar. Karol oba çinownik goýberip, aýypdary tapyp žezalamaly diýip, buýryk berýär. Derňewçi oba adamlaryny ýygnap, komandar Fernan Gomesi öldüren adamy tapmak üçin sorag Edip başlaýar. Emma «Komandory Kim öldürdi?» diýilip berilen soraga olar: «Goýanlaryň çeşmesi», «Kim günäkär?», diýilip soralanda «Günäkär Goýanlaryň çeşmesi» diýip žogap berýärler. Derňewçi xakyky günäkäri tapyp bilmäni yzyna gaýdýar.Şol sebäpli karol ýüz beren ženaýat näxili agyr bolsada derňewi togtadyp, daýxanlaryň günäsini geçýär. Goýanlaryň çeşmesi obasyny bolsa öz garamagyna alýar.»

Eserde ýazyžy xalkyň galp xemaýatçysy ispan monarxiýasyny garalap, daýxanlaryň antifeodal göterilişigini goldaýar.

Dramada merkezi sýažediň töweregine ýygnanan üç waka: karollyk xäkimedi bilen pitneçi feodallaryň arasyndaky göreş, xorlanan milletiň zalymlara garşy gozgalaňy we üçinžisi Frondosa bilen Laurensiýanyň arasyndaky söýgi gatnaşyklary beýan edilen. Eserde dramatik konflikti emele getiren esasy waka xalk gozgalaňydyr. Eserde gozgalaň- ezilen xalkyň öz xukuklarynyň depelenmegine we kemsidilmeklerine garşy gurnan birden-bir xakyky birleşigi sypatynda teswirlenen. Komandor oba adamlary bilen aýlyganç gatnaşykda bolýar, garrylary xorlaýar, ýaşlaryň söýgüsini aýak-asty edýär.

Bu «ýokary gatlagyň» wekiliniň xüý-xäsieti xer ädimde adamda ýigrenç duýgusyny oýarýar. Xalkda dörän närazylyk gozgalaňa öwrülip, komandoryň tagdyryny çözýär.

Dramadaky üçinži waka- iki ýaşyň söýgüsi taryxy epizoddyr. Ol p`esadaky esasy mesele- feodal eden-etdiklerine garşy göreş meselesi bilen berk bagly beýan edilen. Sebäbi komandoryň zulum edýän bir döwründe, Frondosa bilen Laurensiýanyň bagytly durmuş gurmaklary mümkin däldi. Frondosa söýgülisiniň kemsidilmegine ýol goýmany öz sin`ory komandora garşy çykýar. Gyzyň ýigide bolan söýgüsi ine şeýle agyr göreşde ýüze çykýar. Komandoryň toýy bozyp Frandosany zyndana taşlamagy, gyzy zorlar äkitmegi ýaly wakalar oba adamlaryny lerzana getirýär. Näçe xorluk görsede Emma dyza çökmedik Laurensiýanyň aży kinaýalary zalyma garşy bütin obany aýaga duruzýar.

Dramanyň gaxrymanlary aýry-aýry şaxslar däl-de eýsem bütin «Goýanlaryň çeşmesi» obasynyň adamlarydyr. Eserdäki daýxanlar öz ynsany xäsietlerini, ar-namyslaryny saklap bilişleri bilen feodal aristokratiýasyndan xer taraplama üstün durýarlar.

Lope de Weganyň dramalary dünýä edebiýatynyň ażaýyp dür-däneleriniň xatarynda mynasyp orunda durýar.

Soraglar we ýamuşlar.
1. Ispan edebiýatynda Oýanyş kimiň dörediżiligi bilen başlanýar?
2. Lope de Wega kim bolupdyr we edebiýatda näxili orun eeläpdir?
3. De Weganyň näçe sany eseri biziň günlerimize gelip etipdir?
4. Dramaturg sypatynda ol näxili täzelik döredipdir?
5. «Goýanlaryň çeşmesi» dramasynyň mazmunyny aýdyp beriň.
6. Lope de Weganyň dörediżiligine Serwantes näxili baxa berýär?
7. Näme üçin de Weganyň eserlerini tankyt edipdirler?

## Mowzuk. Frantsuz edebiýaty. Žan Batist Mol`eriň ömri we dörediżiligi.

**Meýilnama.**
1. XVII asyrlarda frantsiýanyň sotsial-syýasy ýagdaýy.
2. Mol`eriň ömri we edebi dörediżiligi.
3. «Tartýaf» komediýasy.
4. Komediýanyň çeperçiligi.

Daýanç düşünżeleri. Frantsiýada feodallara garşy göreşleriň başlanmagy. Bu syýasy wakalaryň edebiýada täsiri. Mol`eriň edebiýada girip gelmegi. Aktýor sypatynda bitiren işleri. Komediýalary.

XVI asyrda Frantsiýada feodal zulmuna garşy sotsial göreş güçlenýär. Şu asyryň axyrlarynda tagta çykan Genrix IV-iň döwründe karollyk xäkimedi pitneçi feodallary basyp ýatyrmak we merkezleşen döwlet gurmak üçin köp xereket edýär. Lýadowik XIII döwründe döwledi dolandyrmak işine gatnaşan kardinal Rişel`e monarxiýa düzümini berkidip, prowintsiýalary merkeze boýan egdirýär. Medeni durmuş ulgamynda xem eke-täk ýolbaşçylygy ornaşdyrýar. Rişel`e söwdany ösdürmäge uly üns berýär, xemişelik armiýa we flot düzýär. Xalk agyr salgytlaryň netiżesinde tozýar. Bu bolsa birnäçe daýxan gozgalaňlaryny getirip çykarýar.

XVII asyr frantsuz edebiýatynda we sungadynda klassitsizm stili öz ösüşiniň iň ýokarky basgançagyna çykýar. Klassitsizm dagynyk feodalizmiň ornuna gelen we berkleşip barýan xem-de berk kanun esasynda iş ýöredýän absolýat xäkimetiň resmi edebi stili bolupdyr. Absolýatizm düzgünlerini gözegçilik edýän Rişel`e edebiýatda xem berk formalara üns bermek talabyny goýýar. Ol ýazyżylaryň edebi kadalara amal etmekleriniň üstünden gözegçilik

etmek wezipesini frantsuz akademiýasyna tabşyrýar. Bu akademiýa eke-täk frantsuz diliniň sözlügini düzüp çykmaly bolupdyr.

Frantsiýada klassitsizmiň ösmegine sebäp bolan ikinżi bir çeşme şol döwrüň beýik ideologlary Dekart bilen Gassendiniň filosofiýasynyň täsiri bolupdyr.

Frantsuz milli teatrynyň esasçysy uly dramaturg-komediograf Žan Batist Mol`er Pariżde söwdagäriň maşgalasynda dünýä inýär. Onuň xakyky familiýasy Poklen bolup, Mol`er edebi taxallusydyr. Mol`er 1639 ýylda Klermon kolleżini tamamlap, Orlean uniwesidedinde adwokat dereżesini almak üçin okaýar. Emma ony ne södagärlik, ne-de sud işi gyzyklandyrmaýar. Ýaşlygyndan teatry gowy gören Mol`er dostlary bilen 1643 ýylda Pariżde «Ýalkym teatr» döredýär. Emma toparyň özbaşdak repertuary, aktýorlyk teżribesi we maddy esasy bolmanlygy üçin ýapylýar. Şondan soň Mol`er dosty Beżar bilen göçüp ýöriżi prwintsiýa komendantlary toparyna işe girýär. Mol`er bu erde uly teżribe artdyrýar, dürli sotsial toparlaryň durmuşy bilen tanyşýar, toparyň abyraýyny ýokary götermek üçin xereket edýär. Spektakyllarda esasy roly özi oýnaýar. 1650 ýylda Mol`er toparyň başlygy bolýar.

Mol`er dörediżiliginiň ilkinżi basganҫagynda ital`ýan nikably komediýalary frantsuz teatryna dogurlap gaýta işleýär we toparyny repertuar bilen täminleýär. Lion şäxerinde 1653 ýylda onuň birinżi komediýasy «Däli» saxnada goýalýar, bu bolsa onuň toprynyň şöxradyny artdyrýar. Şondan soň mol`er p`essalaryny Pariżde görkezmäge xereket edip başlaýar. Ol 1658 ýylda karol köşgünde ilki Karneliň «Nikomed» tragediýasyny, soňra oňa goşumça görnüşde özüniň «Aşyk bolan doktor» p`essasyny görkezýär. Mol`eriň bu kiçike eseri uly şöxrat gazanýar. Baş rolda bolsa onuň özi oýnaýar. Şundan soň karol topara Pariżde galmaga rugsat berýär.

1662 ýylda «Aýallar üçin sapak» p`essasy goýalandan soň aristokaratiýa we butxana reaktsiýasy ýazyżynyň abyraýyny düşürmek üçin oňa garşy göreş alyp barýarlar we töxmet atýarlar xem-de eretik sypatynda oda ýakyp öldürmegi talap edýärler. Emma karol Lýadowik XIV ýazyżydan peýdalanmak, ony özüne boýan egdirmek üçin ony goraýar.

Mol`er ömrüniň soňky ýyllarynda gaty köp işleýär. Eserlerinde tankydy tendentsiýa ene-de güýçlenýär. Muny şol döwürde ýazan «Ýalan kesel» komediýasynda açyk görmek bolýar. 1673 ýylyň 17 fewralynda agyr kesel bolmagyna seretmezden Mol`er «Ýalan kesel» komediýasynyň baş roluny özi oýnaýar. Tutuş oýnyň dowamynda ol özüni erbet duýýar we oýan tamamlanandan birnäçe sagat geçenden soň beýik dramaturg aradan çykýar. Pariż arxiepiskopy «toba etmedik günäkär» diýip ony żaýlamaga rugsat bermeýär. Ýazyżynyň garyndaşlary kynçylyk bilen rugsat alyp, onuň żesedini giże gabrystanyň bir çetine erleýärler.

Mol`er frantsuz klassik komediýasyny frantsuz xalk traditsiýalary bilen Rim komediýalarynyň iň gowy nusgalaryny tankydy özleşdirmek bilen ýazdy. Mol`er klassitsizmiň tragediýany «beýik», komediýany bolsa «pes» żanyr

diýip görkezmeklerine garşy çykdy. Ol komediýa «Žemgyet aýnasy» diýip at berýär. Mol`eriň aýtmagyna görä «komediýanyň wezipesi adamlary güldürip durup, olardaky nogsanlyklary düzetmekden ybaratdyr»

«Gülküç nazeninler» komediýasy Mol`eriň adyny köpçülige mälim eden birinži original eseridir. Munda ýazyży uly batyrgaýlyk bilen pretsioz (nepis, näzik edebiýat ) aristokrat medenietini-de, meşçan-burżuaz durmuşyny-da açyk tankyt edýär.

Mol`er «Tartýaf» komediýasyny 1664 ýylyň maý aýynda saxna goýýar. 3 perdeli bu p`essa şol wagtlarda örän giňden ýaýran dini-klerikal żemgyediň eden-etdiklerini paş etmäge garadylan bolsa-da, emma komediýa feodal-katolik reaktsiýasyna garşy göreş guralyna öwrülýär. Şol sebäpli xem Pariż arxiepiskopynyň ýaşyryn xemaýatçysy melike Anna Awstriýskaýa bu p`essany takyklaýar. «Tartýafy» saxna goýmaga rugsat almak üçin köp xereket edilýär. Mol`er eseriň antiklerikal mazmunyny saklap, gaýta işlemäge girişýär. Indi bäş perdeden ybatar bolan bu p`essa «Ýalançy» diýip at berýär. Tartýaf bolsa Panýal`f diýilip atlandyrylyp, ol indi ruxany eşiginde däl, eýsem dünýewi adamlaryň keşbinde görünýär. 1667 ýylda saxna goýalan bu eser ene-de tankyda duş gelýär. Mol`eriň öňünde iki sany ýol bardy, birinżisi ýa xäkimiet bilen gatnaşygy ýamanlaşdyrmak we eserlerini saxnada goýmakdan maxrum bolmak, ýa-da azyrak ýan berip, saxnany elde saklap galyp, reaktsion klerikalizmi paş etmegi dowam etdirmekden meselesi durýardy. Mol`er ikinżi ýoly saýlap alýar. Ol komediýasyny üçinżi gezek ene-de gaýta işleýär. Netiżede 1669 ýylyň fewral aýynda karolyň rugsady bilen saxna goýalýar. «Tartýaf ýa-da ýalançy» ady bilen saxna goýalan komediýa uly şöxrat gazanýar.

«Söwdagär Orgon butxana ybadat etmek üçin baranynda, ol erde «takwadar» bir adamy görýär. Bu adam berilen sadakalardan bir bölegini özünde galdyryp, galanyny adamlara paýlap berýär.Özüni gaty dindar edip görkezen bu adamy sada Organ öýüne getirýär. Bu adam Tartýafdy. Söwdagär oňa uly xormat goýup, özüniň äxli xak-xukugyny oňa tabşyrýar. Xatda öz gyzyny xem bermäge razy bolýar. Orgonyň maşgalasyndaky ýaşlar-ogly Damis, xyzmatkär gyz Dorina we gyzy Marianna dagylar bu adamyň mekirligini duýap, ol xakda Orgona aýdýarlar. Emma dindar Orgon olaryň sözlerini diňläsi xem gelmeýär, we ony garalamak bilen meni xudaýyň öňünde günäkr etżek bolýaňyz diýip, ogluny öýden koýar we äxli mal-mülküni Tatýafa xatlap berýär. Iki gün şäxerde bolmadyk we öýüne gaýdyp gelen Orgon Dorinadan ýagdaý soraýar. Ol bikesi El`miranyň ýarawsyzlygy xakynda aýtżak bolýar, Orgony bolsa diňe Tartýafyň ýagdaýy gyzyklandyrýar.

«Düýn bikämiň yssylygy belet boldy »

-«Tartýafyňky näxili?»

- «Bikäm gam-gussanyň içinde galdy».
- «Tartýaf nä?»
- «Bikäm uklamany çykdy»

- «Tartýaf nä?»

Dorina bilen Orgonyň arasyndaky bu dialog we Orgonyň bir sözi şol gaýtalap duruşy adamyň gülküsini getirýär. Tartýafyň iki ýüzli galp takwadarlygynyň gurbany bolan ikinżi şaxs Orgonyň eżesi garry Pernel` bolupdyr. Özüniň ýowuz nietini amala aşyrmak üçin Tartýaf ilki bilensada adamlary ele alýar, ýaşlary ýakdyrmaýar, sebäbi olar Tartýafyň ýaman nietlerini tiz aňlaýarlar we ony paş etmäge xereket edýärler.

«Tartýaf xer ädimde özüni dindar edip görkezmäge xereket edýär.Emma ol Orgonyň aýaly El`mirä söz gatyp başlaýar.Öz maşgalasyna wepaly El`mira Organyň synap görmegi üçin Tartýaf bilen ikiçäk duşuşýar. Tartýaf: men xakda xiç kim ýaman pikirde bolmaýar, diýip El`mira ýüzsizlik bilen ýakynlaşyp başlanyny Orgon öz gözleri bilen görýär. Şondan soň ol öz öýüne getiren adamynyň galp takwadar eenligini bilip ony öýünden kowýar. Emma Tartýaf ýüzündäki nikabyny alyp taşlap, bu er-mülküň eesi diňe özidigini, muny tassyklaýan xat bardygyny aýdyp dawa turuzýar. Organy öýünden kowmak maksadynda sud çinownigini çagyrýar we gabatmak üçin politsiýa ofitserini xem getirýär. Emma garaşylmany durka ofitser «adyl» monaxyň buýrygy bilen ýalançynyň özüniň zyndana düşżegini aýdýar».

Tartýaf feodal-aristokratiýasynyň galp işlerini benýa eden şaxs. Tartýaf burżuaz Orgon we onuň enesiniň sadalgyndan peýdalanyp, olary aldaýar. Syry paş bolandan soň xem Orgony öýünden kowyp, onuň mal-mülküni elinden alżak bolanda xem, Tartýaf binamyslarça bu işleriň äxlisini xudaý ýoly üçin edýänini aýdýar.

Tartýafa garşy ilkinżi günlerden göreşen şaxs bu xyzmatkär gyz Dorina bolup, onda xalk danalygy birleşendir. Ol tartýafyň ýaramazlygyny, Orgonyň aldanandygyny çekinmän aýdýar. Emma komediýada żenaýatçyny karol paş edýär. Bu bolsa ýazyżynyň monarxa görä mälim dereżede ýan berenligidir.

Mol`er «Tartýaf» komediýasynda orta asyr feodal zulmuny şol döwrüň sotsial gapma-garşylyklaryna bagly däl-de, eýsem onuň bir tarapyny, din zulmuny, onuň syýasy reaktsiýanyň guraly bolandygyny görkezýär. Emma komediýada real durmuş wakalary göze görünip dur. Söýgüliler Marianna bilen Waleriň arasyndaky düşünişmezlik,garry parnel` bilen agtyklarynyň arasyndaky gelişmezçilikler, Mariannanyň tartýafa barmażakdygy xakynda atasyna aýdan sözleri, ýalança garşy çykan Damisiň atasy tarapyndan öýden kowulmagy, bular XVII asyr burżuaz maşgalalaryna xas bolan tipik durmuşyň realistik görnüşidir.

Geçmişiň uly ýazyżylary bu komediýany mynasyp baxalapdyrlar. Wol`ter «Tartýaf» komediýasyny örän gymmatly eser diýip belleýär.

Soraglar we ýamuşlar.

1. Frantsuz klassitsizminiň xäsietli aýratynlygy?
2. Franutsz edebi diliniň eke-täe sözlügi kimler tarapyndan düzülipdir?
3. Żan Batist Mol`er xaçan we nirede dogulýar?

4. Mol`er ilki nirede, näme iş edipdir?
5. Frantsuz milli dramaturgiýasynyň ösmegine näxili goşant goşupdyr?
6. «Tartýaf» eserini näme üçin üç gezek ýazýar we olar näxili atlandyrylýar?
7. «Tartýaf» komediýasynyň mazmuny we obrazlar sistemasy?
8. Mol`er aradan çykanda näme sebäpli ony erlemäge rugsat bermeýärler?

## *Mowzuk: XVIII-asyr magaryfçylyk döwrüniň edebiýatyna giriş*.

Işiň meýilnamasy:

1. Döwriň umumy ýagdaýyna syn.
2. Anglýa magaryfçylyk edebiýaty.
3. Anglýa edebiýatynyň uly magaryfçylary.
Daniel` Defo, Žonatan Swift.

Daýanç düşünželeri: XVIII-asyrdaky syýasy-ykdysady ýagdaýlar. Bu ýagdaýlaryň edebiýata täsiri. Magaryfçylaryň alyp – barýan işleri. «Rabinzon Kruzonyň» ideýa çeperçiligi.

XVII we XVIII asyrlar dünýä taryxynda täze döwür başlap berdi. XVII – XVIII asyrlardaky iňlis we frantsuz buržuaz rewolýatsiýalary orta asyrlardaky öňki düzgüni ýamuryp taşlady. Müň ýyldan bäri xöküm sürüp gelýän feodal sistemasyna zarba urdy, žemgyeti täze basgançaga göterdi.

Şeýlelikde Ewropa feodaliziminiň tagdyry XVIII asyrda frantsiýada ýüze çykan buržuaz rewolýatsiýasynyň netižesinde üzül kesil çözüldi. XVIII asyrda Ewropa žemgyetinde emele gelen bu uly özgeriş onuň edebiýatynada uly täsir edýär.Özüniň antifeodal xäseti bilen tapawutlanyp durýan magaryfçylyk edebiýaty feodalizme garşy göreşýän, xäli ol wagtlarda progressiw ruxda bolan we xalk xereketinden peýdalanýan buržuaziýanyň pelsepewi we syýasy taglymaty bilen ýagurylandy.

Magaryf- sözi giň manyda xalky bilimli, ylymly etmek manysynda ulanylsa, dar manysynda buržuaziýanyň feodalizime garşy göreşiniň ösýän döwründe aňly xereketini görkezýär. Şeýlelikde magaryfperwerlik orta asyrçylyk düzüginlere garşy göreşde ideologik ýarag xöküminde ulanylýar.

Magaryfçylar üçin aň-düşünže baş mesele bolupdyr. Olar ynsanlaryň aňyna, adamçylyk xäsetlerine ýokary baxa beripdirler. Adalaty we wyždana wer- xäkim oturmaly , dien boş xyýallara berlipdirler.Magaryfçylyk edebiýatynyň estetika garaýyşlarynyň ažaýyp taraplarynyň bir, olar sungatyň terbieçilik äxemetini žemgyeti gaýta gurmaga xyzmat etdirip bildiler. XVIII-asyr ýazyžylary wer- xäkim oturmaly , dien boş

xyýallara berlipdirler.Magaryfçylyk edebiýatynyň estetika garaýyşlarynyň ażaýyp taraplarynyň bir, olar sungatyň terbieçilik äxemetini żemgyeti gaýta gurmaga xyzmat etdirip bildiler. XVIII-asyr ýazyżylary magaryfçylyk ruxyndaky syýasy-pelsepewi roman, pelsepewi powest`, syýasy-axlaky xäsetli drama eserlerini döretdiler.

Magaryfçy ýazyżylar edebiýaty täzeden emele gelen synpyň ideologik guraly diýip xasap etdiler. Olaryň polażitel gaxrymanlary mert, zäxmetkeş, öňdebaryży şeýle xem ýagşylyk ideologiýasyny ulaldylyp suratlandyrylýan gaxrymanlardy. Magarfçylyk edebiýatynyň Anglýadaky iri wekilleri; Daniel Defo, Żonatan Swift, Semýael` Riçardson, Genri Fil`ding we xalyk şaxyry Robert Berns we başgalardyr. Frantsiýa magaryfçylyk xereketi bolsa Fransua Wol`ter, Deni Didro, Żan Żak Russo, P`er Ogýasten Bomarşe ýaly ykdysady-syýasy, pelsepewi edebi dörediżiligi bilen meşxur bolan sungat işgärlerini orta çykardy. Nemis magaryfçylary Gotxol`d Efraim Lessing, Fredrix Şiller, Iogain Wol`fgang Gýote dagylar öňdebaryży xereket etdiler.

## *Angliýada magaryfçylyk edebiýaty*

Ewropa döwletleriniň arasynda Angliýa birinżi bolup kapitalistik ösüş ýolyna düşdi. Anglýa burżuaz rewolýatsiýasy (1648-1649) absolýat` monarxiýany agdardy we döwletdäki feodalizim düzümini derbe-dagyn etdi. Bu rewolýatsiýa burżuazlar bilen dwarýanlaryň arasyndaky gapma-garşylyk bilen gutardy. 1688-nżi ýyldaky şanly rewolýatsiýadan soň burżuaz xökümdarlygy ýüze çykdy. Karollygyň diňe ady saklanyp galdy. Xäki`et emelde parlamendiň emele geçdi. Parlamentde iki partiýa wigiler bilen toriler dien burżuazlar bilen dwarýanlara xemaýat edýärdiler.Bu partiýalaryň ikisi xem xalka düşnüksiz syýasat bilen taryxda at galdyrdylar. XVIII-asyrda Angliýanyň ekonomikasy belli bir dereżede ösüşe ee boldy. Netiżede Anglýa agrar döwletden senagaty çalt depginler bilen ösýän kapitalistik döwlete öwrildi. Iri senagat ösýär we şäxer ilaty köpelip başlaýar. Britaniýa imperýasynyň gudraty ösüp döwletleriniň sany artyp başlaýar.Täze erlerir basyp almak üçin uruşlar başlanýar. Angliýa Irlandiýa we Şatlandiýadan başga, orta Xindistany, demirgazyk Amerikany, West-Indiýa adalaryny basyp alýar. Anglýa xökümdarlarynyň basybalyżylyk uruşlary we kolonial syýasaty şol döwriň edebiýatynda Swiftiň we Şeridaniň dörediżiliginde giňden suratlandyrylýar.

Anglýa magaryfçylyk edebiýatynyň iri wekileriniň biri Daniel Defodyr, (1660-1731).

Daniel Defo żaxan edebiýatynyň taryxynda «Robinzon Kuzo» eseriniň awtory xöküminde yz galdyrýar.Ol iňlis we Ewropa edebiýatlarynda roman żanryna esas salan meşxur ýazyżydyr. Öz

döwriniň okumyşly adamy xöküminde tanalýan Defo ażaýyp publitsist, talantly żurnalist sypatynda xem şöxrat gazanypdyr, Defo Londonda söwdagär maşgalasynda dogulýar.Onuň atasy Žems Fo puritanlyk mezxebine degişli bolupdyr. Puritanlar Žinewa ruxanysy Žemis Kal`winiň taglymatlarynyň tarapdarlary bolupdyr. Puritanlar reoktsion monarxiýa garşy göreş alyp barýarlar. Puritanlaryň nazarynda oýan-gülki teatr tomaşalary uly günä xasaplanypdyr. Defony atasy puritan dini akademýasyna okuwa berýär. Emma Defo söwda bilen şugullanýar we ömriniň axyryny çenli iri kommersant bolup galýar. Söwda işleri bilen Ewropanyň örän köp döwletlerine—Portugaliýa Ispaniýa, Italiýa we Frantsiýa barýar. Defo söwda satyk işinden başga ýartda ýüz berýän wakalara xem gatnaşýar. Birnäçe makalalarynda we pamfletlerinde feodal – aristokratlar bilen butxana reaktsiýasyny paş edýär. Defonyň edebi dörediżiligi örän giň we köptaraplydyr. Onuň köp sanly makalalaryndan we pamfletlerinden başga ekenomika, taryx, pedegogika, statistika, geografiýa, filosofiýa, meditsina bagyşlanan birnäçe işler bar. Defo beýik açyşlar döwründe ýaşapdyr. Ol żaxankeşde syýaxatçylar, söwdigärler eňil ýol bilen baý bolmak isleýän xer xili adamlar, täze erleri açmak, täze söwda bazarlaryny gözläp tapmak, Adam aýagy degmedik erleri açmak isleýän burżuazlaryň durmuşlaryndan örän köp eser döretdi. Emma ýazyży **«Robinzon Kruzo»** eseri şöxrat getirdi. Bu eseriň ýazylmagyna käbir anyk wakalar itergi beripdir.

1713-nżi ýylda iňlis ýazyżysy Riçard stil` «Anglýaly» diýilip atlandyrylýan żurnalda Aleksandr Sel`kirk xakyndaky oçerk bilen çykyş edýär. Aleksandr Sel`kirk Şotlandiýa matrosy bolup, gäminiň kapitany bilen dawalaşyp galýar. Ony Günorta Amerikanyň Çili kenarndaky Xuan Fernandes adalarynyň birinde taşlap gidýärler. Sel`kirk xiç kimsiz adada dört ýyl, dört aý ýaşaýar.Ol şu wagt içinde ýabaýylaşyp gidýär. 1709-nżi ýylda öňki matrosy iňlis gämisi dogry gelýär, we ony Angýa getirýär. Aleksandr Sel`kirniň gören –eşdenleri uly gox-galmagalasebäp bolýar. Mundan daşary Defo deňizçileriň syýaxatçylaryň durmuşyna degişli birnäçe eserler bilen tanyş bolýar. Bu xadysalar «Robinzon Kruzo» romanynyň döredilmegi üçin itergi bolan bolsa-da, Defonyň bu kitaby orginal eser xasaplanýar. Eger Aleksandr Sel`kirk – żanly adam, adada dört ýyldan köpräk wagt içinde ýabaýlaşyp gitse, Refonyň fantaziýasy bilen döredilen gaxryman Robinzon Kruzo 28-ýyl ýaşaýar we ol umumy adama degişli bolan äxli xäsetleri özünde saklap galýar. Robinzon Kruzo ýaşlykdan deňnze örän gyzyklanýar. Şonuň üçin xem ol ata-enesiniň gepine gulak salmany öýünden çykyp gidýär. Londona barýar we söwda gämisiniň kapitany bilen doslaşýar we ol bilen Afrika mal alyp baryp söwda edýär. Günlerde bir gün gämi Žozanrli garakçylar xüżüm edýärler we Robinzony esir alýarlar. Birnäçe wagt gulluk azabyny çeken Robinzon özi ýaly gul negr ýigit Ksuri bilen bile gaçýar. Olar açyk deňizde Portugaliýa gämisine duş gelýärler. Bu gämi

Robinzon bilen Ksurini Braziliýa eltýär. Robinzon Ksurini gämi kapitanyna gul sypatynda satýar. Braziliýada az wagt daýxançylyk bilen meşgulanan Robinzon eňil pul tapmak maksadynda ene söwda gämisine çykýar. Bu gämi xeläkçilige ugrap Robinzon adamsyz ada düşüp galýar. Xeläkçilige uran gämiden galan zatlaryny kenara çykaryp Robinzon özüne erdöle gazanýar we daş-töweregini mäkemleýär. Özüne agaçdan stol-stul edinýär we kalendar ýöretýär.Ýabany xaýwanlary awlaýar , ýabany geçileri tutup eldekileşdirýär. Daýxançylyk bilen meşgulanýar. Watanyna gaýtmak üçin Tokaýdan iň uly agaży tapýar we ondan gämi ýasamak bilen köp wagt gezýär. Adada ýaşap başlanyna 25- ýyl bolanda, bir çbany ýigidi adamxorlardan axat etýär we oňa Żumabaý diýip at goýýar. Ene-de azyrak wagtdan soň bu ada getirilen Żumabaýyň atasyny we bir ak tenli ispaniýaly ýabanylardan xalas edýärler. Adada ýaşan döwrinň soňky ýyllarynda bir iňlis gämisinde matroslar gozgalaň göterýärler we gäminiň kapitanyny şol adada galdyrżak bolýarlar. Robinzon ol kapitany duşmanlarynyň elinden boşadýar we deregine gäminiň kapitany olary Angliýa eltýär. «Robinzon Kruzo» romany çapdan çykandan soň uly üstünlik gazanýar,we ýazyży şol ýyl eseriň ikinżi bölümini «Robinzon Kruzonyň soňky başdan geçirmelerini» ýazýar. Romanyň ikinżi kysmynda gaxryman dünýäniň köp döletlerini aýlanyp çykýar. Madagaskar, Xindistan, Xytaý , Sibir`, Arxangel`sk , we Tobol`skde bolýar. Öňki ýaşan adasyna baryp ol erde koloniýa düzýär. Defonyň bu romanynyň ikinżi böümi okyżylar arasynda belli uly şöxrat gazanmasada, azyrak gyzyklanma döredýär. Mundan soň , köp wagt geçmänkä Defo romanynyň üçinżi bölümini «Robinzon Kruzonyň xakyky gatnaşyklaryny» ýazýar. Emma Robinzon xakyndaky üçinżi eser okyżylar köpçiliginiň ynamyny aklamady. Bueser dini, axlaky , nesixatlardan ybaratdy. Birinżi kitapdaky çalt, işbilermen gaxryman, soňky kitabynda öz öwişginini ýitirip, adamyň ýüregini gysdyrýan, ezme adama aýlanýar. Defonyň trilogýasynyň içinde iň gowysy okyżylar söýgisini gazanan birinżi kitabydyr. «Robinzon Kruzo» romanynyň esasy bölümi ýalňyz ynsanyň xiç kimsiz adada ýowuz tebigat güçleri bilen ýüzme-ýüz göreşine bagyşlanýar. Bu göreşde gaxryman eňiş gazanýar, ýabaýy adany ynsan ýaşaýan ażaýyp mekana öwürýär. Bu agyr şertde diňe öz güýżine we akylyna daýanyp iş edýär.

Ýazyży şunuň bilen adam, adamzat żemgyetinden aýrylsa xem ýaşap bilýändigini subut etżek bolýar. Romanda XVIII-asyr adamlarynyň pikirlerine görä «tebygy adam» düşünjesi orta taşlanýar. Ýazyży Robinzony «tebygy adam» sypatynda orta çykaryp, ony ilkidurmuş xalatyndan tä burżuaz medenetine çenli basyp öten ýoluny suratlandyrýar. Eserde Rabinzonyň gündelik durmuşynyň xer güni dien ýaly suratlandyrylýar.

«Rabinzon Kruzonyň» şöxrat gazanmagy ýazyża ene-de birnäçe eserler ýazdyrýar. Daniel` Defo realist, magaryfperwer ruxdaky romanlary bilen iňlis edebiýatyna uly goşant goşan ýazyżydyr.

## Žonatan Swift (1667-1745). Ömri we dörediżiligi.

Anglýanyň talantly ýazyżysy , beýik satirik Žonatan Swift Irlandiýanyň paýtagty Dublinde ruxany maşgalasynda dünýä inýär, we çagalygyndan dini terbie we ylym alýar. Ol birnäçe ýyl uly iňlis emeldary Wil`ýam Tempe` saraýynda şaxsy kätip wezipesinde işleýär Templiň uly kitiapxanasyndan peýdalanmak Žonatan Swiftiň durmuşynda uly yz galdyrýar. Şu erde gelżekki ýazyży xer-xili adamlar, syýasatçylar bilen tanyşýar. Soňra Žonatan Swift Dublin uniwersitetiniň dini ylymlar fakul`tetini bitirip şu şäxeriň ybadatxanasynyň gözegçisi bolup işläp başlady. Ol şu wezipesiniň arkasyndan Londana çalt-çalt baryp durupdyr we öz zamanasynyň meşxur ýazyżylary Aleksandr Pop, Adisson, Stil` xemde dramaturg Geýler bilen doslaşýar. Žonatan Swifte dünýä edebiýatynyň saxypalarynda şöxrat getiren, dörediżiliginiň gültäżi bolup galan eseri «Lemýael` Gulliweriň dünýädäki btr näçe uzak ýartlara ilki xirurg, soňra bolsa bir näçe gämileriň kapitiny sypatynda eden syýaxatlary» ýa-da gysgaça aýdanda «Gullweriň syýaxatlary» eseridir.(1726-ýyl). Romanyň gaxrymany efsanawyý ýartlar bolan-Liliptstiýa , äpet adamlar ülkesi Brobdingge, Laputa, Globbdobdribe, xemde akylly atlar ýardy bolan Gumgngnmiýa syýaxat edýär. Swift bu eserinde baş gaxrymanaň üsti bilen iz zamanasynyň ýagdaýyny realistik suratlandyrýar. Swiftiň satirasynyň güýżi xem onuň ýaradan eseriniň asyrlar dowamynda öz gymatyny ýitirmän gelýänliginiň sebäbi xem şondadyr. Roman ażaýyp sýażeti, geň-taň obrazlar we wakalara baýlygy bilen äxli ýaşdaky okyżylary özüne bendi edýär. Bu eser diňe bir gülki üçin ýazylman eýsem onda şol döwürdäki Anglýada xökümdar synpyň däp-dessurlaryň, döwlet syýasaty, ylym we medenetine bolan ýazyżynyň gatnaşygyny xem öz xakyky beýanyny tapýar.

«Gulliweriň syýaxatlary» romany dört kysymdan ybarat. Birinżi bölüminde Liliputlar-kiçike adamlar döwleti xakynda xekaýa edilýär. Bu ýardyň adamlary ýönekeý adamlardan 12-esse kiçidir. Liliputiýa göçme manyda, ýazyżynyň ýaşan Anglýa döwletidir.Ondaky äxli xadysalar Anglýanyň syýasy-ykdysady ýagdaýyny ýatladýar. Liliputiýada ýaşan adamlar örän kiçiżek bolsalarda olaryň karoly, ministrleri, xarby goşuny, deňiz floty, we dürli-dümen kanunlary bar. Bu ýardyň emeldarlary xalkyň ýagdaýyndan görä öz peýdalaryny köpüräk oýlaýarlar. Liliputlarda xem edil Angilýadaky ýaly iki xili partiýa bar. Bular ýokary dereżeliler we pes dereżeliler partiýasy diýlip atlandyrylýar. Bu partiýalar Anglýadaaky toriler bilen wigiler partiýasyny ýatladýar. Emma bu partiýalaryň arasynda uly tapawut ýok, diňe dereżesiniň pesligi ýa-da belentligi bilen tapawutlanýar. Liliputiýa goňşy

döwlet Blefuskua garşy urş yglan edýär. Liliputiýalaryň karoly goňşy döletiň karoly bilen ýamurtgany xaýsy tarapyndan arasalap iýmek dogursynda gelişmäni uruş başlaýarlar. Bişen ýamurtganyň xaýsy tarapyndan, użyndanmy ýa-da arka tarapyndan dien meseläniň üstinden daw turýar. Bu eserde dini gelişmezçilikler xem tankyt astynya alynýar. Egerde Liliputiýa Swift ýaşaýan Anglýany ýatlatsa Blefuskunyň tymsalynda Frantsiýany görmek bolýar. Bu uruş bize Anglýa bilen Frantsiýanyň arasynda uzak dowam eden Ispan tagty üçin alynyp barylan söweşi ýatladýar. Xöktimdar gatlagyň bu urşundan xalk närazy bolýar. Demokratik göreşiň tarapdary Swift bu adalatyň urşy garalaýar, xalkyň närazylygyny xem suratlandyrýar. Liliputiýadaky däp- dessurlar, kanuny we kadalar ýiti satiranyň astyna alynýar. Liliputiýalaryň iperatory öz pukaralygyndan bary ýogy dyrnak ýalżak uzynlygy bilen öwnip gezýär. Şol ýönekeý zat üçin ol özüni bütin älemiň xöümdary diýip gezýär. Liliputiýada uly wezipelere göterilmek inçeżik ýüpiň ýa-da taýagyň üstinde mümkin baldygyça beýigiräk böken adama nesip edýär.

Egerde Gulliwer liliputlar ýardunda uly adam «Dag adam » diýlip atlandyrlan bolsa, beýikler ýardy Brobdingnegde özi leýliput dereżesine düşüp galýar. Sebäbi uly adamlar ýönekeý adamlardan 12 esse uly. Uly adamlaryň ýardy Brobdingnegi ýazyży adalatly ýart diýip suratlandyrýar. Ol döwletiň karoly bolsa magaryfyerwer, dana adam bolýar. Uly adamlaryň karoly öz ýardyny ynsap, adalat, we akylyň güýżine daýanyp dolandyrýar. Urşy garalaýarlar. Gulliwer karoly öz ýartlary xakynda gürriň berýär. Äpet adamlaryň karoly kiçiżek adamlaryň şular ýaly köp zatlary edip bilýändiklerine xaýran galýar. Gulliwer oňa ok-däri we tüpeň ýasamany öwretżek bolanda, karol oňa gygyrýar we ene-de bir gezek gural xakda söz açsa ony öldürżekdigini aýdyp ony gorkuzýar. Äpetler ülkesi ideal döwlet sypatynda Swift zamanasyndaky Anglýa gapma-garşy goýalýar.Gulliweriň syýaxatlarynyň üçinżi babynda alymlar ýardy-Laputa barýar. Bu erde alymlaryň ażaýyp açyşlaryny görýär. Gulliweriň obrazy ýazyżynyň uly eňişidir. Gulliwer XVIII- asyr Anglýasynyň okamyşly magaryfçy adamy. Swiftiň gaxrymany zamanasynyň akýürekli, ynsanperwer, xakykatgoý wekilidir. Bu eseri ýazmakda Swift dürli çeperçilik serişdelerinden peýdalanýar. E sasan xem realistik fontastik romanda örän usatlyk bilen ulanlypdyr.

Žonnatan Swift dünýä edebiýatynyň taryxyna «Gulliweriň syýaxatlary» eseri bilen girdi.

Soraglar we Ýamuşlar.

1. XVIII asyrda dünýä ýüzünde näxili öwrülişik boldy?
2. Daniel` Defonyň ömri we dörediżiligi xakynda nämeler bilýäňiz?
3. «Robinzon Kruzo» romanynyň mazmuny?
4. Romanyň çeperçiligi we obrazlar sistemasy?

5. Žonatan Swiftiň ömri we döredižiligi xakynda aýdyp beriň?
6. «Gulliweriň syýaxatlary» romanynyň temasy we ideýasy.
7. Romanyň obrazlar sistemasy?
8. Magaryfçylyk edlebiýatynyň aýratynlyklary?

Peýdalanylan edebiýatlar.

1. K. Azizow, A.Kaýamow. Çet el adabiýoti tarixi. Toş 1987.
2. K.Ataew. Daşary ýart edebiýatynyň taryxy. Aşg.1983.

## Mowzuk.Frantsiýada magaryfçylyk edebiýaty.

### Deni Didronyň we Žan Žak Russonyň döredižiligi.

Işiň meýilnamasy.

1.Frantsuz edebiýatynyň magaryfçylyk döwrüne umumy syn.
2.Deni Didronyň döredižiligi.
3.Žon Žak Russonyň ömri we döredižiligi.

Daýanç düşünjesi: Frantsiýada tagt üstinde bolan göreşler. Frantsuz magaryfçylary. Olaryň bitiren xyzmatlary.Didronyň eserleriniň çeperçiligi.Russonyň pedagogikadaky xyzmaty.

XVIII- asyr Frantsiýada feodalizmiň iň soňky etaby boldy. Bu döwür içinde öz xökümdarlygyny güýçlendirmek üçin Frantsiýa bilen Anglýanyň arasynda birnäçe uruşlar bolýar. Olar Ispanýa tagty üçin (1701-1704),Polşa tagty (1733-1735), Awstriýa tagty üçin (1747-1748) bolan uruş we soňra, 1756-1763 ýyllardaky edi ýyllyk uruş Frantsiýany güçden düşürdi, xalkyny gedaýçylyk kenaryna eltdi. Frantsuz magaryfçylary öz eserlerinde etip gelýän rewolýatsiýany beýan etdiler. Magaryfçylar buržuazlaryň ideologlarydy. Lesažyň «Týarkare» Wol`teriň «Edep» Monteskiniň «Kanunlar ruxy» Russanyň «Ylym we sungat dogursynda söxbetler», Didro bilen Alamberiň «Entsiklopediýalaryny» çap etmäge başlamaklary magaryfçylyk xereketiniň pažarlap ösýändiginiň subutlamasydyr. Frantsuz magaryfçylary feodalizime göreşde bir- ten-u bir žan bolupdylar. Magaryfçy-filosoflar döwletiň başynda magaryfçy adamyň oturmagy xakyndaky teoriýany öňe sürüpdirler. Magaryfçylar feodalizmi bilen göreşde sungady esasy gural xökümünde ulandylar. Olaryň döreden eserleri tendentsiýalylygy bilen tapawutlanýardy. Magaryfçylar edebiýaty täze gaxrymany-ýönekeý xalk wekilerini getirdiler.

Deni Didro(1713-1784).Didro XVIII-asyr Frantsuz pelsepeçileriniň, magaryfçylarynyň arasynda iň göze görünen, alym we žemgyet adamsy bolupdyr. XVIII-asyryň ortalaryna gelip, Frantsiýanyň feodal- monarxiýa gurluşyna, butxananyň we diniň xalkyň başyna getirýän gabaxat işlerine

garşy närazylyk köpelip başlady. Bu döwriň öňdebaryży adamlary bolan magaryfçylary ine şu ideologik göreşiň xakyky baştutanlary sypatynda meýdana çykdylar.

Didro şol göreşiň iň söweşżeň başçylaryndan biri bolupdyr. Beýik filosf dünýä edebiýatynyň saxypalaryna entsiklopediýasy bilen çäklenmän eýsem birnäçe çeper eserler: “Öweý ogul”, “Maşgala başlygy”, dramalaryny , “Monaxinýa” romanyny, “Ramonyň egeni” , “Žak fatalist” kysalaryny xem ýazdy. Didro baý filosofiki miras galdyrdy. “Tebigaty düşündiriş xakynda pikirler”, “d’ Alamberiň bilen Didronyň söxbeti”, “d’ Alamberiň düýşi ”, “Materiýa we xereketiň pelsepewi pirintsipleri” we şuňa meňzeşler. Deni Didro 1713-ýylda frantsiýanyň Langr şäxerinde xünärmendiň maşgalasynda düýä inýär. Ol Pariždäki Garkur kolležini tamamlap ruxany bolmaly bolýar, emma Didrony ruxanylyk gyzyklandyrmaýar. Şol sebäpli atasyndan kömek alyp bilmedik Didro birnäçe ýyl agyr gün geçirýär. Gelžekgi alymyň birinžn eseri “Pelsepewi pikirler” bolupdyr. Eser Pariž parlamentiniň karary bilen ýakyp taşlanyldy. «Gözi açyk adamlara körler xakynda wes`etnama» eseri üçin Didrony türmä taşlaýarlar. Didronyň estetiki garaýyşlary örän giň. Didro estetika degişli makalalarynda sungat işgärleriniň xalka xyzmat etmeklerini takyklaýar. Xakyky sungat eseri gözellige, xakykata xyzmat etmeli. Gözellik we xakykat bolsa durmuşdan alynýar. Sebäbi sungat eseriniň esasynda ýaşaýyş ýatýar.

**Žan Žak Russo**- frantsuz pelsepeçisi, ýazyżysy, pedagogy, talantly sazşynas we magaryfçydyr. Russo feodal žemgyetini garalap, adalatly žemgyeti gurmak ýollaryny agtarýar. Ol tebigata ýaky durýan ideal žemgyet xakynda oýlanýar. Russo pedagogika degişli eselerinde terbiýäniň roluna we fiziki zäxmetiň äximietine uly umyt baglaýar. Žan Žak Russo Şweýtsariýanyň Ženewa şäxerinde sagat ussasynyň maşgalasynda dogulýar. Bir ömür ýönekeý zäxmetkeşleriň arasynda ýaşaýar. Maddy tarapdan kynçylyk çeken Russo gowy bilim xem alyp bilmeýär. Ýaşlygynda köp erlerde bolýar we xer xili işlerde işleýär. Kyn ömür geçirsede baý adamlara ýalynmaýar. Tersine, Russo bütin ömrine xökümdar synpyň wekillerine ýigrenç bilen garaýar. Russo köp okap saz bilimini eeleýär. Sazçylykdan sapak berip, notalar ýazyp güzeranyny dolandyrýar. Gelžekki alym we ýazyży XVIII-asyryň 50-nži ýyllarynda öz eserleri bilen Parižde meşxurlyk gazandy. Meşxur magaryfçylar Wol`ter, Gol`bax, Didro, d’Alamberdagy bilen tanyşýar. Frantsuz edebiýatynyň taryxyna Žan Žak Russo sentimentalizm akymynyň esasçysy xökmünde girip geldi. Onuň «Ýaliýa, ýada täze Eloiza» atly romany döwürdeşleriniň arasynda misli görülip eşdilmedik derežede şöxrat gazandy. Russonyň bu romany epistolýar (xat) žanyrynda ýazylypdyr. Eserde iki ýaşyň söýgüsi beýan edilýär. Baý dworýan gyzy Ýaliýanyň kalbynda öz mugallymy Sen-Prega söýgi oýanýar. Sen-Pre xem gyzy gyzgyn söýgi bilen söýýär. Emma Ýaliýanyň atasy baron d’ Etanžyň muňa gaxary gelýär. Çünki onuň pikiriçe gyzy olaryň asylzada neslini aýak asty edenmişin. Dworýanlaryň «tsiwilizatsiýalaşan» düzümi ýaşlaryň söýgüsine garşy bolýar.

Ýaliýa, maşgalasynyň xaýyşyna boýan bolup, öňki düzgün esasynda Wol`mar atly baý dworýana durmuşa çykýar. Romanda «tebigy axlak» bilen sada däp-dessurlaryň arasyndaky gapma-garşylykar görkezilýär. Bu garşylygyň esasy manysy söýüşýänleriň arasyndaky ydysady deňsizlikdir. Şol döwrüň adatyna görä dworýan gyzy Ýaliýanyň aşaky gatlagyň wekili Sen Preä durmuşa çykmagy  kanuna garşy gitmeklikdir. Şol sebäpli xem Ýaliýa gowy görýän adamyna durmuşa çykyp bilmeýär we bagytly bolmaýar. Onuň biwagt ölümi, ony äxli azaplardan gutarýar. Russo romanda aşyklaryň duýgularyny ażaýyp ussatyk bilen suratlandyrýar.

Şu wagtyň özünde-de Russo feodal żemgyetini, deňsizligi, adalatsyzlygy güýçli garalaýar.Russo duýgyny ynsanyň mizany diýip aýdýar we ynsan şaxsyny birinżi erde goýýar.

Žan Žak Russonyň pedagogik garaýyşlarynyň beýany bolan «Emil` ýa-da terbie dogrusynda» romany 1762 ýyda ýazylypdyr. Russo adam dogulanda xer xili ýaramaz gylyklardan sap bolýar, emma ondaky ýaramaz xäsietler deňsizlige esaslanan żemgyetiň täsirnde ýüze çykýar diýip ýazypdyr. Pelsepeçiniň pikiriçe, pedagogyň wezipesi ynsanyň tebigy xäsietlerini ösdürmäge garadylan bolmalydyr. Çaga ýaşlygyndan tebigatyň goýnunda bolmaly. Ol xer taraplama tebigy, zäxmesöer bolmaly. Russonyň gaxrymany Emil` şäxerden daşarda ýaşaýar. Ol axlagy bozýan kitaplardan daşda bolýar. Oňa diňe Defonyň «Rabinzon Kruzo» eserini okamaga rugsat edilýär. Sebäbi Kruzo adamsyz adada, tebigat goýnunda ýaşaýar. Rus xakyky erkin admy terbielemek tebigatyň işi diýýär. Şol sebäpli çagany xakyky terbieleýän kitap tebigatdyr, diýýär ýazyży.

Russonyň döreiżiligi diňe öz döwrü üçin äximietli bolman, eýsem soňky döwürler üçin xem çuň yz galdyrdy. Ol azatlygyň, deňligiň we agzybirligiň eňilmez aýdymçysydyr.

Soraglar we ýamuşlar.

1. Frantsuz edebiýatynda magarfçylyk xaçan başlanýar?
2. Ilkinżi frantsuz magaryfçylary kimler?
3. Russo kim bolupdyr?
4. Russonyň eserleriniň äximietini düşündirip beriň?
5. Deni Didronyň dünýä edebiýatyna goşan goşandy.

## Mowzuk. Nemis magaryfçylyk edebiýaty.

Işiň meýilnamasy.

1. Nemis magaryfçylyk edebiýatyna umumy syn.
2. Gotxol`d Efraim Lessingiň ömri we dörediżiligi.
3. Iogann Wol`fgang Gýotäniň ömri we dörediżiligi.

XVIII asyrda Germaniýa ykdysady tarapdan yza galan, syýasy tarapdan dagynyk döwlet bolup galýar. 30-ýyllyk uruşdan soň (1618-1648) Germaniýa gaty agyr ýagdaýa düşüp galýar. Ol «Mukaddes Rim imperiýasy » diýilip atlandyrylyp, ýardy Awstriýanyň gabsburglar dinastiýasyndan çykan imperator dolandyrýar.XVIII asyrda Ewrpadaky birnäçe döwletler, şu żümleden Anglýa we Frantsiýada merkezleşen döwlet emele gelen bolsa, Germaniýa bu döwürde 300 den artyk maýda kynýazlyk, gertsoglyk, graflyk xem-de imperiýa şäxerlerinden ybarat bolan kiçi döwletlere bölünip gidipdir. Bu kiçi döwletleriň başynda duran knýaz`, graf, gertsoglar mülklerini, erlerini özbaşdak dolandyrýardylar.Olar imperiýa boýan egmändirler. Şol sebäpli xem Germaniýany bir bütewi döwlete öwürmäge esas bolup xyzmat edipdirler. Butxana bu tertibi goldaýardy we xalk köpçüligini feodalizme xyzmat etmäge ündeýärdi.Emma bu döwür nemes edebiýatynyň beýik döwri bolupdyr. Germaniýadaky äxli beýik adamlar, şaxyrlardan Gýote we Şiller pelsepeçilerden Kant we Fixte dagylar dünýä inipdirler. Nemis debiýaty we onuň wekilleri öz eserlerinde feodal düzgüni, butxana we dini pikirleri garalap çykyş edipdirler. Bu döwürde ýazylan meşxur esarleriň xer biri şol wagtdaky bütin nemis żemgyetine garşy gönükdirilen, gazaply eserlerdi.Nemis edebiýaty we medenieti Lessing we Gotşed, Gellert we Winkel`man, Mendel`son we Nikolaý ýaly şaxyr we ýazyżylary, «Tupan we täsir» edebi xereketiniň ażaýyp pledeýasyny, Gýote bilen Şilleri, nemis sazşynaslygynyň ägirt uly wekilleri Motsart bilen Betxoweni etişdirdi.XVIII asyr nemets magaryfçylyk edebiýatyna printsipial bazany rus demokraty N.G.Çernyşewskiý berýär. Ol bu edebiýadyň nemets xalkyna, onuň milli birligine, öz güýçlerine ynam, adalata ymtylmak ýaly ażaýyp düşünżeleri siňdirendigini nygtap geçýär. Şeýle xem ol Lessinge nemets milli edebiýatynyň xakyky esaçysy «Täze nemets edebiýatynyň atasydyr» dien baxany berýär.

Gotxol`d Efraim Lessing nemets xalkynyň beýik perzendi, feodalizmiň duşmany, öz zamanasynyň beýik ýazyżysy, tankytçysy, edebiýadyň we sungadyň teoretigi, şaxyr we dramaturgdyr. Ol Germaniýanyň milli birligi üçin güýç aýaman xereket etdi. Ýönekeý adamlara xemaýat berýär. Lessing Kaments şäxerinde dindaryň maşgalasynda dünýä inýär. Gelżekki ýazyżynyň durmuşy gaty agyr geçýär. Emma ol şonda-da xökü mdar gatlagyň wekillerine boýan egmeýär. Lessing XVIII asyr intelligentlerin iň arasynda özbaşdak, azat durmuşda ýaşan eke-täk ýazyżydyr. Ol ilki Leptsig uniwersitetide, soňra Berlin we Wittenbergde bilim aldy. Onuň «Gamburg dramaturgiýasy» atly kitaby ine şol teatr spektakllaryna ýazan tezkirelerinden

ybaratdy. Lessing xalky edebiýat üçin göreşýär. Ol, sungat durmuşy suratlandyran wagtynda xakyky sungat bolýar diýip ynanýar.Xakyky sungadyň wezipesi patyşalaryň we feodallaryň durmuşyny däl-de, eýsem ýönekeý ynsanlaryň durmuşyny suratlandyrmaly diýýär. «Saraý ynsan tebigatyny öwrenýän er däl» diýip Lessing frantsuz klassitsizmi teatryny ret edýär.Ol dramaturglary Şekspirden öwrenmäge çagyrýar.Ol XVIII asyr feodal Germaniýasynyň şertlerinde drama żanyryny esaslandyrdy. Bu żanry klassitsizm tragediýalaryna gapma-garşy goýdy.Lessingiň ażaýyp tragediýalarynyň biri «Minna fon Barnxel`m»dir. Bu eseriň esasy wakalary Prussiýa bilen Saksoniýanyň arasynda bolup geçen edi ýyllyk uruş döwründen alynan. Uruş gutarandan soň Prussiýa karoly Fredrix II dworýan bolmadyk ofitserleri tölegsiz işden boşadýar. Maýor Tell`xeým uruş döwründe pullaryny sarplap bolýar. Ol saksoniýaly baýyň gyzy Minna fon Barnxel`m bilen nikadan geçip goýýa. Bularyň ikisi xem biri-birlerini söýýärler. Emma garyp ofitser gyza öýlenmäge özüni xaksyz diýip bilýär. Gyz oňa köp ýalbarýar.Emma ýigit ony diňlemänsoň ol axyry özüni garyp edip görkezýär.Tell`xeým muňa şat bolýar we bolżak ömür ýoldaşynyň äxli igençlerinden gutuldym diýip oýlaýar. Birdenem maýoryň uruş döwründe sarp eden pullar gaýtarylyp berilýär we özi ene-de xarby xyzmta gaýdýar. Indi gyz ýigidiň sadalygyndan peýdalanyp ony kösemek isleýär we garyp, sepsiz bolany üçin adamsyna artykmaç ýük bolmaýyn diýip aýdýar. Indi ýalbarmak nobaty Tell`xeýme geçýär. Netiżede, maýor pullardan we xarby xyzmatdan ýüz öwürmäge karar edýär. Şeýlelikde ol aradaky deňsizligi aýyrżak bolýar. Gyz bu işiň gaty bulaşyp barýandygyny görýär we äxli xakykaty aýdýar. P`esa ýaşlaryň bagytly toýy bilen gutarýar.

Bu eser xalky eser bolup, onda nemets xalkynyň däp-dessury, illi xäsieti aylyp berilýär. Eser Pruss karoly zalym Fredrix 2 düzgünlerini, onuň xarby syýasatyny tankyt astyna alýar. Maýor Tell`xeým pruss ofitserleriden tapawutlanýar, azatlyk, garaşsyzlyk, söýýän gyzy Minna bilen bile ýaşamak onuň üçin äxli sylag we xarby dereżelerden üstün durýar.Minnanyň obrazy xem Lessing p`esasynyň uly eňişidir Minna eseriň iň ażaýyp personaży. Ol maýory çyn ýürekden söýýär. Lessing ömriniň soňky ýylarynda pelsepe bilen meşgullany, Gamburg uniwersitetiniň professory Reýmarusyň gol ýazmalaryny neşir edýär. Bu golýazmalar diniň ylaxylygyna we ebediligine şübxe döredýär. Lessingiň bu işine äxli ruxanylar garşy çykýarlar. Lessing özüniň antiklerikal pikirlerini «Akyldar Natan» pelsepewi dramasy arkaly beýan edýär. Rus demokraty N.G. Çernyşewskiý nemets magaryfçysyna ýokary baxa berip «Onuň zäxmetleri bilen şeýle bir zemin ýaradyldy, bu zemin esasynda örän baý edebiýadyň emele gelmegine esas döredildi» diýýär.
Fridrix Şiller 1759 ýylda Wýartemberg gertsoglygynda xarby wraçyň maşgalasynda dogulýar.Ol ofitseriň ogly bolany üçin Wýartemberg gertsogy Karl Ewgeniniň döreden xarby akademiýasyna okuwa girýär. Gelżekki şaxyr akademiýada okap ýören ýyllarynda nemets durmuşynyň garaňky taraplary bilen çaknyşýar. Özüni magaryfçy edip gökezýän Karl Ewgeni xakykat

ýüzünde bolsa zalym adamdy. Germaniýanyň beýik şaxyrlaryndan biri sypatynda Şiller dünýä edebiýatyna uly goşant goşdy. Onuň liriki şygyrary çuň filosofiki mazmuna ee bolupdyr. Şiller «Garakçylar», «Fiesko gozgalaňy»,
«Makr we söýgi», taryxy temada ýazan, «Don Karlos», «Walleniştеýn»,romantik tragediýalar «Mariýa Stýaart», «Orlean gyzy», «Wil`gel`m Tell`» ýaly şaxana eserlerini döredip, dünýä dramaturgiýasynyň xazynasyny baýatdy. Şiller studentlik ýyllarynda iňlis we frantsuz magarfçylarynyň döredižiligini öwrendi.Döwüdeşleri «Tupan we täsir» edebi xereketiniň wekilleriniň eserleri bilen ýakyndan tanyşdy.
Ýaş dramaturgyň birinži eseri «Garakçylar» tragediýasy Mangeým şäxeriniň teatrynda goýaldy we uly üstünlik gazandy. Eseriniň tomaşasyna baran Şilleri gertsog Karl Ewgeni iki xepde gamap goýýar, sebäbi Gertsog özüne tabyn adamlaryň özbaşdak iş etmeklerini islemändir. Ýart eesi bilen bolan bu gapma-garşylykdan soň Şiller Mangeým şäxerine gidýär. Bu erde onuň «Fiesko pitnesi», «Makr we söýgi» eserleri saxnada goýalýar. Şilleriň göçmençi durmuşy dowam edýär. Ol Mangeýmden Leýptsige, soňra Drezden şäxerine gelýär. Indi Şilleriň dünýägaraýşynda ewolýatsiýa ýüz berýär. Indi onuň durmuşynda terbieçilikli, axlaky we magaryfçylyk pikirler döräp başlaýar. 1787 ýylda Şiller Weýmara gelip, Gýote bilen tanyşýar. Ol Gýote bilen birlikde Weýmar teatry üçin eserler ýazýar.

Nemets edebiýatynyň ažaýyp wekilleriniň bir Gýote Puşkiniň, Baýronyň we Stendalyň döredižiligine uly xormat bilen garapdyr. Ilkinži gezek Şekspiriň döredižiligi bilen tanyş bolan Gýote onuň realistik gudratyndan žadylanyp galýar. Mol`eriň eserlerine bir ömür xormat goýýar. Strasburg şäxerinden okuwyny gutaryp ata watanyna gaýdan gýote bu erde «Tupan we täsir» edebi xereketiniň agzalary bilen tanyşýar. Bu xereketiň göze görünen wekili sypatynda özüniň «Gýots fon Berlixingem»,dramasyny, «Ýaş Werteriň azaplary» romanyny, xem-de şaxana eseri bolan «Faust» tragediýasynyň birinži bölümini ýazýar.

Soraglar we ýamuşlar.

1. Nemis edebiýatynda magaryfçylyk näçenži asyrda başlanýar.
2. Lessinigiň döredižiligi xakynda nämeler bilýäňiz?
3. Gýote nemets edebiýatynda näxili yz galdyrypdyr?
4. «Faust» tragediýasynyň mazmuny we çeperçiligi?

## Mowzuk XIX asyr daşary ýart edebiýatynda romantizm.

Işiň meýilnamasy.

1.Romantizm xakynda umumy maglumat.
2.Nemets edebiýatynda romantizm.
3.Ernest Teodor Amadeý Gofman.
4. Gofmanyň dörediżilik älemi.

D.d.Romantizm xakynda düşünże. Nemets edebiýatynda romantikler. Gofmanyň ömri we dörediżligi. «Kiçike Tsaxes» eseri. Gofmanyň romantikasy. Onuň dörediżiliginde xäzirki zaman ertekis.

Ewropa edebiýatynda romantizm XVIII asyryň axyry we XIX asyryň başlarynda şekillenýär.1789-1794 ýyllardaky birinżi Frantsuz rewolýatsiýasy Ewropada feodalizme zarba berip, burżuaz gatnaşyklaryny meýdana getirdi. Feodal düzgünleriniň ornuna gelen burżuaz düzgünleri adamlaryň aňynda, ylymda, medenietde we edebiýatda, sungadyň äxli görnüşlerinde güýçli özgerişe getirdi. Köne düzgüniň tarapdarlary bolan feodal we aristokrat toparlar rewolýatsiýanyň netiżelerinden närazy bolup, geçmişe ýüz öwürdiler. Olara mynasyp ýazyżylar orta asyry, dini, feodal tetipleri öwüp eserler ýazdylar we şol sebäpli reaktsion romantikler diýip at aldylar. Xalkyň ymtylyşlaryny beýan ediżi toparlar xem rewolýatsiýa netiżelerinden närazy boldylar. Emma olar reaktsion romantiklerden tapawutlanyp, öňe, gelżege seretdiler. Bular magaryf, azatlyk, deňlik, birlik ideýalaryna wepaly bolup galdylar. Şl sebäpli bu topar roważlanýan romantikler diýip at aldylar. Roważlanýan romantizmiň wekillerinden Anglýada Baýron, Şelli, Wal`ter Skott, Frantsiýada Wiktor Gýago, Žorż Sand, Pol`şada Adam Mikewiç we başgalary görkezmek bolar. Bular ýönekeý xalka uly ynam bilen seretdiler. Onuň tagdyryna, däp-dessurlaryna, milli adatlaryna, xalk dörediżiligine położitel` gatnaşykda boldylar. Bu romantikler äxli edebi żanrlarda dien ýaly eser döretdiler. Romantikler klassitsizm edebiýatynyň talaplaryna, kada-kanunlaryna garşy çykyp, dörediżilik erkinligini öňe sürdüler. Olar eseriň temasyny, dilini, gaxrymanyny demokratlaşdyrdylar.XVIII asyrdaky pelsepewi kyssalaryň, romanlaryň ornuna gyzgyn duýgy bilen ýazylan şygyrlar, romantik poemalar xem-de lirik dramalar döredildi. Obrazlaryň baýlygy, dürli-dülüligi, çuň lirizm, durmuşy wakalaryň düwnündäki kynçylyklar we gapma-garşylyklary görüp bilýädikleri bilen romantikler dünýä edebiýatynyň ösüşinde täze basgançagy emele getirdiler.XIX asyryň tankydy realist ýazyżylary wkalary giň we çuň beýan etmekde romantikleriň toplan dörediżilik teżribelerine daýandylar.

Germaniýa XIX asyryň başlarynda xem yza galak feodal döwlet bolup, onuň ykdysady we syýasy dagynyklygy xäli dowam edýärdi. Emma olar indi XVIII asyrdaky ýaly 300den artyk kiçi döwletler dälde, eýsem Napaleonyň buýrugy bilen 36 sany döwlete gysgardylypdy. Xeniz xem nemets burżuaziýasy xalk köpçüligini bir ýol bilen alyp gitmäge eżizlik edýärdi. Şol

sebäpli xem Napaleonyň xökümdarlygy gutarandan soň xem nemis xalky agyr zulum we reaktsiýanyň netiżesinden gutulyp bilmeýär. Nemets romantiziminiň wekilleri F.Gel`derlin,A.Şamisso, A.Gofman, aga-dogan Grimler xasaplanýar. Bu döwür nemets edebiýatyna erteki żanry gowy ösýär. Xalk döredižiliginiň baý xazynalaryndan toplan aga-dogan Grimmler xem-de Gofmanyň ertekileri aýratyn äxmiete eedi.

Ernest Teodor Amadeý Gofmanyň döredižiligi XIX asyryň başlaryndaky nemets edebiýatynyň durmuşynda möxüm waka boldy. Gofman Kenigsberg şäxerinde emeldaryň maşgalasynda dogulýar. Gelżekki ýazyży 16-ýaşynda uniwersitetiň xukuk fakul`tetine okuwa girýär. Emma ony xukuk däl-de saz, teswiri sungat xem-de edebiýat gyzyklandyrypdyr. Napaleonyň ýörişleriniň güýçlenip duran wagtlarynda ýaşamak üçin dürli şäxerlere göçüp barmaga meżbur bolýar. Ol nemets romantiziminiň iň çylşyrymly wekillerinden biridir. Ol Italiýa syýaxat etmegi ýüregine düwýär.Emma bu arzuwy başa barmaýar. Sebäbi ol bir ömür garyplykda ýaşaýar. Baý poetik fantaziýaly şaxyr, ýazyży, suratekş, muzykant, teatrşynas adam bolan Gofman Germaniýanyň şol döwürdäki şertlerinde bogulýar. Onuň ażaýyp fantaziýasy ine şu nemets durmuşy bilen çaknyşyp çym-pytyrak bolýar. Gofmanyň gaxrymanlary xem şu ýagdaýy başyndan geçirýärdiler. Nemets romantikleri, we şular bilen birlikde Gofman xem beýle şertlerde öz arzuwlarynyň amala aşmażagyny bilýärler. Şol sebäpli xem olar xyýaly dünýä ýüz urýarlar. Emma Gofmanyň fantaziýasy, onuň eserlerindäki sýażet xakyky wakalary görkezýär. Onuň döredižiligindäki esasy edebi żanr ertekidir. 1809 ýyl Leýptsigdäki «Umumy muzyka gazediniň» redaktory Gofmana zexinli muzykant, emma garyplyga duçar bolan kampazitor Kreýsleriň taryxyny tabşyrýar. Tiz günler içinde bu gazediň saxypalarynda Gofmanyň Kreýslere bagyşlan original oçerkleri peýda bolýar. Bu oçerkler meşxurlyk gazanyp, Gofmanyň adyny bütin edebiýat älemine ýaýradýar. Şundan soň ýazyżynyň «Kawaler Glýak», «Don Žuan» atly nowellalary, saz xakyndaky makalalary yzly-yzyna çykyp başlaýar. Sungat temasy we onuň durmuşa gatnaşygy Gofmanyň döredižiliginiň axyryna çenli dowam edýär. 1814 ýylda Gofman uzak sergezdanlykdan soň Berline göçüp gelýär we syýasy-ykdysady wakalara goşulýar. Emma onuň saglygy ýyl-ýyldan agyrlaşyp 1822 ýylda 46 ýaşynda aradan çykýar.

Ażaýyp nowellalaryň awtory Gofmanyň «Giżeki xekaýalar», «Serapioe müritleri», «Tsinnaber lakamly kiçike Tsaxes » ertekileri , «Murri atly pişigiň ýatlamalary» romany dünýä meşxurdyr. Ýazyżynyň söweş guraly bolan satira şol döwrüň emeldarlaryna garşy gönükdirilipdir.

Gofmanyň «Kiçike Tsaxes» eseri romantik reňkde teswirlenen onuň ýaşan zamanasynyň keşbidir. Eserde nemets żemgyetiniň äxli gatlaklary knýaz` we onuň töweregindäki adamlar, alym we studentler, söýgüliler, żadygöýler we gözel zenanlar xerket edýäler.

Tsaxes- garyp daýxan aýalyň gelşiksiz ogly. Peri Rozabel`werd bu elxenç çaga üç sany tylla saçyny sowga edýär. Töweregindäkileriň göz öňünde

ażaýyp geň-taňlyk ýüz berýär. Adamlar Tsaxesi adatdan daşar owadan, akylly ýagdaýda görýärler. Onuň ýokarky gatlakdan gelip çykanlygy we ondaky gaýrytebigy ýagdaýlar xakynda gürleşýärler. Tsaxes örän aňsatlyk bilen ýokary dereżä göterilýär. Özgeleriň xasabyna baýap, gudratly bolup gidýär.Bu gudratlaryň äxlisi knýaz` Pafnutiniň ýardunda ýüze çykýar. Bu knýaz` ýörite perman bilen öz döwletinde «Magaryf» emele getirýär. Ine şu döwletde kiçike Tsaxes saraýyň birinżi ministiri bolýar we bütin knýazlygy özi dolandyrýar. Tsinnoberiň żadysy bu knýazlykda ýaşaýan äxli adamlary öz demine dartýar.Emma ýalňyz şaxyr ýigit Bal`tazar bu żadynyň täsirinden daşarda. Bal`tazar romantik adam. Ol şu knýazlykda bolýan zatlara, şygryeti, süýżi xyýallary garşy goýýar.Bal`tazar töweregindäki adamlara özlerini ele almaklaryny aýtsa ony xemme akylyndan azaşan xasaplaýar. Tsaxes Bal`tazaryň bagtyna xem badak atýar. Bal`tazaryň Kandita atly söýgülisini tapyp alyp, oňa öýlenżek bolýar. Emma Bal`tazara doktor Prospar Al`panusyň özi kömek edýär. Doktor Tsaxesiň żadysynyň syryny açyp berýär. Kiçi döwletiň kiçi ministiri Tsaxesiň Kandida bilen nikadan geçżek wagty Bal`tazar onuň kellesindäki żadyly tylla saçy ýolup alýar. Şeýelikde żady öz güýżüni ýitirýär.

Gofman öz xekaýasyny «Xäzirki zaman ertekisi » diýip atlandyrýar. Sebäbi ýazyży romantik gabykda öz zamanyny realistik suratlandyrýar. Gofmanyň eserleri çeperçiligi, diliniň baýlygy bilen okyżyny özüne çekýär.

Soraglar we ýamuşlar.

1.Romantizm edebi akym sypatynda xaçan döräpdir?

4. Nemets romantizmi edebiýatynyň ilkinżi wekilleri kimler?
5. Gofmanyň dörediżiligi xakynda nämeler bilýäňiz?
6. «Kiçike Tsaxes» eseri näme xakynda xekaýa edýär?

## Mowzuk Iňlis edebiýatynda romantizm. Noel` Baýronyň we Wal`ter Skottyň dörediżiligi.

Işiň meýilnamasy.

1.Iňlis romantiziminiň xäsietli aýratynlygy.

1. Żorż Gordon Noel` Baýronyň ömri we dörediżiligi.

3.Wal`ter Skottyň dörediżilik ýoly.

Daýanç düşünżeleri. Anglýadaky luditler xereketi. Leýkistleriň romantik eserleri.Baýron xakynda maglumat. «Çaýl`d Gorol`dyň zyýarady» eseriniň mazmuny. «Gündogar dessanlary» eseri. Wal`ter Skottyň ömri we dörediżiligi xakynda maglumat. «Aýwengo» romanynyň ideýasy we çeperçiligi.

XVIII asyryň axyrlarynda frantsuz burżuaz rewolýatsiýasy öz xäsietine görä umumy ewropa meselesine öwrüldi. Rewolýatsiýadan gorkan iňlis xökümdarlary zäxmetkeşlere garşy birleşip xüżüme geçdiler. Eýle ýagdaýda

Anglýanyň demokratik güýçleri birleşip xereket etmeli bolýardylar. Olar «Konistitutsion żemgyet», «London korrespondentleri żemgyeti» ýaly watançylyk ruxdaky guramalary düzdiler. Bu guramalar reaktsion güýçlere garşy göreşdiler. Bu döwürde ażaýyp publitsistler Tomas Peýn, Wil`ýam Godwinler xalk tarapyndan çykyş etdiler.

XIX asyryň başlarynda Anglýada Luditler xereketi aýaga galdy. Luditler-maşyn döwýänler, XIX asyryň başynda Anglýada senagatyň pese gaçmagy bilen işsizlikden weýran bolan işçiler xereketidir. Anglýa parlamenti luditlere garşy adalamsyz kanun kabul etdi. Parlamentiň bu kanunyna garşy Baýron luditleri goldap çykyş etdi.

Ine şeýle şertlerde emele gelen iňlis romantizmi üç xili akyma bölünýär.Birinżi akym «Leýkistler» diýilip at alýar. Bu akymyň wekiller Wordewort, Sauti, Kolrižler bolupdyr. Ikinżisi ösýän rewolýatsion romantizmiň wekilleri Baýron we Şellidi.üçinżi akymyň wekilleri London romantikleri diýip at aldylar. Muňa Kite, Lem, Xezlitt dagylar degişli.

Žorż Gordon Noel` Baýron iňlis romantizmi edebiýatynyň iri wekillerinden biri. Baýronyň döredižiligi onuň ýaşap geçen döwrüniň äxli taraplaryny özünde żemleýär. Beýik şaxyr öz eserlerinde zamanasynyň milli azat edižilik xereketini, Irland xalkynyň Anglýa zulmyna garşy alyp baran göreşlerini, luditleriň ilkinżi çykyşlaryny beýan edipdir.Baýron 1788 ýylda aristokrat maşgalasynda dünýä inýär. Gelżekki şaxyryň ýaşlyk ýyllary Şotlandiýada geçýär. Baýron 10 ýaşyna etende lord çinin alýar we N`ýasted galasynyň mirasdüşeri bolýar. Mekdepde okan ýyllarynda Baýron antik dünýä edebiýaty, iňlis edebiýaty xem-de gadymy dilleri öwrenýär. Gelżekki şaxyr mekdebi gutaryp, Kembriż uniwersitetine okuwa girýär we ony 1808 ýylda tamamlaýar.1809 ýylda Anglýa parlamentiniň lordlar palatasyndan kanuny orny eeleýär. Şu ýyly baxarda Baýron Orta Er deňizinden başlap iki ýyllyk syýaxata çykýar. Ispaniýa, Mal`ta, Al`baliýa, Turkiýa, Portugaliýa, xem-de Gretsiýani aýlanyp çykýar. Bu ýartlaryň xalklary bilen tanyşmak, ażaýyp günbatar tebigaty şaxyryň kalbyna gozgalaň salýar. Bu syýaxatyň netiżesin-de Baýron Çaýl`d Goraedyň zyýaraty atly lirik- epik dessanyny döretdi. Dessanyň birinżi we ikinżi baplary 1812 ýyl-da çapdan çykýar we şaxyra görilip-eşidilmedik dereżede şöxrat getirýär. Baýron 1811 ýyl-da syýaxatdan gaýdyp gelýär. 1812 ýyl-da Baýron Lordlar palatasynda iki gezek çykyş etdi. Parlamentiň ýaş agzasy Baýron lordlar palatasyna agza bolup gelen günlerinden başlap rektsion toparyň garşylygyna duş geldi. Baýronyň demokratik pikirleri, ýaş bolmagyna sertmezden özüni erkin tutuşy, zäxmetkeşleriň xak- xukugyny gorap gorap çykyş edişi, olary gaty gazaplandyr. Şaxyryň birinżi çkyşy mudetlere bagyşlanan bolsa, ikinżi çykyşy daýxanlaryň xukuklarny goramaga başlaýar.

Baýronyň żoşgunly, xalky eserleri 1813- 1816 ýyllarda döreden ''Gündogar dessanlary atly topluma giren ''Gýaur'', ''Abidoes gelini'', ''Karsar'', xem-de ''Parizina'' atly romantik poemalary onuň duşmanlarynyň gazabyny güýçlendirýär.

Baýron 1815 ýyl-da Annabella Mil`beik atly aristokrat gyza öýlenýär. Emma Ainebella Mil`beik Baýroniň islegine düşünmeýär. Munuň üstüne şaxyryň duşmanlarynyň dargadan ýalan geplerine ynanyp, bir ýyldan soň ýoldaşyndan aýrylmak xakynda iş gozgalýar. Baýronyň syýasy duşmanlary mundan peýdalanyp, ony parlamentden gysyp çykarýarlar. Netiżede Baýron 1816 ýyl-da öz watany Anglýany bütinleý terk etmäge meżbur bolýar.

Baýron ýardyny taşlap gidenden soň, Bel`giýada, Shwetsiýada, soňra Gollandiýada ýaşaýar. Ýalňyzlyk, watanyndan aýrylmak şaxyrda göwniçökgünlik emele getirýär. "Gündogar dessanlaryndan" şaxyryň adalatsyz żemgyete garşy gazaby ene-de artýar. Eseriň gaxrymanlary xökümdar żemgyetiň duşmanlarydyr. Bu eke-täk, ýalňyz romantik adamlar żemgyetden iren, dagu-daşlara, deňiz kenarlaryna çykyp giden adamlarydyr. Olar şol żemgyete garşy göreşde güýçleri etmeżeklerini bilseler-de, göreşlerini dowam etdirýärler.

WAL`TER SKOTT (1771-1832).

Angilýanyň beýik ýazyżylarynyň biri Wal`ter Skott dünýä edebiýatynyň taryxyna özüniň yzlyn taryxy romanlary bilen uly goşant goşdy. Wal`ter Skattyň ýaşap geçen döwri möxüm wakalara örän baý. Köne bilen täzäniň arasyndaky göreşler, Angilýadaky senagat özgerişi, ilkinżi Frantsuz rewolýatsiýasy, Napole onuň alyp baran basybalyżylyk uruşlary ýazyży üçin sýażet bolup xyzmat edipdir. Onuň taraxy temada ýazan romanlary X11 asyrdan başlap tä X1X asyry çenli dürli-dürli wakalary öz içine alýar. Wal`ter Skatt ýaşap ýören wagtlarynda onuň ady dünýä belli bolýar. Ýazyżynyň döredițiligine A. S. Puşkin, W. G. Belinskiý, Onore de Bal`zak ýokary baxa berýär.

Wal`ter Skott, dünýägaraýşyna görä konserwator we ol "adalatly monarxiýanyň " tarapdary bolupdyr. Ol rewolýatsion xereketleriniň tarapdary bolman, eýsem żemgietiň ýawaş-ýawaşdan özgermeginiň tarapdary boldy.

Wal`ter Skott 1771 ýyl-da Şotlandiýada dworýan maşgalasynda dünýä inýär. Gelżekki ýazyżyny şotlandýanyň tebigaty we taryxy gyzyklandyrýar. Onuň kakasy xukukşynas bolupdyr. Ol mekdepde okap ýören wagtlarynda xalk efsanalaryna, balladalaryna gyzyklanýar. Skott Edinburug uniweristetine girip, xukukşynaslyk kesbini eeleýär. Adwokatlyk işi bilen birlikde ol ene topragyň taryxyny, xalk döredițiligine degişli materiallary, toplap başlaýar. Skottyň taryxa bolan gyzyklanmasyna 1796 ýyl-da Gýotäniň "Gýots fon Berlixinge" taryxy dramasyny terżime etmegi itergi bolýar. Indi ol bütinleý edebi döredițilik bilen meşgullanyp başlaýar. 1802-1808 ýyllarda üç tomluk Şotlandiýa xalyk aýdymlaryny, birnäçe romantik poemalary neşir edýär. Bu aýdymlar we poemalar ýazyżynyň watan taryxyny we fol`kloryny kämil öwrenmelidigini aňladýar. Şotlandiýanyň peýzaży, gadymy feodal köşkler, fantastika we başdangeçirmelere baý bolan bu eserler oňa uly şöxrat getirýär.

Wal`ter Skottyň döredițiligini, xäsietine garap, üç döwre bölmek bolýar. Birinżi döwri- 1796-1813 ýyllar-ilkinżi romantik poemalary döreden döwri. Ikinżi döwr-1814-1818 ýyllar bolup, bu ýyllarda Skott Şotlandiýa taryxyndan

alyp ýazan ażaýyp romanlarny “Uewerli”, ”Gaý Mainering”, ”Antikwariý”, ”Puritanlar”, “Row Roý”, ”Edinburg zyndany ” ýaly eserlerini döretdi.

Üçinżi döwür-1819-1832 ýyllary öz içine alýar. Bu döwürde ýazyży Angliýa, Frantsiýa xem-de Şotlandiýa taryxyna we beýleki döwletleriň uzak geçmişine salgylanyp, “Aýwengo”, «Kenil`wort», ”Kwentii Dorword”, “Wudetok”, ”Pert gözeli” romanlaryny ýazdy.

“Aýwengo” romany Wal`ter Skottyň bu döwürdäki eserleriniň arasynda uly orun tutýar. Bu romanyň merkezinde X11 asyr-da Anglýada güýçlenip barýan karollyk xäkimeti bilen özbaşymça feodallaryň arasyndaky uruş wakalary durýar. Eserde ýazyży özüniň söýgüli gaxrymanlaryny rytsar` Aýwengo, karol Şirýürek Riçard we olaryň töweregindäki adamlary romantik keşbinde suratlandyryp berýär. Eseriň gaxrymanlary mert, söýgüsine wepaly adamlar. Esasan xem eserdäki xalk wekilleriniň obrazlary örän kämil çykypdyr: Olardan gyzykçy Wamba, doňuz çopany Gurt, şadyýan manax Tuk, tokaýdaky ýaýçylaryň başlygy batyr Robin Gudy görkezmek bolar. Eserde anglo-saks feodallary xem-de daýxanlary bilen normann basgynçylarynyň arasyndaky uruş suratlandyrylýar. X1 asyrda Angilýany basyp alan normanlar xetden aşa zulum we adalatsyzlyk edýärler. Norman feodallary Fron-de Bef, Buagil`betor-de Brasi we başgalar anglo-sakslary ezýärler, olaryň mal-mülkini talap alyp, özlerini kemsidýärler. Anglo-saks feodallary Sedrik, Atel`eol we başgalar öz er-mülklerini basgynçylardan goramak üçin göreşýärler, ýönekeý xalk xem öz feodallary, xem basmaçy normanlaryň zulmundan azar çekýärler. Olar örän garyp ýagdaýda ýaşaýardylar. Şol sebäpli xem tokaýda gizlenip basgynçylara garşy göreş alyp barýarlar. Bu garyp göreşiżilere Angliýa xalklarynyň söýgüli gaxrymany Robin Gud başçylyk edýär. Ol romanda Loksli ady belen xereket edýär. Xalk öz başlygy Robin Gudy (Loksli) söýýär we onuň yzyna eerýär. Ýazyży eserde Robin Gud xakyndaky xalk aýdymlaryndan we balladalardan ussatlyk bilen peýdalanypdyr. Romanda X11 asyr Anglýada ýaşan xiç xili xukugy bolmadyk, kowgyn edilen ýaxudiýler xem suratlandyrylýar. Olaryň xukuklary bolmany üçin anglo-saklar xem, normanlylar xem kemsidipdirler. Ýaxudileriň tarapdary sypatynda, romanda söwdagär Isak we onuň gözel gyzy Rawekanyň obrazlary berilipdir. Eseriň baş gaxrymany Uil`fred Aýwengo saksoniýaly feodal Sedrigiň ogly bolýar. Aýwengo karol Şirýürek Riçarda wepaly bolany üçin, atasy öýünden kowýar. Aýwengo karol Riçard bilen bile gündogara, salb ýörişlerine gatnaşýar we ażaýyp gaxrymançylyklar görkezýär. Wal`ter Skott “adalatly monarxiýa” tarapdary bolany üçin normann karoly Şirýürek Riçrdy ezilen xalkyň tarapdary bolup, özbaşdak feodallara garşy göreşini görkezýär. Sedrik iri feodal bolany üçin karola boýan egmeýär. Ogly Aýwengo bilen xem şol sebäpli oňuşmaýar. Karol Riçard salb ýörişleri wagtynda onuň dogany şazada Žon tagta oturyp öz töweregine normann feodallaryny ýygnap ýartda özbaşymçalyk, adalatsyzlyk edip başlaýar. Salb ýörişlerinden gelen karol Riçard wagtynça nämälim keşbinde gezmeli bolýar. Ol tokaýda Robin Gud bilen birlikde xereket edýär. Aýwengonyň atasy garry Sedrik özi terbielän gözel gyzy Rowena, söwdagär ýaxudi Isaak we onuň gyzy

Rawekka normann rytsarlaryna esir düşýär. Normann feodallary-Fron de Bef, Buaçil`ber we de Brasiler esirleri gamap olardan örän köp mukdarda töleg bermeklerini talap edýärler. Emma Şirýürek Riçard, Aýwengo, Robin Gud adamlary bilen birlikde feodal Fron de Befiň galasyny ýakyp, esirleri azat edýärler. Buagil`ber atly norman ryňary Rawekkany alyp gaçýar. Gyz oňa durmuşa çykmaga razy bolmýar. Butxananyň magistri Luki Bomanara Rawekkany żadygöýlikde aýyplap oda ýakmaly diýip xöküm çykarýarlar. Aýwengo gyza kömek edýär. Ol ekeme-eke söweşde Buigil`beri öldürýär we Rawekkany azat edýär. Netiżede, Şirýürek Riçard duşmanlaryny eňip, tagta oturýar. Aýwengo kakasy Sedirik bilen ýaraşýar. Ol gözel gyz Rowena öýlenýär we karolyň wepaly kömekçisi bolup saraýda xyzmat edýär. Rawekka bolsa atasy Isaak bilen öz ýartlaryna gidýär. Şeýlelikde, romanda özbaşdan feodallaryň üstünden, iri merkezleşýän, özbaşdak döwletiň eňişi görkezilýär.

Eserde feodallaryň keşbi, wagşylygy, reximsizligi real suratlandyrylýar. Wal`ter Skott 20-ýyllarda birnäçe taryxy, taryxy edebi temalarda eserler döretdi. Napoleon Bonapardyň durmuşy, "Şotlandiýa taryxy", "Romançylar durmuşynyň teswiri", Draýden we Swift xakyndaky kitaplaryny ýazýar.

Wal`ter Skott ömrüniň soňky ýylarynda örän köp işleýär.Bu bolsa onuň saglygyna ýaman täsir edýär. Skott wraçlaryň maslaxaty bilen günbatara saglygyny dikeltmäge gidýär. Emma ýagdaýy gowulaşmansoň, 1832 ýyl-da ol Şatlandiýa gaýdyp gelýär we aradan çykýar. Onuň eserleri öz xäsieti boýança romantizimiň çäklerinden çykyp, tankydy realizme ýol ýasap berdi.

Soraglar we ýamuşlar.

1.Anglýa edebiýatynda romantizm xaçan emele gelipdir?
2. Baýronyň dörediżiliginde romantizm diende nämä düşünýäňiz?
2. Wal`ter Skott dünýä edebiýatynyň taryxyna xaýsy eseri bilen girp gelipdir?
3. «Aýwengo» romanynyň temasy we ideýasy xakynda nämeler bilýäňiz?

## Mowzuk. **Frantsuz edebiýatynda romantizim**.

, Işiň meýilnamasy

1. Frantsuz edebiýatynda romantizimiň emele gelmeginiň sebäpleri.
2. Wiktor Gýagonyň ömri we dörediżiligi .
3. "Pariż Bibi Mer`em ybadat xanasy" eseriniň ideýasy mazmuny.

Daýanç düşünżeleri. Frantsuz romantikleriniň eserleri romantikler. Gýagonyň dörediżilik dünýäsi. Gýagonyň ilkinżi eseri.

Frantsiýada romantizimiň emele gelmegine esasy sebäp XŞ asyryň axyrlaryndaky ýüze çykan birinżi frantsuz burżuiz rewolýatsiýasy bolýar. Bu rewolýatsiýa Ewropanyň birnäçe döwletlerinde örän çylşyrymly ideologik göreşi ýüze çykardy. Romantizim edebi uguryň esasynda işe şu rewalýatsiýa

sebäpli emele gelen täze düzgünler-burżuiz düzgünlerinden kankgatlanmazlyk xäseti ýatýardy. X1X asyryň başlarynda bir näçe pelsepeçiler we ýazyżylar rewolýatsiýanyň netiżelerine xem-de ony emele getiren magaryfperwerlik ideýalarina garşy kesgitli xereket başladylar. Reaktsion romantikler diýip at alan bu toparyň wekilleri akyly xer xili żemagatlaryň çeşmesi diýip xasapladylar. Dini, ybadatxanany gaýta diklemegi talap etdiler. Olar birinżi burżuaz rewolýatsiýasyny magaryfçylarynyň eden günäsi üçin alla tarapyn iberilen żeza diýip baxa berdiler. Bu günäden gutulmak üçin ene-de monarxiýany gaýta diklemek, katolik butxanasynyň roluny götermek gerek diýip aýtdylar. Bu magaryfyň başlyklaryndan biri Şatowrian frantsuz edebiýatyndaky pissimizmi, indiwidualizmi, terkidünýäçiligi, ylma bolan ynamsyzlygy tankyt etdi. Reaktsion romantikler rewolýatsion ideologiýalary ýoga çykaryp,aň-bilimiň güýżüne şübxe bilen garamaga çagyrdylar. Ine şol reaktsioner pelsepeçi we ýazyżylardan Frantsiýada Bonal`d (1753-1840), Şotabrian(1768-1848), Al`fred de Wiş`i (1797-1863) görkezmek bolýar.

Egerde reaktsion romantikler rewolýatsion ideologiýani inkär etseler, ikinżi lager` wekilleri demkratik ruxdaki romantikler Wiktor Gýago, Żorż Saidlar äxli ünei rewolýatsiýa sebäpli peýda bolan ýönekeý adamlaryň ýazuw-ulymlaryň amala aşmagyny garatdylar. Şunuň bilen-birlikde demokratik ruxdaky romantikler burżuaziýa düzülişiniň xäsietine-de, onuň kanunlarynda düşünmediler. Bu romantikler ykdysady ösüşe umyt baglap, ol ynsaneti azatlyga çykarar diýip ynanýarlar. Olar dörediżilik erkinçiligini, sungat erkinligini goradylar. öňdebayży romantikler ýönekeý ynsanlaryň arzuw-islegleri, duýgulary xakynda ýazdylar. Olar sungatda millilik baýdagyny göterip çykdylar. Eger-de klassiňizim edebiýaty sýażetini gadymy Ýananistan we Rimden alan bolsa, öňdebaryży romantikler sýażetini öz xalkynyň baryxadam, milli taryxdan agtardylar. Bu bolsa olaryň dörediżiliginiň demokratizimi, watansöýüżiliginden derek berýärdi.

Wiktor Gýago Frantsiýanyň zexinli şaxyry, dramaturgy, romantigi we publitsistidir. W. Gýago 1802 ýyl-da Bezanson şäxerinde ofitseriň maşgalasynda dogulýar. Kakasy xarby xyzmatkär bolany üçin Gýagolaryň maşgalasy bir şäxerden ikinżi şäxere, bir ýartdan, ikinżisine göçüp ýörmäge meżbur bolýarlar. Gelżekki ýazyży ýaşlygyndan maşgalasy bilen Italýada, Ispaniýada, Frantsiýanyň birnäçe şäxerlerinde bolýar. Gýago dörediżilik işine gaty ir başlaýar. Ol mekdepde okap ýören wagtlarynda fizika, matematika, we pelsepeden sapak diňleýär. Wiktor Gýago 20- ýaşynda «Kasydalar» atly ilkinżi kitabyny çapdan çykarýar. 1817 ýyl-da goşgulary frantsuz akademiýasynyň baýragyna mynasyp bolýar.

1818 ýyl-dan başlap, ilkinżi nowelladir romanlary çykaryp ugraýar. Ikinżi eserlerinde Gýago rektsion romantizimiň täsirinde bolýar. 1827- ýylda ilkinżi gezek taryxy temada «Kromwel`» dramasyny döredip, Gýago poeziýa progresiw romantizimiň tarapyna geçýär. Onuň şeýle eserleriniň xataryna ”Ermani», «Marion de Lorin” dramalaryny goşmak bolýar.

1830 ýylyň iýal` rewalýatsiýasyna bagyşlap ol “Pariż Bibi Mer`em ybadatxansy” atly uly romanyny ýazýar. Romanyň sýażetini Gýago XV asyr Frantsiýa taryxyndan alýar.

Gýago romany ýazmazdan öň Parižiň meşxur ybadatxanasyny birnäçe gezek aýlanyp çykýar. Onuň arxitekturasy, nakgaşlygy bilen tanyşyp çykýar. Ýazyży ybadatxanany aýlanyp ýörkä sütünlerinden birine oýalyp ýazylan “Ananke” dien sözüni okaýar. ”Ananke-sözi tagdyr, kysmat dien manylary aňladýar. Ýazyży bu sözüň manysyny giňeldip, oňa üç xili mazmun berýär. Ýagny din anankasy, żemgiet kanunlary anankasy xem-de tebigat apatlary anankasy. Gýagonyň pikiriçe, ynsan öz ömrüniň dowamynda şu üç xili “ananke” üç xili dogma, üç xili ýowuzlik bilen göreşmeli bolýardy.

Ýazyży ylymynyň dine garşy alyp baran göreşini teswirlemek üçin “Pariż Bilbil Mer`em ybatatxanasy” romanlaryny, ynsanyň żemgyetiň adalatsyz kanunlaryna garşy göreşini teewirlemek üçin, «Xarlananlar» romanyny, soňra ynsanyň tebigy apatlara garşy göreşini görkezmek üçin «Deňiz zäxmetkeşleri» atly romanyny ýazdy.

«Pariż Bibi Mer`em ybadatxanasy» romanynda butxanada ýüze çykan wakalar beýan edilýär.

Ybadatxananyň ruxanysy Klod Frolla öz ömrüni din ýoluna diken adam, ol bu dünýäniň äxli şatlygyndan ýüz öwüren adam.Bütin ömrüni ybadatxanada geçiren adamyň özi xem din ýaly żuda sowuk adama öwrülýär. Emma ýaşy bir çene barandygyna seretmezden ol Pariż köçelerinde tans edip, şol arkaly gün görýän gyz Esmeral`dany söýüp galýar. Esmeral`da ýaş, gözel we şadyýan gyz. Esmeral`da ýaş-gözel, we şadyýan gyz. Ol klod Frollanyň söýgüsini ret edýär. Emma ol gyzdan el çekmeýär. Günlerde bir güni, garaňkyda galan gyza klod frollo bilen ybadatxananyň çaňçysy Kwazimodo ogurlażak bolýar. Esmeral`danyň kömek sorap gygyran sesine Karol` armiýasynyň köçe natrullary etip gelýärler. Klod Frollo bilen Kwazimodo gözden gaýyp bolýar. Köçe tertibini saklaýży ofitser Febni Esmeral`dany gowy görüp galýar. Klod Frolla indi kapitan Feb bilen Esmeral`dany yzarlap gezýär. Ol bir güni giże Febi ýaralap, gizlenýär. Feb ýarasy zerarly, gyz bolsa gorkuzyşyndan xuşundan gidýär. Ofitseri keselxana, gyzy bolsa gamaga äkitýärler. Ony Korol armiýasynyň Fitseriniň żanyna kast etmekde aýyplaýarlar, we ölüme xöküm edýärler. Emma ony żeza meýdanyna äkitýärkäler, Kwazimoda gyzy ybadatxana girizip gidýär. Şol sebäpli gyz birnäçe wagt ybadatxanada żan saklaýar. Esmeral`da özi ýaly garyp adamlar, lolylar, masgarabazlar, xullas żemgietiň iň pes erinde ýaşlyga meżbur bolan adamlaryň arasynda taşlandyk, geň- taňlyklar saraýynda- ýaşaýardy. Bu erdäki adamlar Esmeral`dany xalas etmek üçin ybadatxana çozýarlar. Bulara garşy Kwazimodonyň ýalňyz özi göreşýär. Şäxeriň merkezinde ýüz beren bu ýagdaýy gurally esgerler gelip basýarlar. Şu güni giże Esmeral`da xem ybadatxanadan gaýyp bolýar. Klod Frollo ene-de bir gezek gyzy meżburan söýgüsini geçirżek bolýar. Emma gyz ene-de red edýär. Şondan soň ruxany gyzy żellada tabşyrýar. Esmeral`dany Grew meýdanynda dara asyp

żezalaýarlar. Kwazimodo muňa sebäpçi bolan Klod Frolly öldürýär. özi xem ybadatxanany terk edip, Esmeral`danyň mazarynyň ýanynda żan berýär.

Ýazyży eserde romantik reňklerden giňden peýdalanýar. Eseriň gaxrymanlarynyň köpçüliginiň tagdyry ybadatxana bilen bagly. Ybadatxana xer bir personażyň durmuşynda möxüm rol` oýnaýar. Ol Orta asyrçylyk feodalizmi, diniň xereketi, zulum, adalatsyzlyk mesgeni sypatynda teswirlenipdir.

Ybadatxananyň wekili bolan Klod Frollonyň özi xem ýönekeý adamlara ýat bolan dini akymy oýlap tapýar. Onuň söýgüsi xem xiç kime ýagşylyk, şatlyk bagyşlamaýar, tersine, töweregindäkilere ölüm toxumyny seçýär. Eserdäki personażlar bir-birine garşy berilen:

Klod Frollo-xakyky dünýäden üzňe, terkidünýä, xiç-xili ýagşylyk elinden gelmeýän adam.

Esmeral`da: -sada, xalk wekili. Onda dini ýagdaýlardan uzakda, durmuş şatlyklary, xakyky gözellik, ýönekeýlik burk urýar. Xalk perzendi Esmeral`da xemmä şatlyk, begenç paýlaýar. Ol özi ýaly żemgyetiň garyp gatlagynyň arasynda ýaşaýar. Gyz öz töweregindäkilere sada dilden, ýönekeý gatnaşykda bolýar.

Kwazimoda eden mäxribançylygy xem onuň ynsanperwerliginden bir nyşandyr. Şol sebäpli xem Kwazimoda Esmeral`dany çyn ýürekden söýýär. Ony ölümden xalas edip, ybadatxanadan er berýär.

Feb:- Bu ýigit xem gelşikli, emma içgi dünýäsi gury, birexim, söýgüde durnuksyz. Esmeral`da bu ýigidi çyn ýürekden söýýär. Ol öz söýgüsine iň soňky demine çenli wepaly bolup galýar. Emma kapitan Fep güýçli duýga ee däl. Ol Esmeral`danyň söýgüsine mynasyp däl, içgi dünýäsi boş bir dworýan.

Żaňçy Kwazimoda- ol xem eseriň esasy gaxrymanlaryň biri.

Onuň gorkunyçly daşky görnüşi xem örän gözel içgi dünýäsine garama-garşy suratlandyrylypdyr. Kwazimoda beýik ynsanlyk duýgusy bilen Esmeral`dany söýýär. Ol öz söýgüsi bilen Klod Frollo we Febden üstün. Xakyky xalk ýazyżysy Gýago Kwazimodo we Esmeral`danyň obrazlarynyň üsti bilen xalkyň xakyky perzentlerniň baý ruxy dünýäsini teswirleýär.

“Geň-taňlyklar saraýynda ” ýaşaýan garyp adamlaryň obrazy ybadatxana garşy goýalan.

Aslynda olar feadal żemgyetiniň adalatsyzlygyndan żebir görýärler. Olar ybadatxanany zulum we adalatsyzlygyň mesgeni diýip düşünýärler.

Wiktor Gýago uzak ýyllyk ömrüniň dowamynda örän köp goşgular, dramalar, uly romanlar xem-de publitsistik eserler döretýär.Eserlerinň äxlisinde dien ýaly bu beýik ýazyży xalkyň bagtyny, azatlygny, deňligini şöxlelendiripdir. Onuň kitaplarynyň saxypalaryndan ýönekeý, sada adamlaryň xak-xukuklaryny talap edip çykýan beýik adalatperwer ynsanyň, ynsanperwer adamyň owazy eşidilip durýar.Wiktor Gýagonyň ömri we dörediżiligi garaşsyzlyk adamlary üçin örän gymmatly çeşmedir. Ol xalklaryň erkinligi, garaşsyzlygy we milli medenietiniň tarpdarydy.

Soraglar we ýamuşlar.

1. Frantsuz edebiýatynda romantiz xaçan emele gelipdir?
2. Wiktor Gýagonyň döredižiligi xakynda nämeler bilýäňiz?
4. «Pariž Bibi Mer`em enäniň ybadatxanasy» eseriniň mazmunyny aýdyp beriň?
5. Romanyň gaxrymanlaryny xäsietlendirip bilýäňizmi?

## Mowzuk. Amerikan edebiýatynda romantizim. Fenimor Kuperiň ömri we döredižiligi.

Plan:

1.Döwrüň sotsial-ykdysady we syýasy ýagdaýy.
2. Amerikan edebiýatyndaky romanlar.
3.Žeýms Fenimor Kuperiň ömri we döredižiligi.

Daýanç düşünželeri. Bu döwürde Amerika döwletinde näxili sotsial syýasy wakalar bolupdyr. Roman žanrynda kimler eser ýazypdyr. Kuperiň «Soňky Magikan» eseriniň ideýasy.

Amerikan edebiýatynda romantizim 1775-1783 ýyllarda Birleşen ştatlarda emele gelen rewolýatsiýa sebäpli döredi. Ewropa döwletleriniň edebiýatyna täsir edişi ýaly Frantsuz buržuaz rewolýatsiýasy romantizim akymynyň gelip çykmagyna itergi boldy. XIX asyryň birinži ýarymynda ABŞ öz garaşsyzlygy üçin alyp baran göreşlerinde eňiş baýdagyny ele aldylar. Bu eňişi xalk köpçüligi gazanan xem bolsa, olar ondan peýdalanyp bilmediler. Eňişiň netižesinden iri senagatçylar, er eeleri peýdalandylar. Şeýle xem ABŞ –da gulçylyk syýasaty meselesi xäli üzül-kesil çözülmändi.

Bu mesele XIX asyrda xem baş mesele bolup galdy. Şol sebäpli xem Amerika edebiýatyndaky romantizim XIX asyryň birnži ýarymynda ine şu çylşyrymly garama-garşylyklar özünde beýan edipdir. Eger-de ABŞ-nyň demirgazyk böleginde senagat işläp çykaryş tiz depginler bilen ösüp giden bolsa, günorta xem gulçulyk saklanyp galypdy. Demirgazyk bilen günortanyň arsyndaky bu tapawut olaryň arasynda uly garşylyk döredýärdi. Uly-uly er meýdanlaryna eeçilik etmek üçin ABŞ –nyň erli xalky –Amerikan indestsleri bilen dingysyz uruşlar alyp barýardy. Netižede indeýtsler reximsizlik bilen gyryp taşlanyldy. Ine şu mowzuk örän köp Amerikan ýazyžylary, şol xatarda Fenimor Kuperiň xem döredižiliginde öz beýanyny tapdy. ABŞ-daky xakyky durmuş kartinasy buržuaz rewolýatsiýasynyň žar eden azatlyk, deňlik xem-de bagta ymtylmak düşünželeri bilen ters geldi. Netižede Amerikan romantizim edebiýaty xakyky durmuşdan daşary çykyp xyýaly ideýalary beýan etdi. Bu edebiýat buržuwaz düzümiň sistemasyna garşy edip, indeetsleriň päk, sagdyn, adalatly durmuş guruşy xakda ýazdy.

Bu döwürde Amerikan edebiýatynda iri romantik ýazyżylar Waşington Irwing we Fenimor Kuper dörediżilik meýdanyna geldiler. Olar öz eserlerinde XIX asyryň başlaryndaky Amerika żemgyetini we durmuşyny suratlandyryp berdiler. ABŞ edebiýatynda ilkinżi romantik ýazyży Waşington Irwing (1783-1859) N`ýa –Ýork-da dünýä inýär. Onuň kakasy söwagär bolup ogluna ýaridik bilim berżek bolýar. Emma Irwing deňiz, syýaxat xakynda pikir edýärdi. Ol ýaşlygyndan başlap Ewropa döwletleriniň edebiýaty bilen gyzyklanýar. Irwing 1804 ýyldan başlap Ewropa syýaxada çykýar. Ol Italiýa, Shweýtsariýa, Angliýa, Gollandiýa we Frantsiýa ýaly döwletlerde bolýar. Waşigton Irwing ýamoristik nowellalar, oçerikler ýazyp, burżuaz Amerikasyny, onuň wekillerini tankyt astyna alýar. “Şeýtan we Tom Uoker”, “Xazyna gözleýżiler” atly eserlerinde Irwing indeets tireleriniň gyrylyp taşlanmagyna garşy bolýar.

XIX asyryň birinżi ýarymynda ýaşap dörediżilik eden ażaýyp romantikleriň biride Žeýms Fenimor Kuperdir.

Başdangeçirmeli romanlaryň ussady, romantizim edebi akymyň iri wekili Fenimor Kuper 1783 ýyl-da N`ýa-Ýork ştatynda iri er eesi bolan sud`ýanyň maşgalasynda dünýä inýär. Atasynyň babasy soňra Kuperstad ady bilen belli bolýar. Geleżekki ýazyży ilkinżi bilimi Kuperstaunda alyp, soňra Iel` unweristetine okuwa girýär. Emma unweristetden kowulup, söwda gämisinde ýönkeý matros bolup işleýär. Bir ýyldan soň xarby gämä işe geçýär. ABŞ –nyň flotynda işläp Kuper örän köp döwletlerde bolýar. 1810-ýylda kakasy ölenden soň, Kuper gala uly baýlyga mirasdüşer bolup, xarby-xyzmatdan boşaýar. Maşgalaly bolup, edebi dörediżilik bilen meşgullanýar. Fenimor Kuper Amerikan kapitalizimini tankyt edip çykan birinżi ýazyżydyr. Kuperiň eserlerinde Amerikada kapitalizim düzümleriniň ornadylyşy, erli xalk bolan indeetsleriň erlerini tartyp alyp, özlerini gyryp taşlanyşy iňňesinden-sapagyna çenli görkezilen. “Amerikanyň Wal`ter Skotty” diýip at alan Kuper, Birleşen ştatlar edebiýatynda taryxy roman żanryna esas goýýar. Onuň eserleri esasan, demokratizm, ynsanperwerlik, ýönekeý adamlaryň durmuşyny beýan edýänligi belli tapawutlanýar.

Fenimor Kuperiň dörediżiligini xäsietine görä üç topara bölmek bolýar: Birinżi topar-1821-1826 ýyllar. Bu döwürde ýazyży Amerikanyň ynkylaby ideýalaryna ynanýar, Ýarduň burżuaz demokratýasyna umyt baglap, watanynyň geçmişini täze düzgünlere garama-garşy goýar. “Içaly”, ”Lonmaç”, ”Pionerler”, ”Boston kemaly”, ”Soňky Magikan “ ýaly romanlarynda ýazyży Amerikan durmuşyndaky adalatsyzlyklary, indeets taýpalarynyň wagşyýana gyryp taşlanşy garalaýar.

Bu romanlaryň gaxrymanlary azatlyk, watançylyk ýaly ideýalary özlerinde kämilleşdirdiler. Olar ýazyża uly şöxrat getirdiler.

2- nżi topara 1826-1833 ýyllar girýär. Bu döwür Kuperiň dörediżiliginiň Ewropa syýaxat eden wagtyna dogry gelýär. Bu döwürde ýazyży, “Mert”, ”Geýdenmauer”, ”Želłat” ýaly romanlary döredýär. Bu eserler Ewropa döwletleriniň taryxyna bagyşlanandyr. Ýokardaky ady getirlen

romanlarynda ýazyży Ewropadaky monarxiýa düzümine ABŞ-daky respublikaçylyk düzgünlerini garama-garşy goýýar.

1833-1891 ýyllary öz içine alan 3-nži basgyçda Kuperiň dörediżiliginde öwrülişik emele gelýär. Ýazyżynyň ABŞ-nyň durmuşyna, öwülen Amerika demokratiýasyna gatnaşyklary düýbünden üýtgeýär. Baýlygyň yzyndan kowup, demokratik düzümleriniň aýak-asty edilenişini gören Kuperiň bu döwürdäki döreden eserleriniň içnde iň gowusy ”Monikenlerdir”. Ýazyży bu eserinde ABŞ burżuaz gurlşyny uly satiranyň astyna alýar.

Ýazyżynyň “Yzçy”, “Awçy” ýaly romanlary onuň indeets taýpalarynyň durmuşyny beýan etdirýän, meşxur, ”Gön ädik” xakyndaky romanlarynyň toparyna girýär. Bu topara girýän romanlar ýazyżynyň dörediżiliginiň ilkinżi döwründe xem döredilipdi. Meselem: ”Pionerler”, ”Soňky Magikan”, ”Preriýa” , romanlaryň umumy gaxrymany awçy Nataniel` Bumpodyr. Kuper Gön ädik lakamly gaxrymanynyň mertligni, batyrlygyny, dosta wepalylygyny suratlandyrýar. Gön ädik xakyndaky eseriň birinżi romany, “Pionerler-de» gaxryman Natti Bamponyň garran çaglary beýan edilýär. Bu mert ynsan ak tenliler üçin Amerikanyň adam aýagy düşmedik tokaýlaryndan ýol açypdyr, indeets taýpalaryny tsiwilzatsiýalaşdyrmagyň pioneri bolupdyr. Onuň dosty Żon Mogikan-indeetsleriň başlygy. Eserde onuň xem garran wagtlary suratlandyrylýar. Bu ażaýyp ynsanlaryň ikisi xem Amerikanlar tarapyndan kemsidilip, xorlanan ynsanlardyr. Kuperiň gaxrymany Natti Bampo özüniň xalallygy, ynsanperwerligi bilen burżuaz düzgünlerini ornaşdyrýan adamlardan beýikde durýar. Nataniel` Bampo xakyndaky ikinżi roman “Soňky Magikan”-da Angliýa bilen Frantsiýanyň arasyndaky uruşlar beýan edilýär. Onda iňlis basybalyżylary bilen Frantsuz rewolýatsionerleriniň indeets taýpalaryny reximsiz gyryp taşlaýan peýzaży suratlandyrylýar. Bu romanda Natti Bampo iňlis razwedkaçysy Bürgüt göz lakamy bilen, indeets taýpasyndan bolan Żon Magikan Çingan.çuk lakamy bilen gatnaşýarlar. Fenimor Kuper ”Soňky Magikan” romany bilen ak tenliler bilen gyzyl tenlileriň arasyndaky gapma-garşylyklaryň geregi ýok, dien netiże çykarýar. Kuperiň gumanizminiň äximeti xem şondadyr. Gön ädik xakyndaky üçinżi roman ”Preriýada” –Amerika tebigatynyň gözel peýzaży suratlandyrylýar. Eserde tebigat özüniň bütin güýç –gudraty bilen xereket ediżi güýç xökmünde suratlandyrylýar. Fenimor Kuperiň romançy sypatyndaky bitiren uly xyzmatynyň biri, ol xem bolsa romana tebigaty estetik kategoriýa sypatynda girizmegidi.

ABŞ-ny basyp almaga bagyşlanan soňky romanlary “Yzkowar”we “Awçy” eserlerinde ýazyży ene-de XVIII asyra ýüzlenýär. Bu romanlarda xem erkin, azat indeets taýpalarynyň durmuşyny basybalyży ak tenlileriň durmuşyna garşy goýýar. Ýazyży indeets taýpalaryndan çykan gaxrymanlaryň xer taraplama ýokary durýan xäsietlerini teswirleýär. Bu eserleriň ikisinde xem ene-de şol Natti Bampo bilen Çiňgançugyň obrazlary esasy orunda durýar. Ýazyży ak tenlilerden ekesini xem özüniň söýgüli gaxrymanlaryna

deňeşdirmeýär. Fenimor Kuperiň söýgüli gaxrymany Natti Bampo Amerikanyň tagdyry xakynda pikirlenende, girip gelýän burżuaz tsiwilizatsýasynyň tebigati, erli xalk –indeets taýpalaryna düýbünden ýat ekenligini aýdýar.

Fenimor Kuperiň dörediżiligi, aýratyn xem indeets taýpalarynyň durmuşyna degişli eserleri dünýä edebiýatynda uly şöxrat gazandy. Kuperiň dörediżiliginde burżuaz düzümi, onuň wekllleriniň aýagy eten erlerinde ynsanyň gadrynyň ere urulyşy, erkinlik, azatlyk, demokratik düşünżeleriniň aýak asty edilişi garalanýar.

Soraglar we ýamuşlar.

1. Amerikan edebiýatynda ilkinżi romantikler kimler?

2.Fenimor Kuperiň ömri we dörediżiligi xakynda nämeler bilýäňiz?

2. «Soňky Magikan» roman pentalogiýasyna xaýsy romanlar girýär?
3. Bürgüt göz, Uzyn karabil, Gön ädik, bu lakamlar kime degişli?
4. Kuperiň romanlarynyň baş gaxrymany kimler?

## Mowzuk. XIX asyr frantsuz edebiýatynda tankydy realizm.
## Frederik Stendal` we Onore de Bal`zak.

Işiň meýilnamasy.

1. Frantsuz edebiýatynda tankydy realizim:
2. Frederik Stendal`. Edebi durmuşy.
3. Onore de Bal`zagyň ömri we dörediżilik ýoly.

Daýanç düşünjesi: tankydy realizm xaýsy ýyllarda edebiýada geldi. Onuň esasy sebäpleri nämede. Ol nämäni beýan edýär. Frantsuz angliçan, amerikan, edebiýatlaryndaky tankydy realizimiň meňzeşligi we aýratynlygy.

Daşary ýar edebiýatynyň taryxynda tankydy realizim XIX asyryň 20-ýyllaryň soňunda peýda bolup, 30-40 ýyllarda pażarlap ösýär. Bu protsessiň emele gelişi Ewropada XIX asyryň birinżi ýarymynda, ABŞ-da we slawýan döwletlerinde XIX asyryň ikinżi ýarymyna dogry gelýär. Tankydy realizim, esasan roman żanrynda öz beýanyny tapdy. Bu edebiýat kapitalistik żemgietiň güýçlenip barýan wagtynda, burżuaziýa bilen işçiler synpynyň arasyndaky garma-garşylygyň güýçlenmesi wagtynda ýüze çykdy.

XIX asyryň birinżi ýarymyna gelip Ewropanyň bir näçe döwletlerinde rewolýatsion çykyşlar, zulum astyna düşen döwletlerde bolsa milli azatlyk xereketleri pażarlap ösýär.

Burżuaz düzgüni we onuň döreden täze tertipleri xemme erde reximsiz pul xökümdarlygyny emele getirýär. Sebäbi burżuaziýa adamlaryň arasynda nebisżeňlik gatnaşyklaryndan başga xiç-xili gatnaşyga er goýmaýar.

Eger-de XIX asyryň 10- ýyllaryndaky burżuaz gatnaşyklary edebiýatda romantik närazilik görnüşlerinde suratlandyrlan bolsa, 30-40 ýyllara gelip, bu gatnaşyklar realistik tankydyň ob`ektine öwrülýär. Burżuaz gatnaşyklarynyň żar eden täze şertlerinde "Akyl xökümdarlygy –xakyndaky xyýallar xem puża çykdy.

Tankydy realizm edebiýatyň beýik ussady Onore de Bal`ak öz eserlerinde öz ýaşap ýören döwrüniň durmuş kanunlaryny, bu kanunlary dolandyrýan güýżi, onuň xäsietini, tipik belgilerini beýan etdi. Bal`zak "Ynsanyet komediýasy" diýip atlandyrylan uly romanlar toplumynda burżuaz żemgyetiň axlaky, filosofiki taraplaryny çuň derňäp berdi. Ol burżuaz żemgyetini xerekete getirýän esasy güýç pul we altyn ekenligini subut etdi.

Tankydy realizm syýasy ýagdaýy giň suratlandyrýar. Eger-de romantik ýazyżylar öz gaxrymanlaryny real durmuşdan üzňe suratlandyran bolsalar, tankydy realistler. öz gaxrymanlaryny öz ýaşap duran żemgyeti bilen yzygider baglanyşykly ýagdaýda görkezýärler. Tankydy realizm edebiýatyndaky tipik gaxrymanlarynyň xäsieti położitel` xäsietdir.

Tankydy realizm romantizimden tapawutlylykda, suratlandyrýan wakalaryň we xadysalaryň asyl xäsietini açyp bermäge xyzmat edýär. Ol xer bir waka we xadysa taryxy żäxetden konkret ýakynlaşýar. Şol bsebäpli xem tankydy realizm edebiýatynda taryxylyk möxüm rol` oýnaýar. Tankydy realizm edebiýaty eksplotatsiýa esaslanan düzümi, onuň wekillerini aýawsyz paş edýär. Eger-de ýazyży teswirleýän xadysalarynadyr wakalaryna tankydy çemeleşmese, tankydy realizm edebiýatynyň wekili bolup bilmeýär.

Bu ýazyżylar öz gaxrymanlarynyň içgi dünýäsini bütin çylşyrymlylygy we psixologizmi bilen suratlandyryp bilipdirler. Emma bu realizm edebiýatynyň wekilleri özleriniň tankyt eden burżuaz düzümini agdaryp taşlamaga çagyrmandyrlar. Olar burżuaz żemgietiniň nirä garşy ösüp barýandygyna düşünmändirler. Emma, bu kemçiliklere seretmezden tankydy realistleriň eserlerini okan xer bir okyżyda burżuaz düzgünlerine garşy dini pikir döreýär.

Tankydy realizm edebiýatynyň iri wekilleriniň biri Frederik Stendal` Frantsiýanyň Grenobl` şäxerinde adwokatyň maşgalasynda dünýä inýär. Gelżekki ýazyżynyň eżesi irte aradan çykýar. Kakasy bolsa oglynyň terbiesi bilen meşgullanýar. Stendal mekdebinde okap ýören wagtlarynda XVI asyr Frantsuz magaryfçylarynyň eserlerini uly gyzyklynma bilen okaýar. Netiżede ol azatlyk ideologillarybilen terbielenip, din we rektsiýa ýigirenç bilen seredýär. Okuwy gutarandan soň Stendal` Pariże politexnika mekdebine okuwa gelýär. Emma okuwa girip bilmeýär we xarbi ministirligine işe erleşip

Napoleon Bonapartyň xarby ýörişlerine gatnaşýar. Stendal` Frantsuz armiýasynyň sapynda Italiýa, Germaniýa we Rossiýada bolýar. 1812 ýylda Moskwa gelen Stendal` rus xalkynyň Watan üçin pidaýylygyip görýär.

1814 ýylda Napolon tagtdan düşenden soň Stendal` Italiýa gidýär. Bu erde bolsa Italiýa watançylary Astriýanyň zulumyna garşy milli –azatlyk göreşini alyp barýardy. Italýani, onuň şadyýan, zäxmetsöýer xalkyny gowy gören Stendol` bu ýardyň durmuşyna bagyşlap birnäçe eserler ýazýar. 1821-ýylda Karbonarlar bilen gatnaşykda aýyplanan Stendol` Frantsiýa gitmäge meżbur bolýar. 1830 ýyl iýal` rewolýatsiýasyndan soň Italýanyň Çiwita – Wekkia şäxerçesine Frantsuz konsuly edilip bellenilýär. 1842 ýylda Stendol` iş bilen Pariże gelip şol erde xem biwagt aradan çykýar.

Stendal` öz zamanasynyň uly talantly adamy bolupdyr. Onuň dörediżiligi dürli-dürli żanrlary, sungadyň äxli görnüşlerni öz içine alýar. Onuň bäş sany romany, “Italiýa ýylnamalary” atly nowellalar toplumy, “Anri Brýaleriň durmuşy”, ”Awtobiografik xatlar”, ”Egotistiň ýadygärliklkri” ýaly eserlerinde gündelikleri we tlamalary saklanyp galypdyr.

Stendal` Napoleon xakynda xem birnäçe eserler ýazypdyr. Stendal` saz sungaty, teatyr we başgada sungadyň beýleki görnüşlerine gyzyklanypdyr. Onuň “Italiýada teswiri sungadyň taryxy”, ”Gaýdn, Motsart we Metaetizionyň durmuşy” atly eserleri muňa şaýatlyk edýär.

Stendol` Italýada ýaşan wagtlarynda bu ýardyň watançylarynyň Awstriýa zulumyna garşy alyp baran milli –azat ediżilik xereketine xaýran galýar. Ýazyży ażaýyp nowellasy ”Wanini-Wanina” işe şu rewolýatsion göreşe başlaýar.

Eseriň gaxrymany-ýaş Karbonar P`etro Missirilldir. Bu azatlyk söýüżi ýigit watanyny azat etmäge bil baglan ýaşlar birleşmesiniň başlygy. Ol ýaradar ýagdaýda politsiýadan gaçyp, bir baý maşgalanyň öýünde gizlenýär. Bu maşgalanyň gyzy Wanini-Wanini bilen P`etro Missirilli biri-birini gowy görüp galýarlar. Miesirilli öz watanynyň azatlygyny öz durmuşynyň mazmuny diýip bilýär. Bu ýagdaý onuň söýgülisi üçin gaýry tebigy duýalýar. Gyz söýen ýigidini rewolýatsiýa we karbonorlar xereketinden aýyrmak we ony diňe özüne garadyp almak üçin bu guramanyň agzalarynyň adyny politsiýa mälim edýär.

Wanina-Wanininiň xaýynlygyny bilen P`etro Miesirilli ony ýigirenýär we şaxsy söýgüsinden watan azatlygy üçin göreşmegi ýokary goýýar. Stendalyň bu nowellasy watanperwerlik ideýalaryny öňe sürýä.

Stendalyň “Gyzyl we Gara –romanyndaky gyzyl ”Erkinligi ” “rewolýatsiýa” düşünjesini, aňlatsa, ”gara” “reaktsion güýçleri’’ aňladýar. Ýazyży bu eserine Dantonyň “ Xakykat, aży xakykat” dien sözlerini epigraf edip alýar. Bu bilen ol eserdäki wakalaryň diňe xakykaty xekaýa edýändigini takyklaýar.

Romanyň sýażeti 1827 ýylda gazetde çykan sud wakalaryndan alynan. Antuan Berbe atly ýigit özi mugallymçylyk eden maşgalasynyň bikesi Mişu xanymy öldüren we munuň üçin ol ölüm żezasyna xöküm edilen. Stendal` ine

şu sud xronikasyny alyp, ony çeperçilik tarapyndan gaýta işläp, iri eser döredýär.

Stendalyň bu romany dünýä edebiýatynyň dürdäneleriniň arasynda mynasyp orun alyp, xenize-bu güne çenli öz äximietini saklap gelýär. Romanyň gaxrymany agaç ussasynyň ogly Žýal`en Sorel` żemgyetde öz akyly, öz ukyby, öz zäxmeti bilen ýaşamakçy bolýar. Emma burżuaz żemgyeti onuň asylly nietlerine ýol bermeýär. Ine esasy konflikt xem şundan ybaratdy. Žýal`en bütin ömri boýy xakykaty gözleýär. Ol burżuaz żemgyetiniň gatlak wekilleriniň mertebesini reximsizlik bilen depeleýän äxli kanunlaryny ýigrenýär xem-de durmuşdaky bu göze görünmeýän elxenç germewi böwüsmegiň ýollaryny agtarýar. Emma tapyp bilmeýär, ol ekelikde galýar.

Romanyň tutuş süňňünden iki sany aýalyň obrazy örboýuna galýar. Olaryň biri kiçiżik Warr`er şäxeriniň ýaşaýżysy tutżar baý de Renalyň aýaly de Renal` zenandyr. Beýlekisi bolsa uly mülkdar de Lýa Moluň gyzy Madamauzel de Lýa Mol`-Matil`da.

Romandaky aýal obrazlaryna seretmeli bolsak, ilki bilen, eserde wakalaryň beýan ediliş tertibine laýyklykda de Renal` zenanyň obrazynyň 6st6nde durup geçmeli bolarys.

De Renal` uzyn boýly, inçemik, ak ýüzli, żuda owadan zenan. Tutuş Franşkonże welaýatynda gözellikde onuň öňüne geçip bilżek ekeże-de aýal ýok. Onuň gelip çykyşy barly maşgaladan. Adamsy xem tütżar baý. Ol baýlygyň,owadan egin-eşikleriň, gymmat baxa şaý sepleriň esiri däl. Beýleki ýokary gatlagyň wekillerine xas bolan gedemlik xem oňa ýat. Ol bagda gezim etmegi, sulxy alşan adamlar bilen gepleşmegi xalaýar.Bu mylaýym aýal, xiç xili gaty -gaýrym söz aýtmaýar, öz belent mertebesinden peýdalanyp öýdençerleriniň üstüne żabżynmaýar. Bu asylly xäsietler ony bezeýär, oňa xormat getirýär. Ne, de Renal` şeýle durmuşda xiç zatdan aladasyz, erkana ýaşap ýörkä onuň adamsy de Renal` öz çagalaryna latyn dilini öwrenmek üçin Žýal`en Sorel` atly ýaş ýigidi getirýär. Şondan soň de Renalyň erkana durmuşy bozulýar. Daşyndyn göräýmäge xiç zat üýtgemeýän, öňki erkana zenan xem erkana görüýýän ýaly bolsa-da, onuň kalbynda öň xiç xaçan tutaşmadyk yşk ody tutaşýar. De Renalyň ýüreginde şeýle alowyň tutaşan döwründe onuň on bir ýaşly ogly bardy. Ol ýaş ýigit Žýal`eni söýýär. Onda-da adamsyndan göwni galan aýal ony öz göwün islegini kanagatlandyrmak xöwesi bilen däl-de, çyn ýüregi bilen söýýär.

Ol ilki-ilkiler özüniň bu köre-kör duýgularyny agyzdyrlamak, öz-özüni köşeşdirmek isleýär. Emma özüne bagly bolmadyk duýgulary oňa baş bermeýär. Ýaş ýigit ýawaş-ýawaşdan öwrenişip gideninden soňra, olaryň arasynda gizlin gatnaşyk başlanýar. Žýal`en xem ony söýýär.

De Renal` dine żany-teni bilen uýýan zenandy. Birdenkä ol özüniň bu edýän xereketlerinden xowatyr edip ugraýar. Çünki dini kada-kanunlaryň kitabynda görkezilişine görä, ärine biwepalyk eden aýalyň o dünýäde näxili

żezalara, gynamalara sezewar edilżekdigine ol gowy düşünýär. Bir tarapdan söýgi duýgusy, beýleki tarapdan dini ynançlary ony gysaża salyp ugraýar.

Şeýle günleriň birinde de Renalyn ogly erbet keselleýär. öňem dini was-waslara berlip, öz duýgularynyň garşysyna gitmäge żany –teni bilen dyrżaşýan aýal bu ýagdaýy xudaýyň maňa göz görkezişi –diýip düşünýär. Ine, şol ýagdaýda ol Žýal`ene şeýle ýüzlenýär:

“-Meni öz günüme goýaň . Xudaýyň xatyrasyna, sizden xaýyş edýärin biziň öýmizden gidiň . Siziň şu erde meniň bilen . Taňry meni żezalaýar. Men onuň gazabyna uçradym. Gudraty güýçlä şan we şöxrat bolsun. Men uly günä gazandym. Toba etmek. Xatda, meniň xakydama-da gelmändir. Bu-xudaýyň menden ýüz öwrýändigininiň birinżi alamaty”.

Bir giże zenan oglunyň ýanynda otyrka de Renrl` gelýär. Dürli pikirleriň azabyndan ýaňy dälilik xetdine etip barýan zenan ör turýar-da: “Men biwepalyk etdim. öz günämi ýawmak üçin, oglumy öz elim bilen xudaýa gurban berżek, ýagny, ony öldürżek” diýýär. Emma näxili-de bolsa adamsy onuň bu sözlerine düşünmeýär, gaýtam, aýalyny köşeşdirmek bilen bolýar. Şeýlelikde, zenanyň biwepalygy-da, çekýän ruxy azaplarynyň, düýp sebäbi-de de Renala aýan bolman galýar.

Emma de Renal` zenanyň söýgi ýolundan dänežik bolşy xiç xili başa barmaýar. öň xiç zadyň gaýgysyny etmeýän zenan durmuş barada, ömür barada pikirlenip başlaýar. Ol Žýal`eniň ýok wagtynda özüni ýazgarýan xem bolsa, niçikdir oňa gözi düşende xudaýy, beýlekini ýadyndan çykarýar. Meselem:

“-Eý taňrym. Ine, meniň dünýäm, men ony görýärin”-diýip, Žýal`eni bagryna basdy we esli wagtlap lezzet alyżylyk bilen sesini çykarman durdy”.

Giç tutaşan söýgüni gönümel de Renl` zenany öwrümli bolmaga, xile-ala ýüz urmaga çenli alyp barýar. Xaçan-da Žýal`eni daşyndan söýüp ýören Derwil xanum de Renala xat üsti bilen iki aşyk-magşuk barada duýduranyndan soň, de Denal` zenanyň näxili baş alyp çykandygyny synlasaň, oňa xaýranlar galýarsyň. Şonuň netiżesinde, xamala Žýal`en Derwil zenany söýýän ýaly bolup galýar. Päximsiz de Renal` xem oňa ynanýar.

Žýal`eniň de Renal` zenan bilen baglanyşykly bolan duşuşygynyň agramy bölegi onuň seminariýa okuwa gitmegi bilen tamamlanýar.

”-Ine, xemmesi gutardy-diýip, de Renrl` xanum Žýal`eniň gużagyna özüni oklady. –Ol ikimizi xem öldürer. Men bolsa seniň gużagyňda ölerin. Gör, näxili bagtly ölüm, öň megerem, men xäzirkim ýaly bagtly bolmadyk bolsam gerek”

Ýokarda mysal getiren setirlerimiz Žýal`eniň seminariýa gaýtmazynyň öň ýanynda aşuk-maşuk bolup bir otagda gapyny içindan gulplap otyrkalar, daşardan de Renalyň gelen wagtynda, de Renal` zenanyň düşen xowsalasy bolmaly. Şonda Žýal`en äpişgeden çykyp gaçýar. Netiżede, de Renal` aýalynyň biwepalydygyny ene bilmän galýar.

Ikinżi uly obrazlaryň biri öň belläp geçişimiz ýaly seminariýa ýolbaşçylarynyň biri, tütżar baý żenap de Lýa Moluň gyzy Madamauzel de

Lýa Mol`, -Matil`d. Matil`da  xem öz döwrüniň adamy. Ol Žýaleni söýmek bilen öz äxli mertebesini oňa bagyş edýär. “Emma XIX asyrda şeýle dönüklik üçinadamsy aýalyny öldürýärdi, ony żemgietçiligigiň näletlemesine sezewar edip bilýärdi.”. Döwrüň şeýle gazaplydygyna garamazdan, romanda aýallaryň söýmäge we söýülmäge mynasypdygy görkezilýär. Žýal`en xakykat bilen çaknyşmaly bolýar. Soňra semnariýa okuwa gidende-de öz bagtyny tapmak üçin żemgietçilik gurluşyna görä xereket edýär.

Romandaky aşaky gatlagyň wekili bilen birlikde, ýokarky żemgietçilik gatlagy tarapyndan edilýän xereketler xem Matil`danyň obrazynyň üsti bilen berilýär. Matil`da markiz de  La-Moluň gyzydy. özleriniň gelip çykyşy boýança olar Frantsiýadaky iň ýokary gatlagyň wekilleridir. Žýal`en Sorel` Abbai Piraryň salgy bermegi boýança markiz de La-Moluň sekretary bolýar. Ine, şu erden xem Matil`da bilen Žýal`eniň tanyşygy başlanýar. Gelżekki ministr markiz de La-Moluň gyzy bilen Frantsiýanyň iň ýokary żemgietçilik gatlagynyň ýaşlary gyzyklanýarlar. Onuň söýgüsine mynasyp bolmaklyk xer kime etirmeýärdi. Matil`da ylymly-bilimli, akylly gyzdy. Ol öz töweregindäki eňilkelle, baýlyga kowalaşýan adamary ýigirenýärdi. Žýal`eniň adamkärçiligi, ýiti paýxas, şonuň bilen birlikde, özüni kemsitmäge xiç kime ýol bermeýändigi gyzyň ýüreginde oňa bolan söýgüni güýçlendirýärdi.

Matil`danyň özi söýgi bildirip xat ýazmagy ýüregine düwýär. ”bu näxili elxençlik. Meniň özüm żemgyetde iň soňky orunda durýan adama öz söýgümi bildirmeli”. Ine şu pikirler gyzy aldym-berdime salýar. Eger şol şeýdäýse, döwürdeşleriniň ýaşaýan żemgyetiniň arasynda masgara bolżakdy. Ýöne bu öz erkli gyz żemgyetiň kada-kanunlaryny bozup, öz islegine görä ýaşamagy maksat edinýär. Kakasy bolsa Matil`dany  de Kruaznua durmuşa çykaryp, onuň gelżekki gertsioginýa bolmagyny isleýärdi.

Matil`da kakasy kömek etse Žýal`eniň iň ýokary dereżeli wezipä ee bolżakdygyna düşünýärdi.

Soraglar we ýamuşlar.

1. Tankydy realizm metody xaçan döräpdir?
2. Bu metodyň ilkinżi wekilleri kimler?
3. Bal`zagyň dörediżiliginde öz döwrüniň keşbi?
4. Stendal` xaýsy eseri bilen taryxda yz galdyrypdyr?

## Mowzuk Amerikan edebiýatynda tankydy relaizm. Biçer- Stou Garriediň ömri we dörediżiligi.

Meýilnama.

1 Amerikan tankydy realizminiň aýratynlygy.
2. Biçer Stou Garriediň ömri we edebi dörediżiligi.
3. «Tom aganyň külbesi» romany.

Daýanç düşünżeleri. Amerikan edebiýatynda tankydy realizmiň emele gelmeginiň sebäpleri. Biçer-Stou Garriediň dörediżilik ýoly. Romanlarynda gulçylyga garşy öňe süren pikirleri.

XIX asyryň birinżi ýarymyndan başlap Amerika Birleşen Ştatlarynda gulçylyga garşy göreş xereketi-obolitsionizm güýçlenipdir. Bu xereket XVIII asyryň axyrynda peýda bolupdyr. 1775 ýylda Amerika abolitsionistleriniň birinżi guramasy döredilipdir. Eger 1831 ýylda ABŞ-da ýüze ýakyn gulçulyga garşy göreş guramalary bar bolan bolsa, 1840 ýylda bu guramalaryň sany iki müňe etipdir. Bu xereket meşxur Amerikan adamlaryny, ýazyżylary birleşdiripdir. Gündogarda-da, demirgazykda-da gul negirleriň meselesi bilen kelle döwýänleriň sany gün-günden köpelýärdi. Bir tarapda gulçulygy saklap galmagyň tarapdarlary, ikinżi tarapda gul negirleri çalt azat etmegi talap edýänleriň-abolitsionistleriň lageri emele geldi. Bu ýagdaýlar Amerikan edebiýatynda xem öz beýanyny tapypdyr.

Garriet Biçer-Stou Konnektikut ştatynyň Liçfil`d şäxerinde ruxanynyň maşgalasynda dünýä inýär. Gelżekki ýazyży puritan mezxebiniň berk talaplaryna amal etmek esasynda terbielenýär. Onuň atasy, doganlary, äri, äxli maşgala agzalary dindar bolupdyr. Bu maşgalada inżil kitaby örän mukaddes xasaplanyp, xer egşenbe ybadatxana barmak, o dünýäniň barlygyny unutmazlyk xökmanydy. Garrietleriň maşgalasynda perzent örän köp bolup, olar on üç sany ogul-gyz terbieläpdirler.

Garriet Biçer-Stou on üç ýaşyndan başlap öz ömrüni mugallymçylyk kärine bagyşlapdyr. Şunuň bilen birlikde ol żurnallarda xer xili oçerkdir makalalar bilen xem görünip başlapdyr. Ýazyżynyň ilkinżi eserlerinde fermerleriň durmuşy, dini nesixatlar, puritan mezxebiniň dürli akymlary, içgiligiň zyýany ýaly dürli-dürli mowzuklardan söz açylýar. Ol özüniň bu eserlerini garypża ýaşaýan maşgalasynyň durmuşyny eňňilleşdirmek üçin ýazypdyr.

Biçer-Stoularyň maşgalasy atasynyň işi üçin Ogaýo ştatynyň Tsintsinnati şäxerine göçýärler. Ogaýo ştaty we Ogaýo derýasy demirgazyk ştatlary gündogaryň gulçulyga esaslanan ştatlaryndan bölüp durýan çägarady.

Gündogaryň uly guldar plantatorlary özleriniň meýdanlarynda pagta, kenep, mekkeżöwen etişdirýärdiler, şol sebäpli olar gulçulyk düzgünlerini saklap galmak üçin Žany-tenleri bilen xereket edipdirler. Gul eeleriniň zulmundan gaçan gullar demirgazyk ştatlardan başpena tapýardylar.

Biçer-Stoularyň maşgalasy xem gaçgak gullara başpena we kömek beripdirler. Olary yzarlap gelýänlerden gizläpdirler.

1850 ýyly Amerika xökümedi Gündogaryň reaktsion güýçleriniň täsiri netiżesinde «Gaçgak gullar xakynda kanun çykarýar» Bu kanuna görä, gündogardan demirgazyga gaçyp geçen äxli gullar tutulyp öz eelerine gaýtarylmagy şertdi. Xökümediň bu adalatsyz kanuny abolitsionistleriň we gulçulyga garşy bolan başga topralaryň xem gaxar-gazabyny gozgapdyr.

Adalatsyz kanun Biçer-Stounyň xem garaýyşlaryny zarba berýär we ony gul negirleriň meselesine işżeň gatnaşmaga itergi berýär. Ol «Milli döwür» atly xepdelik żurnalyň teklibi bilen negirleriň durmuşyndan eser ýazyp başlaýar. Bu eser «Tom aganyň külbesi» eseridi. Bu eser 1852 ýylda özbaşdak kitap bolup çykýar. «Tom aganyň külbesi» öz awtorynyň adyny bütin dünýä okyżylarynyň öňünde çäksiz xormata sezewar edýär. Beýle bagt edebiýat taryxynda żuda az ýazyża nesip edipdir.

Garriet Biçer-Stou bu eserinde gullary gozgalaň götermäge çagyrmak, gulçulyk sistemasyny güýç bilen ýok etmek ýaly pikirlerden daşda durýar. Onuň bütin pikiri bagty gara negirleriň çekýän azaplaryny, görýän görgülerini eňilleşdirmek bolupdyr. «Tom aganyň külbesi» negirleri kemsidýän, olara xaýwan ýaly gatnaşyk edýän, guly bazara çykaryp mal ýaly satýan adalatsyz düzgünleri bütin dünýäniň göz öňünde paş etdi.

Romanyň gaxrymany Tom aga öz maşgalasy bilen guldar Şelbiniň maşgalasyna degişli bolýar. Tom aga öz eesine xalal xyzmat edýär. Ol örän dindar, takwa adam bolupdyr. Tom aga töwerengindäkilere: «Öz duşmanlaryňyzyň saglygy üçin ybadat ediň- Alla tagala size şeýle emir edipdir», diýip nesixat edýär. Ony ýaşlygyndan başlap ak ýürekden xyzmat eden xożaýyny satyp iberende, biçäre Tom aga «Xudaýyň xalanyna boýan egýärin.Xożaýynymyň başga çäresi bolmandyr, ol dogry iş etdi» diýip aýdýar. Şeýlelikde Tom aga birnäçe guldarlaryň elline geçýär, netiżede iň wagşy plantator Saýmon Legriniň elinde urulyp öldürilýär.

Romanda Tom aganyň taryxy bilen ýanma-ýan Žorż Garrisiň we onuň aýaly Elizanyň durmuşy xem suratlandyrylýar.

Žorż Garris zexinli negr. Ol berk erkli, sowatly, xatda nämedir bir zady emele getiriżi negir. Ol öz gadyr-gymmatyny bilýän, özüni aýak-asty etmeklerine ýol goýmaýan mert ynsan. Ol özüniň aýançly tagdyry wez alym xożaýyny bilen gelişmäni demirgazyga gaçýar. Žorżyň aýaly Eliza Şelbi zenanyň xyzmatkäri bolupdyr. Şelbi gowy pul töländikleri üçin Tom aga bilen birlikde Elizanyň ýaş perzendi Garrini xem satýar. Emma Eliza öz perzendini gul söwdagäriniň eline berip goýmany Adamsy ýaly gaçýar.

Eesine baş egmek guluň wezipesi diýip düşünen Tom aga, xożaýyna mümkin bolan zat, gula mümkin däl diýip düşünse, Žorż bilen Eliza beýle pikir etmeýärler.

Ýazyży «Tom aganyň külbesi» romanynda gulçulygyň elxenç keşbini aýawsyz paş edýär. Eseriň äxli baplary negirleriň çydap bolmaz dereżedäki pażygaly durmuşyny, reximsiz maşgala dramasyny görkezýär.

Ak tenli gul eeleriniň reximsizligi, ärini aýalyndan, balasyny ata-enesinden aýryp satyşy teswirlenen epizodlar ynsan ýüreginiň iň näzik perdelerini xem

titredip iberýär. Eseriň gaxrymanlarynyň içinde ak tenlileriň arasynda bütin ömrüni gul alyp satmaga bagyşlan söwdagär Geliň obrazy aýratyn tapawutlanýar. Ol geçýän «mallary» ýagny ýaş we güýçli, işläp bilýän gullary satyn alýar we peýdasyna pullaýar. Geliniň özi misli ażal oky ýaly sowuk, eger-de gowy peýda görżegini bilse enesini xem satyp iberýän maxluk. Gaçgak gullary awlap gün geçirýän Tom Loker we Markes, gulçulyk düzgünlerini ebedi diýip bilýän Al`fred we onuň ogly Anrik, wagşylygy bilen beýlekilerden tapawutlanýan ýirgenżi Saýmon Legri, gullaryna reximdar, emma işi ýörüşmäni üçin olary satyp iberen Şelbi, sowatly emma erksiz Sen-Kler we başgada birnäçe obrazlar uzak wagt okyżynyň xatyrasyndan öçmeýär.

Garriet Biçer Stou öz romanynda birnäçe negir aýallarynyň obrazyny örän uly xormat bilen döredipdir we olar eseriň şowly çykmagynda uly rol` oýnapdyrlar. Şulardan biri Xloýa daýzadyr. Bu aýal deňsiz-taýsyz aşpez, zäxmetkeş aýal. Emma Xloýa daýza öz äri Tom agadan tapawutlylykda gulçulygy garalaýar, adamsyny satan Şelbä gaty gaxarlanýar. Gara tenli aýalaryň arasynda Eliza bilen Kassii mertligi bilen tapawutlanýar. Kowgyçylardan gutulmak üçin Eliza ýaş çagasyny bagryna basyp, buzlary parça-parça bolup döwülip barýan derýa özüni oklaýar. Özüniň we çagasynyň ömrüni uly xowpa goýap derýanyň aňyrky kenaryna çykýar. Ynsan azatlyga çykmak üçin żany-teni bilen xereket eder eken, şeýle goýduwsyzlyga xem el urýar.

Şeýlelikde gulçylyga garşy gorkmany xereket eden gaxrymanlar eňiş gazanýarlar, azatlyga çykýarlar.

«Tom aganyň külbesi» kitaby çapdan çykandan soň garaşylmadyk xadysa ýüze çykýar. Ol äxli okyżylary lerzana getirýär. Amerikada, Ewropa ýartlarynda million-million nusgada neşir edilip ýyldyrym çaltlygynda dargadylýar. Biçer-Stouyň romany xiç bir okyżyny onda teswirlenen wakalara biparx garatmaýar. Kitaby çykandan soň Biçer-Stou üç gezek Ewropa syýaxada çykýar. Awtory xemme erde uly dabara bilen garşy alýarlar. Biçkr-Stou soňra «Dred», «Orr adasynyň göwxerleri» ýaly eserler döredipdir. Emma olaryň ekeżesi xem «Tom aganyň külbesi» romanynyň dereżesine göterilip bilmändir.

Soraglar we ýamuşlar.

1. Amerikan edebiýatynda tankydy realizmiň emele gelmegine näme sebäp bolupdyr?
2. Gulçulyga garşy näxili guramalar emele gelipdir?
3. Garriet Biçer-Stou dörediżiligini näxili eserler ýazmakdan başlapdyr?
4. «Tom aganyň külbesi» romanynyň temasy we ideýasy?
5. Romanyň esasy gaxrymanlaryny teswirläp beriň.
6. Biçer-Stou ene-de näxili romanlar ýazýar?
7. Biçer-Stouyň xaýsy romany dünýä edebiýatynyň altyn xazynasyna goşulýar?

## Mowzuk.XX asyr daşary ýart edebiýatyna umumy syn.

**Meýilnama.**

1. Döwrüň sotsial-syýasy ýagdaýy.
2. Täze döwrüň edebiýatynyň esasy temasy.
3. 1872-1917 ýyllar aralygyndaky edebiýatlar.

Daýanç düşünżeleri. Täze döwür daşary ýart edebiýatyna giriş. Edebi akymlaryň döremegi. Edebiýatlaryň esasy temasy.

XIX asyryň axyrlarynda we XX asyryň başlarynda kapitalizm özüniň soňky stadiýasy imperializm döwrüne geçdi. Iri monopoliýalar peýda boldy. Finans aligarxiýasynyň xökmdarlygy başlandy. Imerialistik döwletleriň arasyndaky garşylyklar güýżedi. Olar er şarynyň dürli künżeklerinde koloniýalar, ýagny basyp almak syýasatyny güýçlendirdiler. Kapitalistik döwletleriň arasyndaky bu garama-garşylyklar netiżesinde żaxan imperialistik urşy başlandy.

1871 ýylda eňiş gazanan Pariż kommunasy proletar diktaturasynyň birinżi nusgasy sypatynda ýüze çykdy. Bu täzelikler elbetde edebiýada xem öz täsirini etiripdir.

Iň täze döwür daşary ýart edebiýady 1871 ýyldan başlap, tä biziň xäzirki günlerimize çenli bolan döwri öz içine alýar. Ol iki sany uly döwre bölünýär: Birinżisi 1871-1917 ýyla çenli bolan döwür, ikinżisi 1917 ýyldan tä xäzirki günlere çenli bolan döwür. Bu döwürler öz içinde xem bölünýärler.

Täze zaman daşary ýart edebiýatyndaky esasy edebi akym- tankydy realizmdir. Bu akymyň ýazyżylary XIX asyryň birinżi ýarymynda ösen klassyk realizmiň wekilleri Stendal`, Bal`zak, Dikkens we başgalaryň dörediżilik däplerini dowam etdirip, öz döwürlerini teswirläpdirler. Bu belgiler imperialistik xökümdarlyk, kapitalistik ekspluatatsiýa we gulçulyga garşy göreşde dogulan ýigrenżi beýan edende görünýärdi. Zolýa, Mopassan we Frans (Frantsiýa), Gardi, Şou, Uells (Angliýa), G. Mann, T. Mann (Germaniýa), M. Twen we Ž.London (ABŞ) dagylar şular żümlesindendir.

XIX asyryň axyry we XX asyryň başlarynda ýaşap geçen realist ýazyżylaryň dörediżiliginde deňsizlik, zulum ýaly elxençlikleri paş etmek baş mesele bolup durýar. Mälim bolşy ýaly xer bir ýayżynyň özbaşdak teswirleýiş usuly bar. Meselem, Genrix Mannyň dörediżiliginde ýamor-grotesk güýçli bolsa, Gi de Mopassan, Tomas Mannda çuň psixologik teswir, Bernard Şou we Anatol` Fransda bolsa kinaýa (ironiýa), göze taşlanýar. Tankydy realistler dürli żanrlara, Mopassan, Rollan sotsial-psixologik roman, Ibsen, Şou sotsial-psixologik drama, Uells ylmy-fantastik roman, London, Frans, Uells sotsial utopik roman, Frans, Rollan, Twen taryxy roman, taryxy drama, Draýzer, London sotsial roman żanrlaryna ýüzlendiler.

Bu edebiýat burżuaz żemgyeti we onuň zulmuna garşy närazylyklary beýan edipdir. Xer bir ýazyżynyň zexnine we dünýägaraýşyna baglylykda bu närazylyk dürli görnüşde, käbirlerinde güýçli, käbirlerinde ortaça xalda beýan

edilipdir. Mundan başgada realister öz eserlerinde paraxatçylyk, azatlyk ideýalaryny xem teswirlemäge xereket edipdirler.

Günbatar Ewropanyň köp erleri, şu bilen birlikde Skandinawiýa we slawýan döwletleriniň milli edebiýatlarynda realizm edebi akymy berk ornaýar we ol esasy ugur sypatynda galýar.

XIX asryň ikinži ýarymynda ýüze çykan naturalizm xem şol döwrüň edebiýatynda belli bir rol oýnapdyr. Naturalizm aslynda Ogýast Kont we başgalaryň pozitiwizm pelsepesi we estetikasyna degişlidir. Pozitiwistler tebigat kanunlary bilen žemgyet kanunlarynyň arasyndaky printsipial tapawudy görmeýärler. Bu edebiýadyň asyl keşbi durgunlykdan ybarat.

XIX asyryň 30-40 ýyllarynda işçiler xereketi güýçlenýär. 1848 ýylyň iýalynda Pariž proletariaty kapital xökümdarlygyna garşy birinži gezek özüniň syýasy talaby bilen çykyş edýär. Xalkyň gazabyndan gorkan buržuaziýa öz xökümdarlygyny berkitmäge, güýçli döwlede ee bolmaga xereket edýär. Frantsiýa imperiýa adyny alýar. Edebiýatda täze syýasy problema peýda bolýar.

**Naturalizm.** XIX asyryň 60-70 ýyllarynda buržuaz reaktsiýasynyň güýçlenen wagtynda Frantsiýada ýüze çykan we ösen edebi akymlardan biri naturalizmdir. Natura (latynça)- tebigat diýmekdir. Naturalistler Ogýast Kontyň we Ippolit Tenniň pelsepewi garaýyşlaryna esaslanandyr. Olar köpinçä gury faktlary öwrenmäge çagyrypdyrlar. Olar ynsanlary durmuşyň akymyna garşy durmaga ežiz diýip netiže çykarypdyrlar. Olar tebigaty näxili bolsa, şol xili edip, ýagny täzelenmedik, boýalmadyk görnüşde teswirlemäge xereket edipdirler. Olar durmuşyň bir parçasyny alyp, ony fotografik anyklyk bilen ownuk-uşagyna çenli galdyrmany teswirläpdirler. Şeýle xem uly ýazyžylar naturalizmi realizm bilen garyşyk ýagdaýda alyp barypdyrlar.

XIX asyryň 80- ýyllarynda Frantsiýada buržuaz žemgyetiniň garşylyklarynyň güýçlenip barýan bir döwründe dekadentlik edebiýaty ýüze çykýar. Indiwidualizm, umytsyzlyk, syrly wakalar, axyrede ýüzlenmek bu edebiýadyň esasy belgileridir. Romantik şaxyr Teofil` Got`e dekadans (frantsuz-ruxdan düşmek) sözüni birinži bolup edebiýatda gollanypdyr. Simwolistler we olara ýakyn duran ýazyžylar xem özlerini dekadentler diýip atlandyrypdyrlar.

Ilki köp dekedentler buržuaz düzgünlerine garşy närazy görnüşde orta çykypdyrlar. Xakykatynda bolsa olar täzelik döredižiler däl-de, belkem sungatyň realizmi we xalkylygyndan gaçmak bilen birlikde şol žemgyetiň gabaxatlyklaryndan gutulyp bilmedik ýazyžylardyr.

XIX asyryň 50- ýyllarynda ýüze çykan parnasçylar xadysalardan gaçyp, «sap sungat» xakynda pikir ýöredýärler. Olar sungady buržuaz gatlagynyň gol astyndan boşatmaga xereket edýärler. Emma parnasçylardaky «sap sungat» durmuşyň mazmunyny umytsyzlyk bilen ret etmäge syrygýar.

**Impressionizm.** (frantsuz-täsir) Bu akym XIX asyryň 60-70- ýyllarynda ilki teswiri sungatda soňra şygryetde ýüze çykýar. Ol suratkeşlik sungatyny xem tematik, xem şekil tarapdan baýlaşdyrypdyr.

Dekadentlige xas bolan akymlardan biri simwolizmdir. Simwolistler tankydy realizm edebiýadyny könelen, onuň tipikleşdirmek we umumylaşdyrmak printsiplerini xem täze döwür üçin ýarawsyz diýip seredipdirler. Olar üçin parnasçylaryň printsipleri xem makul bolmandyr. Emma simwolizmiň başlaýżylaryndan biri Mallarme ilkinżi goşgylaryny «Xäzirki zaman parnasynda» çap edipdir. Xakykatynda parnasçylar bilen simaolizm akymynyň arasyndaky tapawut beýle uly bolmandyr. Olarda xem dekadentlere xas xäsiet- ýalňyzlyk, umytsyzlyk, gam-gussa ýaly obrazlar bolupdyr.

Simwolistler dünýäniň «içki syrlaryny» bilmäge xereket edipdirler, emma beýan edip bolmażak zatlary saz simwollary arkaly görkezmäge synanyşypdyrlar. Olara xas zat mistik we simwolistik pikirlenmekdir.

Birinżi żaxan urşundan säxelçe öň ýüze çykan ekspressionizm (manyly edip, anyk suratlandyrmak ) akymy sungatçynyň wezipesini daşky dünýä xakyndaky sub`ektiw-indiwidual pikirini anyk, täsirli suratlandyrmakdan ybatar diýip goýýar. Kapitalistik adatlary ýok etmek üçin ekspressionistler «täze adamy» döretmek, «ruxy täzelemek» talabyny goýýarlar.

Birinżi żaxan urşundan soň 20-ýyllarda peýda bolan sýarrealizm (orta realizm) barlykdan ýokary durmaga ymtylýar. Sýarrealistlerde reallyk xyýal bilen, geçmiş xäzirki gün bilen goşulyp gidýär. Bu reallyk, xyýal, düşde peýda bolýar. Sýarrealizm- logika we reallyga garşy akymdyr. Bu akymyň wekilleri diňe teswiri sungatda roważlanyp bilýärler.

Soraglar we Ýamuşlar.

1. Iň täze döwrüň edebiýaty xaýsy zamanlary öz içine alýar?
2. Bu döwürleriň edebiýatynda xaýsy akymlar ýüze çykypdyr?
3. Bu döwrüň edebtýadynyň esasy ugru xaýsy akym bolupdyr we näme üçin?
4. Xer akymyň tapawutly taraplaryny aýdyp beriň?
5. Xaýsy akymyň wekilleri mistik we simwolistik beýan etmegi öňe sürüpdirler?

# Mowzuk. XX asyr Frantsuz edebiýatynyň aýratynlygy. Emil` Zolýanyň we Gi de Mopassanyň ömri we dörediżiligi.

Meýilnama.

1. Emil` Zolýanyň ömrine we edebi dörediżiligine degişli maglumat.
2. Romanlarynyň temasy we ideýasy.
3. Gi de Mopassanyň ömri we edebi ýoly.
4. Mopassanyň nowellalary.
5. «Durmuş» we «Ezizim» romanlarynyň mazmuny we ideýasy.

Daýanç düşünżeleri. Zolýanyň frantsuz edebiýatyndaky orny. Dörediżiliginiň aýratynlygy. Moassanyň ömrine degişli maglumatlar. Edebi dörediżiligi. Nowelalarynyň temasy we ideýasy. Romanlary.

Frantsuz edebiýatynyň görnükli wekili Zolýa 1840 ýylyň 2 parelinde pariżde dogulýar. Onuň ýaşlygy Frantsiýanyň günortasyndaky Eks şäxerinde geçýär. Atasy inżener-gurlyşykçy bolup, şol erde işläpdir. Atasy aradan çykandan soň Zolýalaryň maşgalasy Parińe gaýdýar we örän agyr durmuş geçirýärler.

XIX asyryň 60 ýyllarynda Zolýa özüniň ilkinżi xekaýasy «Ninon ertekileri», we ilkinżi romanlary «Klodyň tobasy», «Marsel` syrlary» we başgalary ýazýar. Bu eserler romantikleriň täsirinde ýazylypdyr. Ýaş ýazyżyda ýawaş-ýawaşdan relistlere we naturalistlere gyzyklanma döreýär. «Tereza Raken» we «Madlen Fera» romanlary Zolýanyň naturalistik taglymatyny beýan edýän eserleridir. Romanlaryň ikisinde xem konfliktleriň ösüşi we çözlüşi naturalistik edebiýadyň printsiplerine dogry gelýär, olarda personażlaryň sotsial durmuşy däl-de, eýsem, fiziologik meseleler berilen. Gaxrymanlaryň ruxy axwalaty olaryň żemgyetde tutýan orunlary bilen däl-de, eýsem, gelip çykyşlary bilen ölçenýär.

Naturalizm edebiýatynyň nazaryeti Zolýanyň «Ekperimental roman», «Romanist-naturalistler», «Naturalizm teatry» makalalarynda doly beýan edilýär.

Emil` Zolýa birnäçe xekaýalar toplumy, edebi-tankydy kitaplar, publitsistik xäsietli makalalar, dramatik eserler döreden bolsa-da, ol romanlary bilen meshxurdyr. Bu eserleriniň köpçüligi «Rugon Makkarlar» Ady bilen atlandyrylýan topluma girýär. Bu toplum Bal`zagyň «Ynsany`et komediýasy» ýaly köp tomly epopeýadyr.

Emil` Zolýa bu epopeýasynyň üstünde 25 ýyl işleýär we ýigrimi roman ýazýar. Bu eserler toplumynda awtor «Ikinżi imperiýa döwründäki bir maşgalanyň tebigy we sotsial taryxyny» ýazżak bolýar. Xakykatda welin ol durmuşyň äxli taraplaryny gurşap alan wakalary beýan edýär.

Zolýa ömrüniň soňky ýyllarynda täze seriýadaky romanlary «Üç şäxer» trilogiýasyny we «Dört inżil» tsikilindäki eserlerini ýazýar. Zolýa naturalizm edebiýatynyň esasçylaryndan biridir. Emma onuň dörediżiliginde naturalizm

bilen realizm tendentsiýalary garyşyk gelýär. Munda realizmiň durmuş xakykaty bilen aýrylmaz baglylygy açyk görünýär.

«Rugon-Makkarlar» 20 romandan ybarat epopeýadyr. Epopeýanyň birinżi romany «Rugonlaryň peýdasy» eserinde Rugon-Makkarlar maşgalasynyň nesli xakynda xekaýa edilýär. Eserde diňe bu maşgalanyň gelip çykyş taryxy xakynda däl, eýsem, ikinżi imperiýanyň gelip çykyş taryxy xem berilipdir. Bu roman mazmun tarapdan respublikany ýamuryp, onuň ornuna gelen monarxiýa düzümini-de, Lui Napalionyň xäkimiedini-de paş edýär.

Rugon-Makkarlar öwladynyň taryxy Plassan gök önümçiniň gyzy Adelaida Fuk xakyndaky xekaýa bilen başlanýar. Adelaida ruxy kesel aýal. Ol ene-atasy aradan çykandan soň öz xyzmatkäri batrak Rugona durmuşa çykýar. Ondan P`er atly ogly bolýar. Adamsy aradan çykandan soň, Adelaida telek gezýän, arakxor Makar bilen tapyşýar. Bu ärinden Ursula we Antuan atly perzentleri bolýar. Romanda Adelaidanyň perzentleriniň we agtyklarynyň durmuşy görkeziler eken, olara ata-enelerinden geçen fiziologik ýagdaý- ruxy kesellik we alkogolizmiň täsirlerini görýäris. Meselem, Rugonyň nesline daýxanlara xas çalasynlyk, mekirlik, gysgançlyk belgileri geçen bolsa, Makkarlaryň ganynda içgilige we keýpi-sapa maýyllyk görünýär.

Zolýa «Rugonlaryň peýdasy» romanynda bir kiçiżek şäxerdäki durmuşyň mysalynda ikinżi imperiýa düzgünlerine garşy göreşleri suratlandyrýar. Eserdäki esasy garşylyk burżuaziýa synpynyň wekilleri bilen aşaky gatlagyň wekilleriniň arasynda emele gelýär.

Ýazyży «Zenanlaryň bagty» romanynda magazinde işleýän garyp gyz Denizanyň magaziniň eesi baý, reximsiz Oktaw Murä täsir edişini we öz pikirini makulladyşyny görkezýär. Deniza eserde başlygyny özüne boýan ediżi, uly söwda magazininde işleýän garyplary xormat etmäge meżbur edýän bir şaxs sypatynda berilen.

Ýazyży Oktaw Mure şaxsyetinde täze imperializm döwrüne xas bolan wagşy burżuaz obrazyny döretýär.

Awtor bu epopeýasynda durmuşyň äxli taraplary xakynda maglumat berýär. Zolýanyň eserleri dünýä xalklarynyň köpüsiniň diline terżime edilipdir.

**Gi de Mopassan.** Mopassan XIX asyryň ikinżi ýarymynda ýaşap, öz dörediżiliginde şol döwürdäki frantsuz żemgyetini suratlandyran uly realist ýazyżydyr. Mopassan Normandiýada 1856 ýylda garyplaşan köne dworýan maşgalasynda dogulýar. Onuň atasy Pariżde birża dellaly bolup işläpdir. Ilki ol litseýde, soňra Ruanda kolleżinde bilim alypdyr. Mopassan Frantsiýa-Prussiýa urşy wagtynda gullyga alynýar. Ol frantsuzlaryň eňilmegi bilen gutaran bu urşuň äxli kynçylyklaryny öz başyndan geçiripdir. Uruş netiżesinde ýartda ýüze çykan ykdysady kynçylyk Mopassanyň maşgalasyny agyr ýagdaýa salýar. Uniwersitetde okamak üçin onuň xiç xili mümkinçiligi bolmandyr. Etmezçilik zerarly ol deňiz ministirligine işe girýär. Soňra ol magaryf ministrligine işe geçip, ol erde 1880 ýyla çenli işleýär. Mopassan

diňe giżeleri dörediżilik bilen meşgullanypdyr. Ol Sena derýasyny boýlap gaýykda gezýär we balykçylaryň agyr durmuşy bilen tanyşýar.

Mopassan örän ir, xeniz litseýde okap ýören wagytlarynda goşgydyr xekaýalar ýazyp başlaýar. Eżesi we ýazyży Flober onuň dörediżiligi bilen gyzyklanypdyrlar we ýol görkezip durupdyrlar. Soňra Mopassan işini taşlap bütinleý dörediżilige berilipdir.

Mopassan gysga ömrüniň içinde 16 sany xekaýalar ýygyndysyny, 6 sany roman we birnäçe makalalar ýazypdyr. Onuň dörediżiligini üç döwre bölmek bolar. Edebi dörediżiliginiň ilkinżi döwürlerinde (1863-1879) ol esasan, goşgylar we xekaýalar ýazypdyr. Bu ýyllar ýazyżynyň kämilleşen ýyllarydyr. Ol bir ýatlamasynda şeýle ýazýar: «Men edi ýyllap şygyrlar ýazdym, ertekiler ýazdym, nowellalar ýazdym xatda örän ýaman drama xem ýazdym» diýip belleýär Emma onuň bu eserleri çap edilmeýär.

«Pyşka» xekaýasy bilen Mopassanyň dörediżiliginiň ikinżi döwri başlanýar.

Mopassanyň dörediżiliginde nowella żanyry aýratyn orny eeleýär. Ol nowellalarynda paraxatçylyk, ynsanperwerlik ideýalaryny öňe sürýär, ynsanylyga ýat bolan basgynçylykly uruşlary garalaýar. Onuň köp nowelalary meselem, «Pyşka», «Fifi xanym», «Aklyndan azaşan gyz», «Duel`», «Iki dost», «Milon aga» we başgalar basybalyżylykly uruşlary paş etmäge bagyşlanandyr. Olarda nemets ofitserleriniň wagşylyklary görkezilen, ýönekeý frantsuzlaryň watançylyk duýgulary we göreşleri aýdyň açylyp berilen.

Mopassanyň «Durmuş» romanynda arassa göwünli, gözel, akylly Žanna atly gyzyň taryxy berilen. Žanna sada, XVIII asyr magaryfçylyk ideýalary esasynda terbielenen baron de Wonyň gyzy. Ol tebigata guwanýar. Şonuň üçin Žanna Russonyň «Tebigy ynsan» idealynyň birleşmesi ýaly görünýär. Ol xyýaly şirin söýgi, bagytly maşgala gurmak islegi bilen ýaşaýar. Durmuşdan aýrylan xalda monastyrda terbielenen, indii on edi ýaşyna giren Žanna Wo öýüne gaýdanynda ony bezelen otaglar garşy alýar. Daş-töwerek Onuň göz öňüne getirişi ýaly ýakymly we gözel. Žanna nätanyş, xatda adyny xem eşitmedik wikont Žýal`en de Lamar atly adama durmuşa çykýar. Tiz wagtyň içinde Žanna äriniň gödek, ýüzsiz, edepsiz adam ekenini bilýär we bagytly durmuş xakyndaky xyýallary derbi-dagyn bolýar.

Žýal`en de Lamaryň obrazynda çakkan, işbilermen, diňe öz peýdasy üçin iş edýän, gysganç we algyr burżuaz adamyny görýäris. Žannanyň bagytly ene bolmak xakyndaky arzuwlary amala aşmaýar. Ogly Polyň çagalyk döwri keselçilik bilen geçýär. Ulalandan soňra süýt berip bakan we terbielän enesini unutýar. Enesiniň äxli emlägini magşugyna sarplaýar. Žanna kesgin xereket etmek xäsietinden maxrum, passiw aýal bolupdyr. Ýazyży bu aýalyň obrazynda tötänleýin bir ýagdaýy dälde, eýsem, şol wagtlar üçin real wakyýalygy, ýagny dworýanlaryň mülklerinden aýrylyşyny we gadymy dworýan medenietiniň we durmuşynyň emrilişini tipik obrazda görkezipdir.

Žananyň obrazy xereketde berilen. Ilki ol etişen owadan gyz, soňynda bolsa, manysyz we aýlyganç durmuşy netiżesinde ir garran, keselbent we garry kempir keşbine giren, bagytsyz bir aýal sypatynda teswirlenipdir. Žanna seredende xyzmatkär aýal Rozali durmuş kynçylyklaryny başyndan geçiren, zäxmete bişen aýal. Ol oglyny Žanna ýaly erkeledip däd-de, eýsem edepli we meýnetkeş edip terbielemäge xereket edýär. Mundan daşary ol kesel Žannanyň agyryny eňil edýär. Oňa teselli berýär.

Mopassanyň demokratizmi xalkyň içinden çykan Rozaliniň obrazynda özüniň gowy beýanyny tapypdyr. Bu aýal Žannanyň näme üçin bagytsyzdygyna belli bir dereżede żogap berýär. «…Siz ýaman adama durmuşa çykdyňyz» diýip adamsynyň ýaramaz adamlygyny aýdýar.

Mopassanyň bu eseri burżuaz żemgyetini aýawsyz paş eden tankydy realizm edebiýatynyň ażaýyp nusgasydyr.

Soraglar we ýamuşlar.
1. Emil` Zolýanyň ömrüne degişli maglumat?
2.Emil` Zolýanyň frantsuz edebiýatynda realizm akymynyň ösmegine goşan goşandy?
3. «Rugon- Makkarlar» epopeýasynda näçe sany roman bar?
4. Rugon-Makkarlar nesliniň taryxy näxili başlanýar?
5. Epopeýanyň şol döwürlerdäki we xäzirki zaman gymmatyny düşündirip beriň.
6. Gi de Mopassanyň ömrüne degişli maglumatlar?
7. Mopassanyň nowellalary?
8. «Simonyň kakasy» nowellasynyň mazmuny we ideýasy?
9. Mopassanyň «Durmuş» romanynyň temasy we ideýasy?

## Mowzuk. Amerikan edebiýatynyň xäsietli aýratynlygy. Mark Tweniň we Žek Londonyň ömri we dörediżiligi.

Meýilnama

1. XIX asyryň axyryndaky we XX asyryň başyndaky amerikan edebiýaty.
2. Mark Tweniň ömri we dörediżiligi.
3. «Tom Soýeriň başyndan geçirenleri» romany.
4. Žek Londonyň ömri we dörediżiligi.
5. «Martin Iden» romany xakynda düşünże.

Daýanç düşünżeleri: Amerikan durmuşyna we żemgyetine degişli maglumat. Mark Tweniň dörediżilie ýoly. Taryxy romanlary. Žek Londonyň örediżiligi. Demirgazyk xekaýalary. Romanlary.

XIX asyryň ikinżi ýarymynda Amerikanyň sotsial durmuşynda uly özgerişler ýüze çykypdyr. 1861-1865 ýyllardaky grażdanlyk urşy netiżesinde Demirgazyk burżuaziýasy Gündogaryň guldarlyk żemgyetiniň üstünden eňiş

gazanýar we bütin ýartda öz xökümdarlygyny ornatýar. Şeýlelikde Amerika ştatlary kapitalistik ösüş ýoluna düşýär. 70-80 ýyllarda monapolistler birleşigi emele gelip, olar işçileri agyr eksplotatsiýa etmek netiżesinde uly peýda gazanýarlar. Kapitalizm özüniň ýokary we soňky basgançagy- imperializm döwrüne geçenden soň, onuň garşylyklary ene-de güýçlenip başlaýar. 1886 ýylda bolan işçiler gozgalaňy reximsizlik bilen basylyp ýatyrylýar. Amerikan burżuaziýasynyň militaristik syýasaty güçlenýär. Ol Ispaniýa bilen uruş alyp barýar. Puerto-Riko, Filippinleri özüne boýan egdirýär. Gysga wagytlyk ösüş we göterilişden soň ýardyň xożalyklarynda krizisler başlanýar, san-sażaksyz işçiler köçä çykarylyp taşlanýar. Ýartda bolup geçýän bu xadysalar onuň edebiýatyna xem täsir edipdir. XIX asyryň axyryndaky Amerikan realistik edebiýatynyň meşxur wekillerinden biri Mark Twendir.

Edebi taxallusy Mark Twen bolan Semýael` Lengxorn Klemens Amerika demokratik edebiýatynyň iri wekili, öz zamanasynyň burżuaz żemgyetiniň pyssy-pużurlyklaryny paş eden satirik we realist ýazyżydyr.

Semýael` Klemens 1835 ýylda Missuriýa ştatynda erleşen Florida diýilip atlandyrylýan kiçike şäxerde dogulýar. Semýaeliň kakasy ýarist bolupdyr. Gelżekki ýazyży xeniz ýaş wagtynda kakasy aradan çykypdyr. Şol sebäpli xem ol yzygider bilim alyp bilmändir we güzeranyny dolandyrmak üçin işlemäge meżbur bolupdyr. Klemens çapxanasyna işe girip, xarp ýygnaýży xünärini eeleýär. Ol ýigrimi ýaşyna etenden soň lotsmanlyk xünärini eeläp, Missisipi derýasynda gämide işleýär. Mark Twen taxallusyny xem şol döwürde alýar.(Mark Twen- iki deňiz aralygy-ýol gowy dien manylary aňladýar). Demirgazyk bilen Günortanyň arasyndaky grażdanlyk urşunyň netiżesinde Missisipi derýasynda gämileriň gatnawy togtaýar. Şondan soň Mark Twen Uzak Günbatara, Newada baryp, altyn yzlaýżylaryň arasynda gezýär. Emma onuň bu ymtylyşlary netiże bermänden soň ol żurnalistika bilen meşgullanyp başlaýar. Mark Twen çapxanada işläp ýören wagytlary makala, oçerk, fel`etonlar ýazyp başlapdyr. Ol 60- ýyllaryň ortasynda ýamoristik xekaýalaryň ussady xökmünde tanalyp başlaýar.

Mark Twen xekaýadyr oçerklerinde xalk döredižiliginde bar bolan ýamor, degişme, kinaýa ýaly żanrlardan ussatlyk bilen peýdalanýar. Ol şadyýan gülki arkaly ýönekeý adamlarda duş gelýän kemçilikleriň üstüni açmaga xereket edýär. Şunuň bilen birlikde ol nadan, ogry, ikiýüzlileri garalaýar we adamlary olaryň duzagyna düşmezlignni ündeýär.

Mark Tweniň döredižiliginiň ilkinżi miweleri bolan «Xytaýlynyň aýaly», «Gubernatorlyga meni näxili saýladylar» xekaýalarynda Amerikanyň galp demokratiýasyny paş edýär.

«Tom Soýeriň başyndan geçirenleri» Bu roman Mark Tweniň döredižiliginde täze döwrüň başlanandygyna şaýatlyk edýär. Ýazyży onda Amerika burżuaz żemgyetiniň wakalaryna däl-de, eýsem, geçmişe, özüniň ýaşlyk ýyllaryna, çagalaryň «arassa, poetik» dünýäsine ýüzlenýär. Şeýle bolsa-da Tom Soýer xakyndaky bu roman öz zamanasyndan gaçmak dien manyny aňlatmaýar. Tersine, bu eser Mark Tweniň realistik döredižiliginiň ösüşiniň belli bir

basgançagy xasaplanýar. Çagalaryň durmuşy xakyndaky bu kitaby ýaşlar xem, ulylar xem gyzyklanyp okaýar, sebäbi onda ynsanyň içki dünýäsi psixologik tarapdan esaslanan xalda real reňklerde berilen.

Romanyň gaxrymany Tom kiçiżek şäxerde meşçanlaryň içinde ýaşaýar. Daýzasynyň yzy üzülmeýän nesixatlary, mekdepde gury ýat tutdyrmakdan ybarat bolan köneçe okytmak usullary mçgysgynç bolany üçin ol okuwa gyzykmaýar, sapak wagtynda başga zatlary oýnap oturýar. Onuň şaxandazlygy we oýynçylygy şol wakalara özüçe närazylygydyr. Tomyň öýsiz oglan Gek Finnä xöwes bilen garamagy- meşçan däp-dessurlaryndan daşda erkinlige ymtylmak alamatlarydyr.

Romanda gülkili wakalar xakyky epizodlar bilen aralaş dowam edýär. Tom Gek bilen bile giże gabrystana baryp, xindi Žo tarapdan bir doktoryň öldürilişini görýär we soňra olar żenaýatçyny tapmakda degişli adamlara kömek edýärler.

«Tom Soýeriň başyndan geçirenleri» romanynyň terbieçilik äximieti gaty uly. Ol çagalary dostluk, adalat, işżeňlik ruxynda terbielemäge kömek edýär.

Eseriň özüne xas xäsietlerinden ene-de biri onda realizm (kiçike şäxerde ýaşaýan meşçanlaryň durmuşynyň teswiri) bilen romantizmiň (Tom we onuň dostlarynyň xyýaly romantik dünýäsi) bilelikde emele gelmegidir.

Mark Tweniň taryxy temadaky romanlarynyň biri «Şazada we gedaý» da orta asyr feodal döwrüniň wakalaryny beýan eden bolsa-da, emma öz zamanasynyň köp xäsietleriniň köküni şol uzak geçmişde görýär we oňa tankydy nazar bilen seredýär.Eserdäki wakalar XVI asyryň birinżi ýarymynda Angliýada bolup geçýär. (Şazada Eduard we gedaý Tom Kenti).

Mark Twen diri wagtynda antiimperialistik ruxda ýazylan köp eserlerine çap Edip bilmeýär. Onuň öz sözleri bilen aýdanda, Amerika burżuaz żemgyetinde söz erkinligi ýok. «Söz erkinligi diňe ölenlere berilen xukukdyr».

**Žek London.** Žek London XIX asyryň ikinżi ýarymy we XX asyryň başlarynda ýaşap geçen Amerika demokratik edebiýatynyň iri wekili, xalk köpçüliginiň öz xukuklary üçin göreşini beýan eden meşxur realist ýazyżydyr.

Žek London Kaliforniýa ştatynyň San-Frantsisko şäxerinde garyp fermeriň maşgalasynda dogulýar. Ol çagalyk döwürlerinden başlap durmuşyň äxli güzaplaryny öz gerdeninde çekýär, on ýaşyndan başlap köçede gazet satýar. Žek etginżeklik wagtyndan başlap konserwa zawodynda 12-14 sagatlap işleýär. Ol ustritsa balygyny gizlin awlamak bilen xem meşgullanýar. 1896 ýylda ýazyżylyk bilen meşgullanyp öz zexinini dürli żanrlarda synap görýär. Uniwersitete okuwa girip bir ýyl okaýar, maddy ýagdaýy okuwy taşlap gitmäge meżbur edýär. Şundan soň ol altyn käni tapylan Alýaska gidýär we ol erden uly durmuş teżribesi bilen gaýdyp gelýär. Ýaş Žek xer ädiminde burżuaz żemgyetiň döredýän aýlygançlyklarynyň nämelerden ybaratdygyny görýär.

Žek Londonyň dörediżiligi ine şeýle agyr ýagdaýlarda başlanýar. 1899 ýylda Amerikan żurnallarynda Demirgazyk durmuşyndan alynyp ýazylan

«Ýoldakylaryň şany üçin», «Ak dynçlyk», «Börižik», «Kyrk menzil aňyrda» we başgada xekaýalary peýda bolýar. «Atalaryň xudaýy» we «Sowugyň perzentleri» xekaýalar ýygyndysy ýazyža uly şöxrat getirýär.

1905-1910 ýyllar Žek Londonyň dörediziliginiň ýokarky basgyžy xasaplanýar. Bu döwürde ol «Demir daban» we «Martin Iden» romanlaryny ýazýar.

Žek London gysga ömründe örän öndümli işläpdir. Ol örän köp kyssa, xekaýa, oçerk, p`essa we romanlar ýazypdyr. Xekaýalarynyň köpçüligi uzak Demirgazykdaky agyr durmuşa bagyşlanypdyr. Ebedi sowuk we Ak dynçlyk ülkelerindäki agyr durmuş romantik gaxrymanlary teswirlemäge material bolup xyzmat edýär.

Ýazyžynyň «Durmuşa bolan söýgi» xekaýasynda ynsanyň ýaşaýşa bolan ymtylyşy görkezilýär. Eseriň gaxrymany uzak ýol basyp, aç galyp mydary gidýär. Emedekläp we bagry bilen süýşip öňe garşy xereket edýär. Onuň el-aýaklary gyzyl gan bolup gidýär. Onuň bilen ýanma-ýan aç möžek xem barýar. Olaryň biri ikinžisini iýip diri galmaga xerket edýär. Netižede adam äxli güýç we gaýratyny žemläp, ýanyna süýrenip gelip ony iýmäge xereket edýän möžegiň boýnundan dişläp, ganyny sorup žanlanýar. Şeýlelikde adam barmaly eri Ýakon portyna etip barýar. Netižede ynsan sowygy-da, açlygy-da, möžegi-de eňýär. Ýaşaýyş ölümden üstün çykýar. Ynsanyň ýaşaýyşa bolan söýgüsi eňiş gazanýar.

«Martin Iden» Bu romanda Žek London xalkyň içinden çykan zexinli ýazyžynyň buržuaz žemgyetindäki agyr ýagdaýyny we pažygaly durmuşyny görkezýär.

Eseriň gaxrymany xalk perzendi, akylly we fiziki tarapdan güýçli şaxs matros ýigit Martin Idendir. Ol ýazyžy bolmaga ymtylýar, agyr şertlerde kynçylyklary eňip, xekaýa we kyssa ýazyp başlaýar. Emma onuň ýazan eserleri üçin şol žemgyetiň gazet-žurnallarynda orun ýok, sebäbi onuň xalk bäxbidini beýan eden realistik eserleri xöküмdar gatlaga ýaramaýar.

Matros Martin baý Morzlaryň saraýyna tötänleýin barýar. Ol ilki bu saraýdaky zatlary görüp xaýran galýar. Esasan xem Morzyň gyzy Rufyň otagyndaky şkaflardan er alan kitaplary görüp, bu erde ýokary medeniet xöküm sürýär dien pikire gelýär. Ruf` xem uniwersiteti tamamlan, sungat we edebiýatdan xabarly, bilimli gyz ýaly bolup görünýär. Martin köp wagta çenli şeýle pikir bilen ýaşaýar. Xakykatdan bolsa Ruf` Morzlaryň maşgalasy medenietden uzakda, diňe baýlyga sygynýan tipik buržuaz maşgalalaryndan biridi. Bankir Morz uly baý, ol puly ýok garyplary nazar-pisent etmeýär. Ol Martin Idene meňzeş xalk içinden çykan adamlara zyýanly pikirler bilen syrkawlan ýoksul, diýip seredýär. Şol sebäpli xem ol Martiniň gelžekde gyzyna mynasyp ýoldaş bolmaz diýip oýlap, Rufy ondan daşyrak ýörmäge ündeýär. Morzyň aýaly xem edil şeýle zenan. Ol xem Martine gyzynyň näzik duýgularyna žogap berip bilmeýän gödek, terbiesiz, garyp ýigit diýip seredýär. Ol gyzynyň bu «eňiýoluk, nadan, matros, kowboý,

kontrabandaça…däl», eýsem gelżegi aýdyň baý adama durmuşa çykmagy xakynda oýlaýar.

Ruf` xem dünýägaraýşy tarapdan ene-atasyndan tapawutlanmaýar. Dogry bu gyz «bigäne» adamyň zexinini, gaýradyny ýakdyrsa-da, onuň özüne xas xäsietini düşünmeýär. Emma ony öz ruxynda, özüne we ata-enesine ýarar ýaly edip gaýta terbielemäge, oňa burżuaz-meşçan adatlaryny siňdirmäge xereket edýär. Gyz bu meýnetkeş, bilime öç oglanyň gelżegine ynanmaýar. Reaktsion metbugat Martini «sotsialist» diýip günäkärleýän wagtynda Rufyň ruxy garyp söýgüsiniň ýüzleýdigi mälim bolýar. Ol Martini goldamagyň oňa medet bolmagyň erine, tersine ol bilen gatnaşygy üzýär. Ruf` Martin bilen duşuşanda «Ene-atam xak ekeni, biz biri-birimize dogry gelmeýäris» diýýär.

Bankir Morzyň maşgalasynyň we şolara degişli beýleki adamlaryň asyl keşbi açylyp başlanýar. Olar tamakinçiler, sud`ýa Blount, söwdagar, ýarist we şular ýaly adamlardyr. Olar ilki garyp Martini kemsiden bolsalar, soňra onuň puldar, meşxur ýazyży bolup gidendigini görüp, indi oňa mekirlik bilen gowy gatnaşykda bolup başlaýarlar.

Rufda xem gyzlara maxsus kemterinlik we özüne göwnietiżilik duýgylary görünmeýär. Martiniň gaty çalt şöxrat gazanyp, baý adama öwrülendigini eşidip, ol bilen duşuşmaga xowlukýar, oňa durmuşa çykmaga razylygyny aýdýar. Ata-enesi we agasy xem ony Martin bilen ýakynlaşdyrmaga xereket edýärler. Indi Martin olara zyýan däl-de , eýsem, peýda getirip bilżek adama öwrüldi.

Eseriň baş gaxrymany Martin Iden zäxmetkeş xalkyň iň gowy xäsietlerini-işżeňlik, döredizilik, ynsanylyk ýaly xäsietleri özünde żemlän realistik obrazdyr. Ol eseriň başynda ýönekeý işçi sypatynda teswirlenýär. Ol köp kynçylyklary başyndan geçirip, okuwly adama öwrülýär, burżuaz metbugaty bilen göreşýär, meşxur ýazyży bolup etişýär. Egerde Martin Ruf` bilen durmuş guryp Morzlaryň maşgalasyna ýakynlaşanda, ol sreda onuň dörediżiligi bogan bolardy. Şol sebäpli xem Martin Rufa: «Säxel pursatda siz meniň dörediżiligimi we gelżegimi ýok edipdiňiz» diýip onuň ýüzeki xaýyş-islegini ret edýär.

Ýazyży xakyky söýgi, dostluk we ynsanperwerligi ýönekeý xalkda görýär. Köp çaganyň enesi garyp aýal Mariýa Sil`wa agyr ýagdaýa düşen Martine kömek edýär. Żo we Żimmi dagylar onuň xakyky dostlarydyr. Pukara işçiniň gyzy Lizzi Konolli xem öz edebi we sadalygy bilen baýyň gyzy Rufdan örän ýokary duryar. Ruf` Martiniň baýlygyna gyzsa, Lizzi onuň özüni söýýär. Onuň bilen deň bolmak üçin okap bilim alýar. Bu adamlaryň obrazynda adalatly żemgyet guryżylaryň esasy belgileri görünýär.

Żek London «Martin Iden-meniň özüm» diýip aýdýar. Romandaky köp wakalar ýazyżynyň terżimexalyna meňzese-de, emma «martin Iden» onuň xakyky terżimexaly däl. Ideniň obrazy-çeper döretme. Martin ýazyżynyň pikirlerini beýan eden realist obrazdyr.

«Martin Iden» we «Demir daban» ýazyżyny bütin dünýä tanadan ażaýyp eserlerdir.

Soraglar we ýamuşlar.

1. Mark Tweniň ömrüne degişli maglumatlar?
2. «Tom Soýeriň başyndan geçirenleri» romanynyň temasy we ideýasy?
3. Romanyň obrazlar sistemasy?
4. Mark Tweniň «Şazada we gedaý» romanyny okap gürrü4 bermeli.
5. Žek Londonyň ömrüne degişli maglumatlar?
6. «Demirgazyk xekaýalary» xakynda nämeler bilýäňiz?
7. «Martin Iden» romanynyň temasy we ideýasy?
8. «Martin Iden» romanynda obrazlar sistemasy?